**Ýo.A. Kepbanow**
**B.B. Ballyýew**

# TÜRKMENISTANDA TEBIGATY GORAMAK IŞLERINI DOLANDYRMAGYŇ GURLUŞY

**(Ekologiýa syýasaty, milli we halkara hukuk binýady, guramaçylyk ýollary)**

Jogapkär redaktorlar:
akademik, professor N.R.Körpeýew,
biologiýa ylymlarynyň kandidaty M.H. Durikow

**AŞGABAT – 2018 ý.**

UOK 504
T90
K 40

**Kepbanow Ýo.A., Ballyýew B.B.**
Türkmenistanda tebigaty goramak işlerini dolandyrmagyň gurluşy. Jogapkär redaktorlar: akademik, professor N.R.Körpeýew we biologiýa ylymlarynyň kandidaty M.H.Durikow. Aşgabat, 2018.

Bu kitap Türkmenistanda tebigaty goramak işlerini dolandyrmagyň gurluş meselelerine bagyşlanan. Kitapda ýurdumyzda tebigaty goramak işlerini üpjün edýän daşky gurşawy goramak babatda döwlet dolandyryş edaralarynyň ulgamyna seredilýär. Onda daşky gurşawy goramaklygy üpjün etmek boýunça çäreleri göz öňünde tutýan milli maksatnamalara we meýilnamalara, bu ugurdaky kanunçylyga, şeýle hem, Türkmenistanyň gatnaşýan ekologiýaunça halkara konwensiýalaryna we ylalaşyklaryna aýratyn orun berilýär.

Bu gollanma daşky gurşawy goramak we tebigatdan peýdalanmak baradaky döwlet edaralarynyň hünärmenleri, şeýle hem ýokary okuw jaýlarynyň mugallymlary we talyplary üçin niýetlenen.

TDKP № 278 KBK 20.1(2Tü)



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

## MAZMUNY

**GIRIŞ** .......... 9

**BIRINJI BAP. DAŞKY GURŞAWY GORAMAK BABATDA MILLI SYÝASAT WE HUKUK BINÝADY** .......... 12

1.1. Daşky gurşawy goramak babatda milli syýasat .......... 12

1.2. Daşky gurşawy goramak babatda Türkmenistanyň kanunçylygy we ony ösdürmegiň mümkinçilikleri .......... 19

**IKINJI BAP. TÜRKMENISTANYŇ EKOLOGIÝA BOÝUNÇA HALKARA YLALAŞYKLARY** .......... 62

**ÜÇÜNJI BAP. DAŞKY GURŞAWY GORAMAGYŇ INSTITUSIONAL BINÝADY** .......... 80

3.1. Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komitetiniň wezipeleri we gurluşy .......... 80

3.1.1. Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komitetiniň wezipeleri .......... 80

3.1.2. Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komitetiniň gurluşy .......... 99

3.2. Daşky gurşawy goramak babatda Türkmenistanyň beýleki döwlet dolandyryş edaralary .......... 109

**PEÝDALANYLAN ÇEŞMELER** .......... 118

**GOŞUNDYLAR** .......... 127

***1-nji goşundy***
Daşky gurşawy goramak babatda milli maksatnamalaryň we meýilnamalaryň sanawy (2018-nji ýylyň 1-nji ýanwar ýagdaýyna) .......... 127

***2-nji goşundy***
Daşky gurşawy goramak babatda Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň sanawy
*(2018-nji ýylyň 1-nji ýanwar ýagdaýyna hronologik tertipde)* .......... 131

***3-nji goşundy***
Tebigaty goramak boýunça aýratyn kanunlardan gelip çykýan kadalaşdyryjy namalaryň sanawy
*(2018-nji ýylyň 1-nji ýanwary ýagdaýyna)* .......... 143

***4-nji goşundy***
Türkmenistanyň ekologiýa boýunça halkara ylalaşyklarynyň (konwensiýalarynyň) sanawy
*(2018-nji ýylyň 1-nji ýanwary ýagdaýyna)* .......... 157

# GIRIŞ

Daşky gurşawy goramak, onuň baýlyklaryny köpeltmek we aýawly peýdalanmak, ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biridir hem-de ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň möhüm düzüjisi hökmünde garalýar. Şu maksat bilen ýurtda tebigaty goramak boýunça döwlet maksatnamalary we meýilnamalary yzygiderli ýerine ýetirilýär, kanunçylyk namalarynyň berk ulgamy işlenip taýýarlanyldy we hereket edýär, ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň daşky gurşawy goramak babatda alyp barýan işleri utgaşdyrylýar, bu ugurda halkara hyzmatdaşlyk alnyp barylýar.

Häzirki wagtda daşky gurşawy goramak babatda döwlet syýasaty adamyň ýaşaýşyny we saglygyny goramagyň esasy ugurlaryny üpjün etmeklige, daşky gurşawy gorap saklamaklyga we dikeltmeklige, durnukly ösüşi we amatly daşky gurşawy üpjün etmek maksady bilen jemgyýetiň ekologiýa, ykdysady we durmuş talaplarynyň sazlaşyklygyny gazanmaklyga gönükdirilendir. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow bu meseleleri anyklamak bilen «Türkmenistanyň döwlet ekologiýa syýasatynyň strategik maksady jemgyýetiň durnukly ösüşi üçin, ýaşaýşyň hilini ýokarlandyrmak, ilatyň saglygyny we demografik ýagdaýy gowulandyrmak, ýurduň ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek üçin jemgyýetiň we daşky tebigy gurşawyň ösüşini sazlaşdyrmakdan, tebigy ulgamlary gorap saklamakdan, olaryň bütewiligini we ýaşaýyş üpjün ediş wezipesini goldamakdan ybaratdyr» diýip kesgitledi.[1]

Daşky gurşawy goramak babatda döwlet syýasaty ilkinji nobatda bu ugurda kadalaşdyryjy-hukuk binýadynyň yzygiderli emele gelmeginiň hasabyna üstünlikli durmuşa geçirilip bilner. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Garaşsyzlyk ýyllarynda ekologiýa kanunçylygyny düýpli özgertmek boýunça möhüm

[1] Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşini döwlet kadalaşdyrylyşy. 1 том 1.-A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010 ý.

çäreleriň geçirilmegi tötänlikden däldir. Kanunçylygyň täzelenmegi täze syýasy, durmuş-ykdysady talaplary göz öňünde tutmak bilen, şeýle hem halkara ekologiýa hukugynyň kadalaryna laýyklykda ýerine ýetirildi we ýetirilýär.

Türkmenistanyň tebigaty goramak kanunçylygy daşky gurşawy hapalanmakdan goramaga, gaýtalanmajak özboluşly biologik dürlüligi we biosferany gorap saklamaklyga, ýurduň ýer, suw serişdelerini we beýleki tebigy baýlyklaryny rejeli peýdalanmaklyga gönükdirilendir.

Türkmenistanyň hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ulgamynyň üsti ýurduň daşky gurşawy goramak we durnukly ösüş babatda köp sanly halkara konwensiýalaryna we ylalaşyklaryna goşulmagy bilen baglylykda kabul eden halkara borçnamalary bilen doldurylýar.

Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň ýerine ýetiriji guramalary we beýleki halkara guramalar bilen hyzmatdaşlyk etmek boýunça uly tejribesi bardyr. Häzirki wagtda Bütindünýä ekologiýa gaznasynyň, BMG-niň Daşky gurşaw boýunça maksatnamasynyň, BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň, BMG-niň Senagat taýdan ösüş maksatnamasynyň, Azyk we oba hojalygy guramasynyň, Ýewropa bileleşiginiň, Ýaşyl klimat gaznasynyň, Uýgunlaşma gaznasynyň, Merkezi Aziýanyň Sebitleýin ekologiýa merkeziniň we başgalaryň gatnaşmaklarynda howanyň üýtgemeginiň öňüni almak, ozon gatlagyny gorap saklamak we ozon dargadyjy maddalary peýdalanmakdan aýyrmak, biodürlüligi gorap saklamak, ýer, suw, tokaý baýlyklaryny durnukly dolandyrmak hem-de ýerleriň zaýalanmagy we çölleşme bilen göreş alyp barmak meseleleri boýunça birnäçe taslamalar bilelikde ýerine ýetirilýär. Bu taslamalaryň möhüm düzüm bölegi halkara tejribesini göz öňünde tutup milli tebigaty goramak kanunçylygyny kämilleşdirmek meseleleridir.

Daşky gurşawy goramak we tebigatdan peýdalanmak babatda oňat ýola goýlan we netijeli hereket edýän döwlet dolandyryş edaralarynyň ulgamy bolmasa daşky gurşawy goramagyň, onuň ýagdaýyny hakykatdanam gowulandyrmagyň maksatlaryny gazanmak mümkin däldir. Bu guramalaryň işleriniň netijeliligi

kesgitli derejede olaryň gurluşyna, wezipeleriniň we ygtyýarlyklarynyň öz aralarynda aýdyň araçäklendirilmegine baglydyr.

Döwletiň tebigaty goramak wezipesini üpjün etmekde döwlet ekologiýa syýasatyny amala aşyrýan hem-de tebigaty goramak kanunçylygynyň ýerine ýetirilişine, ekologik ulgamlaryň goralyşyna we tebigy baýlyklaryň rejeli peýdalanyşyna gözegçiligi ýerine ýetirýän, ýörite ygtyýarlandyrylan döwlet edarasy bolan Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komitetine aýratyn orun berilýär.

Bu neşiriň esasy maksatlarynyň biri – daşky gurşawy goramak babatda milli hukuk binýadyna Türkmenistanyň gatnaşmagynda baglaşylan ekologiýa boýunça halkara ylalaşyklara laýyklygy nukdaýnazardan seljerme bermekden hem-de geljekde bu kadalaryň milli kanunçylykda ýerine ýetirilmegi boýunça teklipleri taýýarlamakdan ybaratdyr. Şu jähtden daşky gurşawy goramaklygy amala aşyrýan döwlet edaralarynyň, esasan hem, ilkinji nobatda Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komitetiniň tebigaty goramak boýunça alyp barýan işini we wezipelerini kesgitlemek möhümdir.

# BIRINJI BAP. DAŞKY GURŞAWY GORAMAK BABATDA MILLI SYÝASAT WE HUKUK BINÝADY

## 1.1. Daşky gurşawy goramak babatda milli syýasat

Türkmenistanda, islendik ösen döwletde bolşy ýaly, döwletiň we jemgyýetiň durnukly ösüşine gönükdirilen meýilnamalaýyn işler alnyp barylýar. Meýilnamalaýyn işler degişli sebitleri we ykdysadyýetiň pudaklaryny öz içine almak bilen ýer çäkleri we pudaklaýyn esasda alnyp barylýar, soňra olar bir bütewi meýilnama resminamasyna (milli strategiýalara, maksatnamalara, çaklamalara we ýurduň durmuş-ykdysady ösüş meýilnamalaryna) birikdirilýär. Aslynda, bu resminamalar döwlet ekologiýa syýasatyny meýilnamalaşdyrmagyň hem guraly bolup durýar. Milli strategiýalar daşky gurşawy we ilatyň saglygyny goramak babatda döwletiň we jemgyýetiň alyp barýan işleriniň umumy ugurlaryny, jogapkär hökümet guramalaryny, jemgyýetiň beýleki bölümleriniň (jemgyýetçilik birleşmeleriniň, ýerli öz-özüni dolandyryş guramalaryň we ýerli birleşikleriň) wezipelerini kesgitleýär.

Häzirki wagtda Türkmenistanda milli derejede kabul edilen ***Türkmenistany 2011-2030-njy ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy*** üstünlikli ýerine ýetirilýär. Onuň esasy maksady ýurduň ykdysadyýetiniň makroykdysady görkezijileriniň ýokary depginli ösüşini, ýurduň ösmegini gazanmakdan, ilatyň durmuş-aň-düşünjelilik derejesini dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesine ýetirmekden ybaratdyr. Bu Maksatnamada «Ekologiýa we daşky gurşaw» bölümi bolup, ol milli derejede ekologiýa meseleleri we olaryň çözgütlerini görkezýän daşky gurşawy goramak babatda esasy ugurlar kesgitlenendir. Ýagny, bölümde ösümlik we haýwanat dünýäsiniň seýrek we ýitmek howpy abanýan görnüşlerini goramak (biodürlüligi gorap saklamak); özboluşly tebigy ýadygärlikleri gorap saklamak; tokaýlaşdyrmak we tokaýlary dikeltmek; çölleşme hadysalarynyň öňüni almak we beýleki çäreler göz öňünde tutulan[2].

---

[2] Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2010 ý., №5, 865-nji madda.

Şeýle hem, milli derejede daşky gurşawy goramak boýunça anyk çäreleri göz öňünde tutýan, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 9-njy oktýabryndaky karary bilen tassyklanan ***Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2018-2024-njy ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy*** kabul edildi.

Daşky gurşawy goramak we tebigy baýlyklardan rejeli peýdalanmak meseleleri milli derejede meýilnamalary we maksatnamalary amala aşyrmagyň gurallary bolan ***ýer çäkleriniň (welaýatlaryň) we pudaklaryň durmuş-ykdysady ösüş meýilnamalarynyň we maksatnamalarynyň*** derejesinde hem kesgitlenilýär.

Ýer çäkleriniň derejesinde ähli bäş welaýaty 2012-2016-njy ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň meýilnamalary kabul edildi we ýerine ýetirildi.

Ykdysadyýetiň pudaklarynyň derejesinde meýilnamalaşdyrmak degişli ministrlikler we döwlet edaralary tarapyndan ýerine ýetirilýär. Olaryň pudaklaýyn meýilnamalaryna we maksatnamalaryna hem daşky gurşawy goramaklygyň we tebigy baýlyklardan rejeli peýdalanmaklygyň esasy ugurlary goşulýar. Mysal üçin, ***Türkmenistanyň oba hojalygyny 2018-2024-njy ýyllarda ösdürmegiň Maksatnamasynda*** meýilleşdirilen çäreleriň umumy sanynda daşky gurşawyň meselelerine, şol sanda daşky gurşawy goramak we senagat önümçiliginiň ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek, aýratyn goralýan tebigy ýerleriň ulgamyny ösdürmek we biodürlüligi gorap saklamak, Hazar deňziniň türkmen böleginiň daşky gurşawyny goramak, Howanyň üýtgemegi boýunça Türkmenistanyň milli strategiýasyny, Milli tokaý maksatnamasyny ýerine ýetirmek, Türkmenistanyň halkara ekologiýa hyzmatdaşlygyny amala aşyrmak, tebigaty goramak babatda ylmy-barlag we amaly işler baradaky meselelere aýratyn orun berilýär.

2008-nji ýylyň 6-njy martynda tassyklanan ***Saglygy goraýyş edaralarynda saglygy goraýş galyndylaryny howpsuzlandyrmak we***

***ýok etmek boýunça Milli maksatnamada*** ilatyň saglygyny we daşky gurşawy goramak meselesine esasy wezipe hökmünde garalýar.

Daşky gurşawy goramak we tebigatdan rejeli peýdalanmak baradaky käbir aýratyn meseleler beýleki pudaklaýyn meýilnamalara we maksatnamalara hem girizilýär.

Şeýle hem, daşky gurşawy goramagyň esasy ugurlary ýörite maksatnamalarda we meýilnamalarda öz beýanyny tapýar. Bu ugurda iň oňat tejribe hökmünde Türkmenistanyň Prezidentiniň 2002-nji ýylyň 2-nji dekabryndaky karary bilen tassyklanan ***Daşky gurşawy goramak boýunça hereketleriň Milli meýilnamasyny görkezmek*** bolar[3]. Milli Meýilnama 2010-njy ýyla çenli niýetlenip üstünlikli ýerine ýetirildi. Daşky gurşawy goramak boýunça hereketleriň Milli meýilnamasy ministrlikleriň we döwlet edaralarynyň, ýurduň tebigaty goramak guramalarynyň we edaralarynyň, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň, ekologiýa boýunça jemgyýetçilik

birleşmeleriniň, alymlaryň, jemgyýetiň ähli gatlaklarynyň wekilleriniň pikirlerini göz öňünde tutmak bilen taýýarlanyldy.

Bu Milli meýilnama Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynyň aýrylmaz bölegi bolmak bilen köpsanly ekologiýa meselelerini çözmekligi, şol sanda, ýurtda ekologiýa ýagdaýy gowulandyrmak, onuň erbetleşmeginiň öňüni almak we tebigy gurşawyň durnuklylygyny gazanmak; daşky gurşawyň ilatyň saglygyna zyýanly täsirlerini azaltmak; tebigaty goramak we dolandyrmak işlerini kämilleşdirmek we tebigy baýlyklardan rejeli peýdalanmak; milli we dünýä derejesinde ekologiýa meseleleri çözmek üçin Türkmenistanyň halkara hyzmatdaşlygyna işjeň gatnaşmaklygyny göz öňünde tutdy.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň Prezidentiniň 2012-nji ýylyň 15-nji iýunyndaky karary bilen milli derejede ***Howanyň üýtgemegi boýunça Türkmenistanyň Milli strategiýasy*** kabul edildi we ýerine

[3] Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2002 ý., № 12, 589-njy madda.

ýetirilýär[4]. Milli strategiýa Türkmenistanyň howanyň üýtgemegine ýokary derejede duýgur bolmagy sebäpli howanyň üýtgemeginiň gutulgysyz täsirleri bilen baglylykda zyýanly täsirleriň netijelerini azaltmaga hem-de daşky gurşawyň we ilatyň saglygynyň gowulanmagyna, ykdysadyýetiň ösmegine ýardam berjek uzakmöhletleýin zerur hereketleri öňünden meýilleşdirýär. Bu tebigy baýlyklardan durnukly peýdalanmaklyga, daşky gurşawy we ekoulgamlary goramaklyga, dikeltmeklige, zyňyndy gazlaryň möçberini azaltmaklyga we howanyň üýtgemegine ýurduň jogap çärelerini görmäge mümkinçiliklerini gowulandyrmaklyga bolan çemeleşmelerde öz beýanyny tapýar. Resminamada howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak üçin esasy pudaklar, şol sanda ilatyň saglygy, oba we suw hojalygy, Hazar deňziniň kenarýaka zolagy, tebigy ekoulgamlar: ösümlik we haýwanat dünýäsi, tokaýlar, toprak we ýer serişdeleri kesgitlenendir. Mysal üçin, suw serişdeleriniň ýetmezçiliginiň güýçlenmegi bilen baglylykda Milli strategiýa suw serişdelerini dolandyrmak barada kanunçylyk we kadalaşdyryjy binýadyny mundan beýläk hem berkitmek, suwaryş ulgamlaryny döwrebaplaşdyrmak arkaly olaryň önümliligini ýokarlandyrmak boýunça çäreleri göz öňünde tutýar. Suw serişdelerini dolandyrmaklygy kämilleşdirmek, suwaryşyň, suwy süýjetmegiň häzirkizaman usullaryny ornaşdyrmak, täze suw howdanlaryny gurmak we gidrotehniki desgalaryň durkuny täzelemek, suwdan rejeli peýdalanmak üçin

höweslendirme usullaryny ösdürmek, «Altyn asyr» Türkmen kölüniň gurluşygyny dowam etmek, serhetüsti suw serişdelerini gorap saklamakda we peýdalanmakda halkara hyzmatdaşlygy berkitmek - howanyň üýtgemegine suw hojalygynyň uýgunlaşmagy üçin ilkinji wezipeleri hasaplanýar.

Howanyň üýtgemegine toprak we ýer serişdeleri çygrynda uýgunlaşmak üçin toprak we ýer serişdelerini jikme-jik tükellemek; topragyň şorlaşmagy, öri meýdanlarynyň zaýalanmagy we çölleşme

---

[4] Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2012 ý., № 6, 1984-nji madda.

hadysalary bilen göreşmek; topragyň önümli gatlagynyň bozulmagyna getirýän inženerlik desgalaryň gurluşygyna gözegçilik etmek; peýdalanylýan ýerleriň melioratiw ýagdaýyny gowulandyrmak; ekerançylygyň medeniýetini ýokarlandyrmak boýunça çäreleri geçirmeklik göz öňünde tutulýar.

Daşky gurşawy goramak meseleleri tebigaty goramak ministrlikleriniň we döwlet edaralarynyň alyp barýan işleriniň möhüm düzüm bölegidir. Şunuň bilen baglylykda olaryň meýilnama resminamalarynda (maksatnamalarynda, meýilnamalarynda, strategiýalarynda) daşky gurşawy goramak we tebigatdan peýdalanmak boýunça anyk çäreler meýilleşdirilýär. Bu maksatnamalar howanyň üýtgemegine durnukly ykdysadyýeti döretmäge ýardam edýärler. Merkezi döwlet dolandyryş edaralarynyň arasynda öz jogapkärçiliginde köpsanly tebigaty goramak boýunça meýilnamalary we maksatnamalary bar bolan Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komitetiniň aýratyn orny bardyr.

Häzirki wagtda Milli strategiýany amala aşyrmagyň çäklerinde Türkmenistanda howanyň üýtgemegi bilen bagly birnäçe milli we sebitleýin taslamalar ýerine ýetirilýär. Mysal üçin, Döwlet komiteti BMG-niň Ösüş maksatnamasy we Bütindünýä ekologiýa gaznasy bilen «Türkmenistanyň gurak sebitlerinde oba hojalygy bilen meşgullanýan ilatyň howanyň täsiri bilen bagly durmuş-ykdysady ýagdaýlarynyň durnuklylygyny üpjün etmek» taslamasyny ýerine ýetirýär. Bütindünýä banky, Merkezi Aziýanyň Sebitleýin ekologiýa merkezi we Araly halas etmegiň halkara gaznasynyň Ýerine ýetirijikomiteti tarapyndan «Aral deňziniň ýakasynda howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak we onuň täsirini azaltmak maksatnamasy» atly sebitleýin raslama ýerine ýetirilýär.

***Türkmenistanyň biodürlüligi gorap saklamak boýunça strategiýasy we hereketleriň meýilnamasy (2002 ý.)*** Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň daşky gurşaw boýunça konwensiýalaryndan we maksatnamalaryndan gelip çykýan borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça Döwlet topary tarapyndan makullandy. Häzirki wagtda biodürlüligi gorap saklamak boýunça strategiýa we hereketleriň meýilnamasy

taýýarlanyldy. Biodürlüligi gorap saklamak boýunça Milli strategiýanyň maksady biodürlüligiň ýitgileriniň öňüni almak we ekoulgamlaryň durnuklylygyny üpjün etmek üçin gyssagly çäreleri geçirmekden ybaratdyr.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 11-nji ýanwaryndaky karary bilen tassyklanan ***Türkmenistanyň Milli tokaý maksatnamasy*** tokaýlary goramak, olary rejeli peýdalanmak we dikeltmek meselelerini öz içine alýar[5]. Ol şäherleriň şäherçeleriň we beýleki ilatly nokatlaryň töwereklerinde onlarça million bag nahallaryny ekmek boýunça has uly maksatnamanyň bir bölegidir.

Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň daşky gurşaw boýunça konwensiýalaryndan we maksatnamalaryndan gelip çykýan borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça Döwlet topary tarapyndan 2007-nji ýylyň 15-nji martynda makullanan ***Ozon dargadyjy maddalary dolanşykdan çykarmak boýunça Milli maksatnama*** ozon dargadyjy maddalary yzygiderli dolanşykdan çykarmaklygy we Ýer togalagynyň ozon gatlagyny goramak boýunça çäreleri göz öňünde tutýar.

Mundan başga-da, Türkmenistanyň «Aýratyn goralýan tebigy ýerler hakynda» kanunyna (2012 ý.) laýyklykda ***Aýratyn goralýan tebigy ýerleri ösdürmegiň Maksatnamasyny*** taýýarlamaklyk göz öňünde tutulýar[6].

Ministrlikleriň we döwlet edaralarynyň köpsanly topary Türkmenistanyň Prezidentiniň 2001-nji ýylyň 21-nji awgustyndaky karary bilen tassyklanan ***Türkmenistanyň nebit dökülmeleriniň öňüni almak we ýoketmek boýunça Milli maksatnamasynda,***[7] Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň 26-njy fewralyndaky karary bilen tassyklanan ***Türkmenistanyň Milli Hazar hereketleriniň meýilnamasynda*** Hazar deňziniň deňiz gurşawyny hapalanmakdan goramak we onuň akwatoriýasynda biodürlüligi

---

[5] Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2013 ý., № 1, 2377-nji madda.

[6] Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary, 2012 ý., №1, 37-nji madda.

[7] Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2001 ý., № 8, 406-njy madda.

gorap saklamak babatda göz öňünde tutulan çäreleriň ýerine ýetirilmegine jogapkärçilik çekýärler.

Taslamalaryň hatarynda esasylaryň biri-de ***«Altyn asyr» Türkmen kölüniň*** taslamasydyr. Ol suwarymly ýerlerden zeý we şorlaşan suwlaryň bu köle akdyrylmagy üçin guralan ulgamdyr. Çölüň jümmüşinde kölüň gurulmagynyň esasy maksady sebitde ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmekden, suw serişdelerini gorap saklamakdan we rejeli peýdalanmakdan ybaratdyr. Türkmen kölüniň gurluşygy üç tapgyra bölünýär hem-de örän wajyp ykdysady we durmuş meseleleriniň toplumynyň çözülmegine gönükdirilendir. Her ýylda bu köle duzly zeýkeş suwlaryň millardlarça kubometri akdyrylar, bu bolsa ähli sebitlerde suwarymly ýerleriň melioratiw ýagdaýyny düýpli gowulandyrmaga, topragyň şorlaşmagy, batgalaşmagy we gurakçylyk bilen bagly meseleleri çözmäge ýardam eder. Şeýlelikde, ýurtda suwyň ätiýaçlyk gory döredilip, tebigy süzülmegiň we häzirkizaman tehnologiýalary peýdalanmagyň kömegi bilen ony oba hojalyk toplumynyň zerurlyklary – suw serişdelerini rejeli peýdalanmak, zeý suwlaryny ekin meýdanlardan çykarmak, täze ýerleri özleşdirmek, öri meýdanlaryny giňeltmek, şeýle hem, tokaý zolaklaryny suwarmak, tehniki zerurlyklar üçin peýdalanmak bolar.

2011-nji ýylda herekete giren ***Howpsuz agyz suwy maksatnamasy*** şäherleri we ilatly nokatlary suw bilen üpjün etmeklige gönükdirilendir.

Ekologiýa babatdaky strategiýalar, maksatnamalar we meýilnamalar daşky gurşawy goramaklygy we tebigy baýlyklardan durnukly peýdalanmaklygy sazlaşdyrýan halkara ekologik düzgünnamalara daýanýarlar. Bu resminamalar daşky gurşawy goramak babatda diňe gysga-, orta- ýa-da uzakmöhletleýin meýilleşdirilýän anyk ugurlar we amaly çäreler bilen çäklenmän, eýsem işläp taýýarlamak we kabul etmek üçin kadalaşdyryjy hukuk namalaryň toplumyny hem öz içine alýarlar. Mysal üçin, Howanyň üýtgemegi boýunça Türkmenistanyň Milli strategiýasy (2012 ý.) BMG-niň Howanyň üýtgemegi boýunça çarçuwaly konwensiýasynyň (1992 ý.) düzgünnamasyna laýyklykda taýýarlanyldy. Ol kadalaşdyryjy hukuk namalaryň tutuş toplumyny

kabul etmekligi göz öňünde tutýar. Türkmenistanyň Milli tokaý maksatnamasynda (2013 ý.) hem bu düzgünden ugur alnyp, Milli maksatnama Biologik dürlülik baradaky konwensiýanyň düzgünnamasyna laýyklykda bu ugurda kadalaşdyryjy hukuk namalary kabul etmekligi göz öňünde tutýar.

Şeýlelikde, Türkmenistanda milli, ýerli we pudak derejesinde durmuş-ykdysady ösüş boýunça köpsanly strategiýalar, maksatnamalar we meýilnamalar işlenip taýýarlanyldy we ýerine ýetirilýär. Bu resminamalarda daşky gurşawy goramak we tebigy baýlyklardan rejeli peýdalanmak babatda esasy ugurlar göz öňünde tutulan. Şeýle hem, ýurtda daşky gurşawy goramak babatda ýörite strategiýalar we maksatnamalar kabul edilýär we ýerine ýetirilýär (olaryň sanawy 1-nji goşundyda berilýär). Olar daşky gurşawy goramak babatda ekologiýa meseleleri açyk görkeýän hem-de döwlet derejesinde halkara-hukuk ýörelgeleriniň amala aşyrylyşyny göz öňünde tutýan milli ugurlary kesgitlemege ýardam edýärler. Bu ýagdaý ýurduň ekologiýa boýunça strategiýalarynyň, maksatnamalarynyň we meýilnamalarynyň halkara ýörelgelere daýanýandygyny we halkara ylalaşyk-
lara we konwensiýalara laýyklykda kadalaşdyryjy-hukuk binýadynyň emele gelýändigini bellemäge mümkinçilik berýär.

Şonuň bilen birlikde-de ministrlikleriň we pudak edaralarynyň derejesinde degişli meýilnamalaýyn resminamalary taýýarlamak we ýerine ýetirmek tejribesini kämilleşdirmegiň, pudaklarda ekologiýanyň talaplaryny güýçlendirmegiň, pudaklar derejesinde daşky gurşawy goramak wee tebigy
baýlyklardan durnukly peýdalanmak boýunça çäreleriň giňeldilmeginiň zerurdygyny bellemek gerek.

## 1.2. Daşky gurşawy goramak babatda Türkmenistanyň kanunçylygy we ony ösdürmegiň mümkinçilikleri

Türkmenistanyň Garaşsyzlyk ýyllarynda ekologiýa kanunçylygyny düýpli özgertmek we täzelemek ugrunda uly işler alnyp baryldy. Kanunçylygyň täzelenmegi täze syýasy, durmuş-

ykdysady talaplary göz öňünde tutmak bilen, şeýle hem halkara ekologiýa hukugynyň kadalaryna laýyklykda ýerine ýetirildi.

Häzirki wagtda daşky gurşawy goramak babatda döwlet syýasaty adamyň ýaşaýşyny we saglygyny goramagyň esasy ugurlaryny üpjün etmeklige, daşky gurşawy gorap saklamaklyga we dikeltmeklige, durnukly ösüşi we amatly daşky gurşawy üpjün etmek maksady bilen jemgyýetiň ekologiýa, ykdysady we durmuş talaplarynyň sazlaşyklygyny gazanmaklyga gönükdirilendir.

Ekologiýa kanunçylygynyň emele gelmeginde we ösmeginde 1992-nji ýylyň 18-nji maýynda kabul edilen Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň, hem-de onuň 2016-njy ýylyň 14-nji sentýabrynda rejelenen görnüşiniň kabul edilmeginiň uly ähmiýeti bardyr. Ol häzirki döwrüň ekologik meselelerini kadalaşdyryjy hukuk namalarynda aýdyňlaşdyrmak ýoly bilen çözmek üçin hukuk esaslaryny döredýär. Ol ekologiki görkezmeleri has-da güýçlendirmek bilen daşky gurşawy goramak baradaky kanunçylygyň ösmegine özüniň binýatlyk täsirini ýokarlandyrýar. Baş kanun döwletiň daşky gurşawyň goralyp saklanmagyna bolan jogapkärçiligini berkidýär (15-nji madda), ýurduň çäklerinde alnyp barylýan hojalyk işleriniň tebigata, onuň obýektlerine zyýan ýetirmeli däldigini aňladýar.

Baş Kanunyň esasy üstünligi ýere hususy eýeçilik hukugynyň berkidilmegidir (12-nji madda).

Tebigy baýlyklara eýeçilik hukuklary barada hukuk kadalary 1993-nji ýylyň 1-nji oktýabrynda kabul edilen Türkmenistanyň "Eýeçilik hakynda" kanunynda, soňra bu kanunyň 2015-nji ýylyň 21-nji noýabrynda kabul edilen täze rejelenen görnüşinde berkidilendir. Bu kanuna laýyklykda eýeçilige ýer, onuň baýlyklary, suw serişdeleri, tokaý gorlary, ösümlik we haýwanat dünýäsi degişli bolup biler (5-nji madda).

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň ösmeginde 1991-nji ýyldan 2006-njy ýyla çenli ýurtda umuman 30-dan gowurak kanunlar kadalaşdyryjy namalar kabul edilip, Türkmenistanyň ekologiýa kanunçylygynyň emele gelmeginiň birinji döwri boldy. Bu döwürde: «Tebigaty goramak hakynda» (12.11.1991 ý.), «Aýratyn goralýan döwlet tebigy ýerler hakynda» (19.05.1992 ý.), «Ýerasty

baýlyklar hakynda» (14.12.1992 ý.), «Ösümlik dünýäsini goramak we rejeli peýdalanmak hakynda» (28.12.1993 ý.), «Döwlet ekologiýa seljermesi hakynda» (15.06.1995 ý.), «Uglewodorod serişdeleri hakynda» (30.12.1996 ý.), «Haýwanat dünýäsini goramak we rejeli peýdalanmak hakynda» (12.06.1997 ý.), «Atmosfera howasyny goramak hakynda» (20.12.1996 ý.), «Aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmek hakynda» (15.09.1998 ý.), «Gidrometeorologiýa işi hakynda» (15.09.1999 ý.) kanunlar, şeýle hem Tokaý kodeksi (12.04.1993 ý.), «Ýer hakynda» kodeks (25.10.2004 ý.) и «Suw hakynda» kodeks (25.10.2004 ý.) kabul edildi.

1991-nji ýylyň 12-nji noýabrynda kabul edilen Türkmenistanyň «Tebigaty goramak hakynda» kanuny ekologiýa boýunça ilkinji kanundyr[8]. Onuň taýýarlanylmagy daşky gurşawy goramak we tebigatdan peýdalanmak babatda bütewi kanunçylyk ulgamyny ösdürmek üçin hukuk esasyny döretmäge, kanun taýýarlamakda tebigy serişdelerden tebigaty goramaklyk, ekologiki ýörelgelere geçmeklige ilkinji çemeleşmeler boldy.

Bu kanunda tebigaty goramagyň esasy ýörelgeleri, tebigy gurşawyň goramaga degişli desgalary, şeýle hem ekologik hukuk düzgünleriniň emele gelmegine we berkidilmegine, tebigaty, raýatlaryň ýaşaýşyny we saglygyny goramaklygyň bähbitlerini goramaga ýardam etjek guramaçylyk, hukuk, ykdysady we terbiýeleýji häsiýetli çäreler kesgitlendi.

Ekologiýa kanunçylygynyň ikinji döwri 2007-nji ýyldan başlanýar we häzirki wagtda dowam edýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň daşky gurşawy goramak we tebigatdan peýdalanmak babatda kanunçylygy üýtgetmek boýunça çäreleri göz öňünde tutýan 2007-nji ýylyň 28-nji noýabryndaky 9234

belgili «Türkmenistanyň kanunçylygyny mundan beýläk kämilleşdirmek boýunça çäreler hakynda» karary bu işlere başlangyç berdi[9].

---

[8] TSSR-ň Ýokary Sowetiniň maglumatlary, 1991 ý., № 16, 174-nji madda.

[9] Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2007 ý., № 11, 251-nji madda.

Türkmenistanyň Konstiusiýasynyň (1992 ý.) täzelenip 2008-nji ýylyň 26-njy sentýabrynda rejelenen Konstitusion kanun görnüşinde kabul edilmegi ekologiýa kanunçylygyny üýtgetmekligiň ilkinji ädimi boldy. Esasy kanun ekologiýa kadalaryny has güýçlendirdi we ilkinji nobatda adamyň saglygyny goramaklyga aýratyn ünsi çekdi, bu bolsa onuň düzgünnamalarynyň ekologiýa

kanunçylygyna düýpli täsirini ýokarlandyrdy. Konstitusiýanyň her bir adamyň amatly daşky gurşawa bolan hukugy hakynda kadasy esasy ünsi adamyň saglygyny, abadançylygy we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek bilen bagly durmuş maksatlara gönükdirdi.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 2016-njy ýylyň 14-nji sentýabrynda kabul edilen täze rejelenen görnüşi her bir adamyň jany we saglygy üçin amatly daşky gurşawa hukugyny ösdürmek bilen, onuň ýagdaýy barada hakyky maglumaty almaga mümkinçilikleri hakynda kadalary göz öňünde tutýar (53-nji madda). Şol sebäpli adamyň Baş kanunda bellenen ekologiýa hukuklarynyň ýerine ýetirilmegi onuň ekologiýa barada maglumatlara, daşky gurşawyň ýagdaýyna täsir edýän kararlary taýýarlamaklyga we kabul etmeklige gatnaşmaklyga bolan hukugynyň kanuny taýdan üpjün edilmegine ýardam eder.

Konstitusiýa esaslanyp tebigaty goramak we tebigatdan peýdalanmak babatda ýurtda ilkinji gezek: «Radiasiýa howpsuzlygy hakynda» (15.08.2009 ý.), «Ozon gatlagyny goramak hakynda» (15.08.2009 ý.), «Agyz suwy hakynda» (25.09.2010 ý.), «Himiýa howpsuzlygy hakynda» (21.03.2011 ý.) «Balyk tutmak we suwuň biologik serişdeleri gorap saklamak hakynda» (21.05.2011 ý.), «Galyndylar hakynda» (23.05.2015 ý.) «Öri meýdanlar hakynda» (18.08.2015 ý.), «Ösümlikleri goramak hakynda» (18.06.2016 ý.), «Medeni ösümlikleriň genetiki gorlaryny ýygnamak, saklamak we rejeli peýdalanmak hakynda» (04.02.2017 ý.) kanunlar kabul edildi. Öňki hereket edýän kanunlaryň deregine täzelenen: «Uglewodorod serişdeleri hakynda» (18.08.2008 ý.), «Aýratyn goralýan tebigy ýerler hakynda» (31.05.2012 ý.), «Ösümlik dünýäsi hakynda» (04.08.2012 ý.), «Haýwanat dünýäsi hakynda» (02.03.2013 ý.), «Tebigaty goramak hakynda» (01.03.2014 ý.), «Ekologiýa

seljermesi hakynda» (16.08.2014 ý.), «Atmosfera howasyny goramak hakynda» (26.03.2016 ý.), kanunlar, şeýle hem Tokaý kodeksi (2011ý.) we Türkmenistanyň Suw kodeksi (15.10.2016 ý.) kabul edildi. Ekologiýa kanunçylygyny üýtgedip gurmak işleri häzirki wagtda hem dowam etdirilýär.

Şeýlelikde, geçen ýyllarda daşky gurşawy goramak we tebigatdan rejeli peýdalanmak babatda kadalaşdyryjy hukuk namalary taýýarlamak boýunça uly işler ýerine ýetirildi. Kanunçylykda geçirilen üýtgetmeler ýurtda ekologiýa bilen bagly işleri hukuk taýdan sazlaşdyrmagyň köp meselelerine täsirini ýetirdi, düýpgöter täze hukuk guramalary girizdi. Tebigy baýlyklara eýeçiligiň köpgörnüşliliginiň ykrar edilmeginiň, aýratyn hem ýere, Türkmenistanda bazar ykdysadyýetiniň ösmegi üçin mümkinçilikleri döretmekde uly ähmiýeti bardyr.

Mukdar taýdan kanunçylyk namalaryň sany artdy, ýaryndan gowragy täzelendi, milli kanunçylykda öň meňzeş bolmadyk, düýbünden täze kanunlar emele geldi. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň umumy toplumynda köpsanly tebigy desgalary we daşky gurşawyň düzüm böleklerini hukuk taýdan sazlaşdyrýan kanunlaryň sany ep-esli artdy. 2018-nji ýylyň 1-nji ýanwary ýagdaýyna Türkmenistanda daşky gurşawy goramak we tebigatdan peýdalanmak babatda 25 sany kanun kabul edildi we hereket edýär. Mundan başga-da ol ýa-da beýleki derejede tebigaty goramak çygryna degişli bolan aýratyn kanunlar hem bar (2-nji goşundy).

Kanunçylygy ýuwaş-ýuwaşdan ekologiýalaşdyrmak, ekologik gatnaşyklary köpsanly raýatlyk, administratiw, jenaýat kanunçylygynyň kadalary, senagatda, gurluşykda, energetikada we ykdysadyýetiň beýleki pudaklarynda hereket edýän kanunçylyk bilen sazlaşdyrmak arkaly kanunçylykda ekoulgamlaýyn ýörelgeleri berkitmek işleri alnyp barylýar. Gürrüň hukugyň dürli pudaklarynyň kanunçylyk namalaryna ekologik kadalary girizmek barada barýar. Ykdysadyýet ilatyň zerurlyklaryny we kanuny isleglerini kanagatlandyrmaly, emma onuň ösüşi daşky gurşawy goramak babatda ekologiýanyň mümkinçilikleriniň we talaplarynyň çäklerinde bolup geçmelidir. Daşky gurşawa täsir etmeklige hukuk taýdan rugsat beriýär, emma ol kadalaşdyryjy namalar we

ekologiýanyň beýleki hökmany talaplary bilen kesgitlenen belli bir çäklerde bolup biler. Daşky gurşawyň talaplaryna laýyklykda kanunçylygy ekologiýalaşdyrmak hojalyk we beýleki işleri ekologiýanyň kadalarynyň we talaplarynyň ýerine ýetirilmegi bilen alyp barmagy göz öňünde tutýar.

Daşky gurşawy goramak we tebigatdan peýdalanmak babatda Türkmenistanyň kanunçylygyna berlen seljerme onuň ol ýa-da beýleki tebigy serişdeleri peýdalanmakda we goramakda olaryň aýratynlygyny göz öňünde tutup belli bir derejede differensirlenen çemeleşmäni üpjün edýändigini görkezýär.

Tebigatdan peýdalanmak ulgamyna raýatlyk-hukuk gatnaşyklarynyň girizilmegi Türkmenistanyň täzelenen ekologiýa kanunçylygynyň wajyp bölegidir. Gysgamöhletleýin we ortamöhletleýin geljekde ýurduň ykdysady we durmuş taýdan ösmeginiň esasy çeşmesiniň mineral-çig mal we beýleki tebigy baýlyklaryň bolup galjakdygyny nazara alyp, tebigy baýlyklary hasaba almak we ykdysady baha bermek ulgamyny, şeýle hem tebigy baýlyklardan peýdalanmak üçin töleg ulgamyny düýpli üýtgetmek zerurdyr. Tebigy baýlyklardan peýdalanmaklygyň häsiýetlerinde hem düýpli üýtgetmeler geçirilmelidir. Täze ekologiýa kanunçylygy bu wezipeleri çözmek üçin hukuk binýadyny emele getirýär.

Tebigy baýlyklardan peýdalanmak üçin tölegiň esasy wezipesi – olaryň netijeli peýdalanylmagyny, aýap saklanylmagyny höweslendirmekdir. Bu tölegler tebigy baýlyklaryň zaýalanmagynyň öňüni almak, olary toplumlaýyn peýdalanmaklygy höweslendirmek, durnukly peýdalanmak, olary gaýtadan dikeltmek üçin möhüm ähmiýetli guraldyr. Tebigatdan peýdalanmak üçin tölegleriň we olary dogry paýlamagyň sazlaşykly mehanizmi esasynda degişli býujetleriň girdejileriniň ýokarlanmagyny, şeýle hem daşky tebigy gurşawy goramaklygy we dikeltmegi, umuman ýurduň tebigy baýlyklar mümkinçiliklerini gorap saklamaklygy üpjün etmek bolar.

Raýatlaryň we jemgyýetçilik birleşmeleriniň ekologiýa meselelerini çözmeklige gatnaşmak, ekologik hukuklaryny berkitmek, şol sanda ekologiýa boýunça maglumatlaryň, ekologik hukuklaryny goramak boýunça adyl kazyýetiň elýeterlik

ýörelgeleriniň girizilmegi daşky gurşawy goramak babatda kanunçylygyň möhüm düzüm bölegidir.

Türkmenistanyň täze ekologiýa kanunçylygynyň umumy wajyp üýtgemeleri barada aýdylanda her bir aýratyn kanunyň aýratynlyklaryny we ol ýa-da beýleki tebigy desgany hukuk taýdan dolandyrmakda ähmiýetini, olary goramaklyga we peýdalanmaklyga bildirýän talaplaryny aýdyňlaşdyrmak üçin olaryň her birini aýratyn gözden geçirmeli.

Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komitetiniň tebigaty goramak ugrunda alyp barýan işlerini nazara alyp, ekologiýa baradaky kanunlaryň tebigaty goramak işlerine niýetlenenlerini we Döwlet komitetiniň gönüden-göni jogapkärçilik çägine degişlilerini gözden geçirmek zerurdyr[10].

***Türkmenistanyň Konstitusiýasy (18.05.1992 ý. senede kabul edildi, 14.09.2016 ý. senede täzeden rejelendi)*** ähli tebigy desgalary öz içine almak bilen tebigy mirasy we daşky gurşawy gorap saklamak barada döwletiň jogapkärçiligini berkidýär (15-nji madda). Döwlet tarapyndan şeýle jogapkärlik ilatyň ýaşaýyş şertlerini goramak we gowulandyrmak, şeýle hem daşky gurşawyň durnukly ýagdaýyny gorap saklamak maksady bilen tebigy baýlyklardan rejeli peýdalanmaklyga gözegçilik etmek görnüşinde öz beýanyny tapýar (53-nji madda).

Konstitutsiýa her bir adamy tebigaty goramaga, daşky gurşawa we tebigy baýlyklara aýawly çemeleşmäge borçly edýär (53-nji madda).

Daşky gurşawy goramak boýunça döwletiň wezipeleri Konstitusiýada döwlet häkimiýet edaralarynyň we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralaryň ygtyýarlyklaryny kesgitlemek arkaly ýeterlik derejede ösdürilýär we anyklaşdyrylýar. Ýagny, Türkmenistanyň

---

[10] Adatça daşky gurşaw baradaky kanunçylyk daşky gurşawy goramak hakynda kanunçylygy (tebigaty goramak) we tebigy serişdeleri peýdalanmak baradaky kanunçylygy (tebigy serişdeler) öz içine alýar. Eger tebigaty goramak kanunçylygy daşky gurşawy goramak boýunça gatnaşyklary dolandyrýan namalardan durýan bolsa, tebigy serişdeler kanunçylygy tebigy serişdelerden peýdalanmak boýunça gatnaşyklary dolandyrýan namalardan durýar.

Ministrler Kabineti tebigy baýlyklary goramaklygy we rejeli peýdalanmaklygy üpjün edýär (94-nji madda, 6 b.), ýerli öz-özüni dolandyryş edaralar (Geňeşler) daşky gurşawy goramak we tebigy baýlyklardan rejeli peýdalanmak boýunça çäreleri kesgitleýär (116-njy madda, 5 b.).

Konstitusiýa her bir adamyň jany we saglygy üçin amatly daşky gurşawa, onuň ýagdaýy barada hakyky maglumata we ekologiýa kanunçylygynyň bozulmagy ýa-da tebigy betbagtçylyk netijesinde saglygyna we emlägine ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagyna hukugyny belleýär (53-nji madda). Bu bolsa onuň adamyň saglygyny we abadançylygyny, ilatyň ekologiýa barada habarlylygyny üpjün etmek bilen baglanyşykly durmuş maksatlaryna gönükdirilendigini nygtaýar. Adamyň ekologiýa bilen bagly hukuklarynyň ýerine ýetirilmegi tebigy baýlyklardan peýdalanmak boýunça gatnaşyklara degişli kanunçylygy ösdürmegiň zerurlygyny kesgitleýär.

Umuman Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň daşky gurşawy goramak we tebigatdan rejeli peýdalanmak baradaky düzgünnamalary häzirki döwrüň ekologiýa meselelerini kanunlarda we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarda anyklaşdyrmak we olaryň talaplaryny ýerine ýetirmek arkaly çözmek üçin doly ýeterliklidir[11].

***Türkmenistanyň «Tebigaty goramak hakynda» kanuny (1.03.2014 ý.)*** daşky gurşawy goramagyň esasy ugurlaryny berkidýän, tebigaty goramak işleriniň esasy ýörelgelerini, maksatlaryny we wezipelerini tertipleşdirýän we umumylaşdyrýan esasy kanunçylyk namasydyr. Bu kanun tebigaty goramak baradaky kadalaryň gerimini has giňeltdi, bu ýagdaý hojalyk işleriniň artyp olaryň tebigata täsiriniň güýçlenmegi netijesinde daşky gurşawa gözegçiliksiz täsiriň howpludygyna düşünip başlanmagy bilen baglydyr.

[11] Кепбанов Ё.А. О совершенствование законодательства Туркменистана об охране окружающей среды и биоразнообразия. - В кн.: Изучение биоразнообразия Туркменистана (позвоночные животные). Научный сборник. Москва-Ашхабад, 2013.

Bu kanuna laýyklykda tebigatyň ýitip gitmekden, zaýalanmakdan, harlanmakdan, zeper ýermekden, hapalanmakdan, rejesiz peýdalanmakdan we beýleki zyýanly täsirlerden goralmaklyga degişli tebigy desgalaryň sanawy giňeldilip, olara ýer, toprak, ýerasty baýlyklar, ýerüsti we ýerasty suwlar, tokaýlar, ösümlik we haýwanat dünýäsi, ekoulgamlar, atmosfera howasy, klimat we Ýeriň ozon gatlagy degişlidir. Tebigatyň ekologiki, ylmy we medeni ähmiýetli desgalary, şeýle hem aýratyn goralýan tebigy ýerler aýratyn goralmaga degişlidir (5-nji madda, 1-2 b.). Şu ýerde bir zady aýratyn bellemek gerek, ýagny bu kanunda ilkinji gezek ***toprak, ekoulgamlar we howa*** goralmaga degişli tebigy desgalaryň sanawyna goşulýarlar we degişlilikde olary goramak boýunça zerur bolan çäreler göz öňünde tutulýar.

Kanunda tebigy baýlyklary goramak boýunça olary hapalanmakdan goramaklyga, rejeli peýdalanmaklyga we dikeltmeklige ugrukdyrylan hukuk, guramaçylyk, ykdysady we beýleki çäreleriň ulgamyny öz içine alýan zerur bolan çäreleriň geçirilmegi göz öňünde tutulýar. Olar kanunda ýuridik we fiziki şahslar tarapyndan tebigy baýlyklardan peýdalanylanda ekologiýanyň talaplaryny güýçlendirmekde öz beýanyny tapýar. Bu jähtden Türkmenistanyň çäklerinde hojalyk we beýleki işleri alyp barýan ýuridik we fiziki şahslaryň tebigy baýlyklardan peýdalanmak we daşky gurşawa täsir etmek derejesiniň görkezijiler ulgamyny göz öňünde tutýan ekologiýa pasportlaryny taýýarlamak boýunça borçnamalarynyň bellenilmegini kanunyň möhüm täzeligi hökmünde görkezmek bolar (30-njy madda).

Bu kanunda goramaga degişli desga hökmünde ilkinji gezek Hazar deňziniň türkmen bölegi hem-de onuň deňiz gurşawyny goramaklyk boýunça talaplar göz öňünde tutulan. Hazar deňziniň türkmen böleginde hojalyk we beýleki işleri alyp barýan ýuridik we fiziki şahslar Hazar deňziniň ekologiýa taýdan arassa deňiz gurşawyny döretmek we saklamak üçin Hazar deňziniň deňiz gurşawyny we onuň kenarýaka zolagyny deňiz we ýerüsti çeşmelerden hapalanmakdan goramak boýunça zerur bolan ähli çäreleri geçirmäge borçludyrlar. Şunuň bilen baglylykda, Hazar deňziniň deňiz gurşawyny goramak, ony dikeltmek, gorap saklamak,

onuň biologik baýlyklaryny gorap saklamak, köpeltmek we rejeli peýdalanmak, ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça hökmany çäreler göz öňünde tutulmalydyr (38-nji madda).

Tebigaty goramak işlerinde, ilatyň ýaşaýşynyň we saglygynyň howpsuzlygyny üpjün etmek, daşky gurşawy goramak we tebigatdan rejeli peýdalanmak meselelerini çözmekde esas ölçegi hökmünde bu kanun tebigy baýlyklardan peýdalanmaklyga, daşky gurşawa hapalaýjy maddalary zyňmaklyga, önümçiligiň we sarp edilmegiň galyndylaryny ýerleşdirmeklige hökmany çäklendirmeleri (13-nji madda), tebigy baýlyklardan peýdalanmak, hapalaýjy maddalaryň zyňyndylary we taşlandylary, galyndylary ýerleşdirmek we bellenen çäklerde hapalamagyň beýleki görnüşleri üçin tölegi (14-nji madda), ekologiýa ätiýaçlandyryşy (16-njy madda), ilatyň ýaşaýşynyň we saglygynyň howpsuzlygy, daşky gurşawyň goragy üçin howpsuz önüm öndürmek we hojalyk işleri alyp barmak maksady bilen ekologik sertifikasiýa geçirmekligi (25-nji madda) göz öňünde tutýar.

Ekologiýa seljermesiniň mümkinçilikleri bu işlere jemgyýetçilik birleşmeleriniň gatnaşmak hukugynyň berilmegi (28-nji madda), şeýle hem daşky gurşawa göni ýa-da gytaklaýyn täsir edip biljek hojalyk we beýleki meýilleşdirilýän işler bilen baglylykda daşky gurşawa täsire hökmany baha bermek hakynda kadalaryň berkidilmegi (29-njy madda) esasynda has-da giňeldildi.

Umuman, bu kanunyň mazmunyndan we niýetlenmelerinden ugur alaňda ol daşky gurşawy goramak we tebigatdan peýdalanmak çygrynda ähli toplumlaýyn gatnaşyklary işläp taýýarlamak we ösdürmek üçin esas bolup durýar.

***Türkmenistanyň «Ýer hakynda» kodeksi (25.10.2004ý.)*** ýer serişdelerinden peýdalanmak we goramak babatda ýüze çykýan gatnaşyklary ugrukdyrýar. Özüniň hukuk häsiýetleri boýunça onuň ýer gatnaşyklary çygrynda ýokary ýuridik güýji bardyr hem-de bu ugurda ähli kadalaşdyryjy hukuk namalary şonuň esasynda kabul edilmelidir we onuň düzgünlerine gapma-garşy gelmeli däldir. Kodeksiň mazmun tarapy barada aýdylanda esasy wezipe ýerlerden

rejeli we durnukly peýdalanmaklyga gönükdirilen ekologik nukdaýnazary we talaplary ýüze çykarmakdan ybaratdyr.

Umumy ýerleriň toplumynda (ýer serişdeler gorunda) goramaklyga, ol ýa-da beýleki tebigy desgalary (baýlyklary) ösdürmeklige we dikeltmeklige degişli toparlarynyň bardygyny bellemek wajypdyr. Bu toparlara tokaý we suw gorlarynyň ýerlerini, şeýle hem tebigaty goramaklyga degişli ýerler (aýratyn goralýan tebigy ýerler).

«Ýer hakynda» Kodekse laýyklykda ýer serişdelerini goramakda we rejeli peýdalanmakda döwlet dolandyryş edaralaryna uly ähmiýet berilýär. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti ýerlerden rejeli peýdalanmak, topragyň mesligini ýokarlandyrmak, beýleki tebigaty goraýyş çäreler bilen bir toplumda ýer serişdelerini goramak boýunça döwlet maksatnamalaryny tassyklaýar (10-njy madda), Ýer serişdelerini dolandyrmak baradaky döwlet edarasy ýer serişdelerinden rejeli we netijeli peýdalanylyşyna we olaryň goralyşyna döwlet gözegçiligini, döwlet ýer kadastryny ýöredýär we ýerleriň ýagdaýyna syn etmegi geçirýär, ýer serişdelerinden rejeli we netijeli peýdalanmaklyga ugrukdyrylan guramaçylyk, tehniki we beýleki çäreleri amala aşyrýar (11-nji madda). Şeýle hem, ýer serişdelerini goramak we rejeli peýdalanmak babatda wezipeler ýerli ýerine ýetirji häkimiýet edaralarynyň (12-13-nji maddalar) we ýerli öz-özüni dolandyryş guramalaryň üstüne ýüklenýär (14-nji madda).

Ýerden peýdalanýanlaryň we ýer eýeleriniň üstüne ýerlerden rejeli peýdalanmak, topragyň önümliligini ýokarlandyrmak, tebigaty goramak çärelerini geçirmek, öz hojalyk işleriniň netijesinde ekologiýa ýagdaýynyň ýaramazlaşmagyna we tebigy baýlyklaryň azalmagyna ýol bermezlik (29-njy madda), ekologiýanyň, sanitariýanyň talaplaryna we beýleki talaplara laýyk gelýän tehnologiýalary peýdalanmak, öz çäklerini abadanlaşdyrmak we bagy bossanlyga öwürmek, şäher häkimlikleriniň we geňeşlikleriň bellän düzgünlerine laýyklykda tokaý zolaklaryny gorap saklamak we olara ideg etmek boýunça zerur işleri geçirmek (39-njy madda) barada borçnamalar ýüklenýär.

Ýerlerden peýdalanmak we goramak baradaky hukuk namalary ýer serişdeleriniň aýrylmaz bölegi hem-de gorag hukugynyň

özbaşdak görnüşde bellenen desgasy hökmünde ***topraklara*** hem degişlidir. Aýratyn hem, ýerden peýdalanmakda ýer kanunçylygynyň esasy wezipeleriniň biri topragyň önümliligini ýokarlandyrmak boýunça çärelerdir. Ýerlerden rejeli peýdalanmaklyga gönükdirilen çäreleriň arasynda ilkinji nobatda topraklary goramak meseleleri göz öňünde tutulýar (100-nji madda). Ýerlerden peýdalanmaklyga we goramaklyga döwlet gözegçiliginiň esasy wezipeleri topraklaryň hapalanmagynyň we önümliliginiň peselmeginiň öňüni almakdyr (104-nji madda).

Ýer bilen baglanyşykly wajyp meseleleriň biri onuň goragydyr. “Ýer hakynda” Kodeks ýer gatnaşyklary babatda ýerine ýetirilýän hukuk, guramaçylyk, ykdysady we beýleki çäreleri öz içine almak bilen ýerleri goramaklygy hukuk taýdan güýçlendirýär. Olar oba hojalygynda peýdalanylýan ýerleriň, şeýle hem aýratyn goralýan tebigy ýerleriň maksatlaýyn we rejeli peýdalanylmagyny üpjün etmäge, ol ýerleriň hiç bir esassyz alynmagyna ýol bermezlige gönükdirilendir. Bu çärelere şeýle hem, ýerleri adamyň hojalyk işleriniň täsirinden goramak, topraklaryň önümliligini dikeltmek we ýokarlandyrmak, ösümlik we haýwanat dünýäsini, suw serişdelerini, ýerasty gorlary we tutuş daşky gurşawy goramak çäreleri degişlidir. Ýokary hasylly suwarymly ýerleri goramak meselelerine aýratyn üns berilýär.

Ýer serişdelerinden peýdalanmak ekoulgamlaryň goralyp saklanmagyny, ýeriň oba we tokaý hojalyklarynda önümçilik serişdesi, hojalyk we beýleki işleri ýerine ýetirmek üçin esas bolmak ukybyny saklamaklyga gönükdirilen usullar bilen alnyp barylmalydyr.

Ýerleri goramak ýerleriň zaýalanmagynyň, hapalanmagynyň we beýleki zyýanly täsirleriň öňüni almak, şeýle hem zaýalanmaklyga, hapalanmaklyga we hojalyk işleriniň beýleki zyýanly yäsirlerine sezewar bolan ýerleriň dikeldilmegini we gowulandyrylmagyny üpjün etmek maksady bilen alnyp barylýar (100-nji madda).

Türkmenistanyň kanunçylyga laýyklykda ähli ýerler goralmaga degişlidir. Emma bu jähtden ilkinji nobatda oba hojalygy üçin niýetlenen ýerleriň, aýratyn hem suwarymly ýerleriň we aýratyn

goralýan tebigy ýerleriň göz öňünde tutulýandygyny bellemek gerek. Bellenilişi ýaly, topragyň ýokarky önümli gatlagy aýratyn goralmaga degişlidir. Islendik ýer böleginiň gymmatlylygy onuň topragy bilen baglydyr. Kä halatlarda, mysal üçin dürli gurluşyk işleri geçirilende, başga gowulandyrylmagy zerur bolan ýerlerde peýdalanmak üçin ýeriň toprak gatlagy ýörite goparylyp göçürilýär. Kanunçylyga laýyklykda ýerleriň ýagdaýyna we ýer serişdelerini goramak boýunça çäreleriň netijeliligine baha bermek ekologiýa seljermesiniň, sanitariýa-gigiýenanyň kadalaryny göz öňünde tutmak bilen geçirilýär.

Ýer serişdeleriniň goragyny üpjün etmek ilkinji nobatda ýer eýeleriniň, ýerden peýdalanýanlaryň we karendeçileriň hojalyk işleriniň dogry guralmagyna baglydyr. Olaryň borçlaryna ýerleri rejeli gurnamak; topragyň mesligini, şeýle hem ýerleriň beýleki häsiýetlerini ýokarlandyrmak we dikeltmek; ýerleri ýel we suw eroziýasyndan, çölleşmekden, silden, suwa basdyrmakdan, batga öwürmekden, ikilenji şorlaşmagyndan, guratmakdan, basgylanmakdan, önümçilik we sarp edilen galyndylar, himiki we radioaktiw maddalar bilen hapalanmakdan, şeýle hem beýleki ýaramaz täsirlerden goramak; suwarymly ýerlerde hasal otlaryň, gyrymsy agaçlaryň ýaýramagyndan, şeýle hem ýerleriň beýleki medeni-tehniki ýagdaýyny pese düşürýän täsirlerden goramak; eger topragyň mesligini başga usullar bilen dikeltmek mümkin bolmasa, sandan çykan ýerleri gorap saklamak; ýeriň durkuny bozmak bilen baglanyşykly iş geçirilende topragyň mes gatlagyny aýryp, saklap we durky bozulan ýerleriň durkuny täzelemekde peýdalanma girýär (101-nji madda).

«Ýer hakynda» Kodeks durky täzelenýän ýa-da täze gurulýan desgalar ýerleşdirilende, gurlanda we olar işe girizilende, täze enjamlar we tehnologiýalar ornaşdyrylanda ekologiýanyň talaplarynyň ýokarlandyrylmagynyň zerurlygyndan ugur alýar. Ýokarda görkezilen işler ýerine ýetirilende ýerleri goramak boýunça çäreler amala aşyrylmaly we ekologiýanyň talaplarynyň we beýleki bellenen talaplaryň ýerine ýetirilmegi üpjün edilmeli.

Bu desgalaryň we tehnologiýalaryň ýerleriň ýagdaýyna zyýanly täsirine hem-de degişli çäreleriň netijeliligine baha bermek

maksady bilen bellenen tertipde ekologiýa seljermesi geçirilýär. Göz öňünde tutulýan talaplar ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda täze desgalaryň işe girizilmegi we täze tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy gadagan edilýär.

Ýer eýeleriniň, ýerden peýdalanýanlaryň we kärendeçileriň ýerleriniň ýagdaýyna täsir edýän desgalary ýerleşdirmek we täze tehnologiýalary ornaşdyrmak ýer serişdelerini dolandyrmak boýunça döwlet edarasy, tebigaty goramak we beýleki degişli edaralar bilen ylalaşylmaga degişlidir (102-nji madda).

Umuman «Ýer hakynda» Kodeksiň häsiýetli aýratynlygy onuň düzüminde ýer serişdelerinden peýdalanmakda ekologiýanyň talaplary barada kadalaryň barlygydyr.

***Türkmenistanyň Suw kodeksi (15.10.2016 ý.)*** edara görnüşindäki taraplaryň we şahsy adamlaryň suw serişdelerine bolan zerurlyklaryny kanagatlandyrmak maksady bilen suwdan durnukly we rejeli peýdalanmak babatdaky gatnaşyklary sazlaşdyrýar hem-de suw serişdeleriniň ähmiýetini ýokarlandyrmaklyga, suwlary hapalanmakdan, zaýalanmakdan we azalmakdan goramaklyga, suwlaryň zyýanly täsiriniň öňüni almaklyga we ýok etmeklige, suw desgalarynyň ýagdaýyny dikeltmeklige we gowulandyrmaklyga gönükdirilendir.

Kodeks Türkmenistanyň çäklerindäki suw serişdeleriniň tutuş toplumyny (döwlet suw goruny), suw serişdelerinden peýdalanmak we goramak babatda döwlet dolandyrylyşyny we gözegçiligini, suw desgalarynda iş alyp barmagyň düzgünlerini kesgitleýär.

Suw kodeksiniň mazmuny barada aýdylanda, ilki bilen Kodeksiň köp ýagdaýda BMG-niň Ýewropa boýunça Ykdysady komissiýasynyň Serhetüsti suw akarlaryny we halkara kölleri goramak we peýdalanmak konwensiýasynyň (Helsinki ş., 1992-nji ýylyň 17-nji marty) düzgünlerini we onuň suw serişdelerini toplumlaýyn (integrirlenen) dolandyrmak baradaky talaplaryny göz öňünde tutýandygyny bellemek gerek. Suw serişdelerini toplumlaýyn dolandyrmak durmuş, ykdysady we tebigaty goramak zerurlyklaryny göz öňünde tutup, suw serişdeleriniň durnukly we deňagramly ösmegini hem-de olary dolandyrmagy, şeýle hem,

ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda suw serişdelerini dolandyrmaklygy utgaşdyrmagy üpjün edýän çemeleşmäni aňladýar.

Bu çemeleşmeden ugur alyp, Suw kodeksinde “suw serişdelerini toplumlaýyn dolandyrmak”, “dolandyrmagyň jülgeleýin ýörelgesi”, “jülgeleýin suwhojalyk guramalary”, “suwdan peýdalanyjylaryň birleşigi”, “suwdan peýdalanyjylaryň topary” we beýleki düşünjeler ulanylýar.

Suw serişdelerini toplumlaýyn dolandyrmak suw kanunçylygynyň esasy ýörelgeleriniň biri hasaplanýar. Mundan başga-da, esasy ýörelgeleriň sanawynda “ilatyň suwa deň elýeterligi”, “suw serişdelerini durnukly we rejeli peýdalanmak”, “suw serişdelerini çäk we jülgeleýin dolandyrmak ýörelgeleriniň utgaşyklygy” we beýleki ýörelgeler göz öňünde tutulan.

Suw kodeksinde suw serişdelerini dolandyrmagyň jülgeleýin ýörelgesiniň berkidilendiginden ugur alyp, Kodeksde döwlet jülgeleýin suw hojalyk guramalaryny, şeýle hem, jülgeleýin geňeşlerini döretmek mümkinçilikleri göz öňünde tutulýar. Olary döretmekde geografik, taryhy, gidrografik, durmuş, ykdysady we beýleki ýagdaýlar göz öňünde tuttulmalydyr. Bu bolsa, geljekde döwlet suwhojalyk edaralarynyň kem-kemden (welaýatsuwhojalygy, etrap suwhojalygy) döwlet jülgeleýin suw hojalyk guramalaryna orun bermelidigini aňladýar.

Kodeksde ykdysadyýetň ähli pudaklarynda suwdan peýdalanmagyň düzgünleri we şertleri, suwdan peýdalanýanlaryň hukuklary we borçlary, suw desgalaryny peýdalanmaklyga bermegiň tertibi we şertleri kesgitlenendir. Suw serişdelerini goramak, bir bütewi suw goruny emele getirýän suwlaryň mukdaryny we hilini, ilatyň we ykdysadyýetiň zerurlyklary üçin suwlaryň peýdalanylmagy barada maglumatlary kesgitlemek wezipesini ýerine ýetirýän suw serişdeleriniň döwlet hasaby baradaky meseleler kesgitlenendir.

Suw kodeksinde ***suw desgalaryny balyk, aw we tokaý hojalyklarynyň, aýratyn goralýan tebigy ýerleriň zerurlyklary üçin peýdalanmaklygy*** göz öňünde tutýan ýörite bap bardyr (13-nji bap).

Balykhojalyk ähmiýetli suw desgalary suw biobaýlyklaryny tutmakda peýdalanmak üçin berilýär. Olardan peýdalanmak agyz

suwy we hojalyk-durmuş suw üpjünçiliginden başga balyk hojalygynyň peýdasyna çäklendirilip bilner (66-njy madda).

Ýabany haýwanlaryň ýaşaýan ýerleri bolup hyzmat edýän suw obýektleri we olaryň bölekleri awçylyk hojalygyny alyp barmak üçin ýuridik we fiziki şahslara peýdalanmak üçin berlip biler. Olar ygtyýarlandyrylan edara bilen ylalaşylmagy boýunça daşky gurşawy goramak babatda döwlet dolandyryşynyň ygtyýarlandyrylan edarasynyň çözgüdi esasynda awçylyk hojalygyny alyp barmak üçin ýüridik şahslara berkidilip bilner (67-nji madda).

Suw obýektlerini tokaý hojalygynyň hajatlary üçin we agaç ekiş işleri geçirilen mahalynda peýdalanmak suwdan ýörite peýdalanmak tertibinde amala aşyrylýar. Ýerüsti suw obýektleri bolmadyk, emma agyz suw we hojalyk-durmuş suw üpjünçiliginiň maksatlary üçin ýaramly ýerasty suwlarynyň ýeterlik gorlarynyň bar bolan sebitlerinde, tokaý hojalygynyň hajatlary üçin we agaç ekmek işleri geçirilen mahalynda ýerasty suwlaryny peýdalanmaga aýratyn halatlarda ýol berilýär (70-nji madda).

Aýratyn goralýan tebigy ýerlerde ýerleşýän suw obýektlerini peýdalanmak aýratyn goralýan tebigy ýerler hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy arkaly kesgitlenilýän tertipde amala aşyrylýar (69-njy madda).

Kodeksiň ýörite baby (18-nji bap) suwlary goramaklyga bagyşlanýar, oňa laýyklykda ähli suw obýektleri suw üpjünçilik şertlerini ýaramazlaşdyryp, ilatyň saglygyna zyýan ýetirip biljek, suw bioserişdeleriniň hem-de beýleki haýwanat we ösümlik baýlyklarynyň azalmagyna, ýerleriň hasyllylygynyň peselmegine we suwuň hiliniň fiziki, himiki, biologik görkezijileriniň üýtgemegi, olaryň tebigy arassalanmak ukybynyň peselmegi, suw obýektleriniň gidrologik we gidrogeologik düzgüniniň bozulmagy netijesinde beýleki amatsyz hadysalara getirip biljek hapalanmakdan, zibillenmekden we egsilmekden hem-de beýleki zyýanly täsirlerden goralmaga degişlidir.

Alyp barýan işleri suw obýektleriniň ýagdaýyna täsir edýän ýuridik we fiziki şahslar, daşky gurşawy goramak hakynda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ekologiýa talaplaryny berjaý etmäge we suw obýektleriniň hapalanmakdan, zibillenmekden

we egsilmekden goralmagyny üpjün edýän guramaçylyk, tehnologik, tokaýmelioratiw, agrotehniki, gidrotehniki, sanitariýa-epidemiologiýa hem-de beýleki çäreleri geçirmäge borçludyrlar (89-njy madda).

Bu maksat bilen hojalyk we beýleki işleriň aýratyn düzgüni bolan suw obýektleriniň suw goraýyş zonalary we kenarýaka suw goraýyş zolaklary bellenilýär (92-nji madda).

Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralary suw goraýyş zonalarynyň we kenarýaka suw goraýyş zolaklarynyň serhetleri, bu çäklerde hereket edýän hojalyk we beýleki işiň düzgüni baradaky maglumaty, ähli dahylly ýuridik we fiziki şahslaryň dykgatyna ýetirmäge borçludyrlar.

Suw goraýyş zonalarynyň we kenarýaka suw goraýyş zolaklarynyň çäkleri Türkmenistanyň ýer hakyndaky kanunçylygyna laýyklykda hakyky (ýerinde) bellenilýär.

Suw goraýyş zonasynyň we kenarýaka suw goraýyş zolaklarynyň çäklerindäki hojalyk we beýleki işiň düzgüni hem-de topragy goraýyş we suw goraýyş çäreleriniň düzümi, suw goraýyş zonalarynyň we kenarýaka suw goraýyş zolaklarynyň taslamalary bilen kesgitlenilýär (92-nji madda).

***Türkmenistanyň «Ozon gatlagyny goramak hakynda» kanuny (15.08.2009 ý.)*** ozon gatlagynyň dargamagy bilen dörän amatsyz netijelerden adamyň saglygyny we daşky gurşawy goramak maksady bilen, ozon gatlagynyň goralmagyna we onuň dargamagynyň öňüniň alynmagyna, dikeldilmegine gönükdirilendir.

Kanuna laýyklykda ozon gatlagy atmosfera ozonynyň günüň biologik taýdan howply ultramelewşe şöhlesini özüne siňdirýän, stratosferada ýerleşen gatlakdyr (1-nji madda). Bu gatlaga zelel ýetirmezlik üçin Kanun tarapyndan, ozon gatlagynyň dargamagy sebäpli dörän amatsyz netijelerden adamyň saglygyny we daşky gurşawy goramak maksady bilen, ozon gatlagyny goramak, onuň dargamagynyň öňüniň almak we dikeltmek boýunça çäreler göz öňüne tutulandyr. Bu çäreleriň ulgamy eýeçiliginiň görnüşine garramazdan döwlet edaralary, edara görnüşindäki taraplar we şahsy adamlar tarapyndan üpjün edilýär. Husudan-da, Türkmenistanyň

Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komiteti ozon gatlagynyň goralyşyna, şol sanda ozon dargadyjy maddalaryň sarp edilişine döwlet gözegçiligini, şeýle hem ozon dargadyjy maddalary resirkulýasiýa etmek we galyndysyny gaýtadan işläp peýdalanmak maksady bilen öz wagtynda ýygnamak we olaryň galan mukdaryny saklamak boýunça çäreleriň işlenip düzülişine we ýerine ýetirilişine gözegçiligi amala aşyrýar (5-nji madda). Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Gidrometeorologiýa boýunça milli komiteti Türkmenistanyň çäginiň üstündäki ozon gatlagynyň ýagdaýyna gözegçilik edýär hem-de onuň üýtgemelerine baha we çaklama bermekligi amala aşyrýar (12-nji madda).

Kanun alyp barýan işleri ozon dargadyjy maddalar bilen baglanyşykly bolan edara görnüşli taraplara we şahsy adamlara ozon dargadyjy maddalar bilen iş salşylanda bildirilýän hökmany talaplary kesgitleýär. Hususan-da, olar Türkmenistanyň ozon gatlagyny goramak babatda kanunçylygynyň kanunçylygynyň talaplaryny berjaý etmäge; resirkulýasiýa ýa-da peýdaly ulanmak maksady bilen ozon dargadyjy maddalary öz wagtynda ýygnamak we olary saklamak boýunça çäreleri işläp taýýarlamaga we ýerine ýetirmäge; döwlet edaralarynyň ygtyýarly wezipeli adamlarynyň talap etmegi boýunça gözegçiligi amala aşyrmagy üçin bar bolan ozon dargadyjy maddalary we ozon dargadyjy maddalary saklaýan önümi, şeýle hem ozon dargadyjy maddalar bilen iş alyp barmak boýunça resminamalary görkezmäge; ozon dargadyjy maddalary sarp etmegiň bellenen möçberlerinden geçmezlige; ozon dargadyjy maddalaryň sarp edilişiniň hasabyny ýöretmäge hem-de olar bilen iş alyp barmak boýunça hasabaty amala aşyrmaga borçludyrlar (8-nji madda, 1 b.).

Ozon dargadyjy maddalar we (ýa-da) ozon dargadyjy maddalary saklaýan önüm eksport, import edilende ýa-da öndürilende edara görnüşli taraplar we şahsy adamlar önümiň ýüzüne "Ozon üçin zyýanly" diýen ýazgyny ýazmaga we içinde ozon dargadyjy maddalar ýa-da ozon dargadyjy maddalary saklaýan önüm saklanýan ýa-da daşalýan gabyny şoňa meňzeş ýazgy bilen düşnükli belgilemäge; olaryň howpsuz saklanylmagyny we daşalmagyny üpjün etmäge; harydyň ýanyndaky resminamalarda, önümde

saklanýan ozon dargadyjy maddalary hem goşmak bilen, ozon dargadyjy maddalaryň adyny we mukdaryny görkezmäge borçludyrlar (8-nji madda, 2b.)

Ozon dargadyjy maddalar bilen baglanyşykly iş alyp barýan edara görnüşli taraplar we şahsy adamlar ozon dargadyjy maddalary sarp etmegiň hasabyny ýöredýärler we ozon gatlagyny goramak boýunça ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan bellenilen tertipde olar bilen iş alyp barmak boýunça hasabatlylygy amala aşyrýarlar (11-nji madda).

Ozon dargadyjy maddalar bilen iş alnyp barlanda ozon gatlagyny goramak boýunça ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan berilýän ygtyýarnama we degişli bir gezeklik rugsat bolmazdan ozon dargadyjy maddalaryň we ozon dargadyjy maddalary saklaýan önümleriň eksporty we importy; Türkmenistanda sarp etmek üçin çäklendirilen ýa-da gadagan edilen ozon dargadyjy maddalaryň Sanawyna goşulan ozon dargadyjy maddalar bilen bikanun iş alnyp barylmagy; ozon dargadyjy maddalaryň atmosfera zyňylmagy; Türkmenistanda sarp etmek üçin çäklendirilen ýa-da gadagan edilen ozon dargadyjy maddalaryň Sanawyna goşulan ozon dargadyjy maddalar bilen iş salşylmagy göz öňünde tutulýan tehnologiýalar, enjamlar, maddalar we materiallar peýdalanylýan obýektleriň taslamasynyň düzülmegi, durkunyň täzelenmegi, tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrylmagy, giňeldilmegi, täze gurluşygy gadagan edilýär (10-njy madda).

***Türkmenistanyň Tokaý kodeksi (25.03.2011 ý.)*** tokaýlary durnukly dolandyrmak – tokaýlary abat saklamak, goramak, peýdalanmak, üznüksiz köpeldip durmak, Türkmenistanyň çäginde olaryň ekologik, ykdysady we serişde mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak bilen baglanyşykly gatnaşyklary düzgünleşdirýär.

Tokaý adalgalaryna dogry düşünmek we olary dogry teswirlemek we peýdalanmak maksady bilen Tokaý kodeksinde ilkinji gezek «tokaý», «agaç», «tokaý gaznasy», «tokaý hojalygy», «tokaýa eýeçilik etmek», «tokaýdan peýdalanmak», «tokaý serişdeleri», «tokaý gaznasyndan peýdalanmak» ýaly hukuk toparlary girizilen düşünjeler barada madda göz öňünde tutulandyr.

Tokaý kanunçylygy üçin «tokaý» düşünjesi esaslandyrýan düşünjedir. Türkmenistanyň şertlerinde tokaýyň özboluşly häsiýetini we onuň aýratynlyklaryny göz öňünde tutup, oňa şeýle kesgitleme berilýär: «***tokaý*** – iň az meýdany 0,5 gektary düzýän, iň az giňligi 3 metr bolan agaç-gyrymsy agaç ösümlik agdyklyk edýän biologik köpdürliligiň we tebigy gurşawyň özara baglanyşykly we özara hereket edýän düzüm birlikleriniň jemi hem-de bu meýdanyň azyndan 10 göteriminiň proýektiw örtügi» (1-nji madda, 5 b).

Türkmanistanda tokaýyň ölçegi boýunça şeýle kiçi san häsiýetnamasy, gürrüňsiz, tebigy–howa şertler bilen, şeýle hem tokaý gaznasynyň köp bölegini tutýan çöl tokaýlarynyň aýratynlyklary bilen şertlendirilýär. Bu kesgitleme tokaýyň biologiki hem-de tehniki häsiýetnamasyna we degişlilikde biologik dürlüligiň düzüjilerine hem-de onuň ýer çäklerindäki araçäklerini häsiýetlendirýän görkezijilerine esaslanýar. Tokaýyň tehniki häsiýetnamasynda agaçlaryň toplumynda belli bir kesgitli tokaý mikroklimatynyň döremegine getirýän we minimal meýdanyna, giňligine, örtügine (göterim hasabynda) esalanýan agaçlaryň toparyny häsiýetlendirmek arkaly tokaý ekoulgamyna häsiýetnama berilýär[12].

Tokaý kodeksi «tokaý gaznasyny» Türkmenistanyň tokaý bilen örtülen çägi, şeýle hem tokaý hojalygynyň hajatlary üçin niýetlenen, tokaý bilen örtülmedik çägi diýip kesgitleýär (1-nji madda, 3 b.).

Tolaý gaznasyna tebigy we emeli gelip çykyşy bolan ähli tokaýlar, şeýle hem tokaý hojalygynyň hajatlary üçin berlen tokaý ösümlikleri bilen örtülmedik ýer meýdanlary degişlidir (8-nji madda, 2 b.).

Tokaý gaznasynyň ýerleriniň düzümine tokaýly we tokaý däl ýerler girýär. Tokaýly ýerlere tokaý bilen örtülen, şeýle hem wagtlaýynça tokaý bilen örtülmedik, emma tokaý hojalygynyň hajatlary üçin niýetlenen ýerler degişlidir. Tokaý däl ýerlere tokaý

[12] Кепбанов Ё.А. Особенности правового регулирования и управления лесами в Туркменистане. – В кн.: Legal Aspects of European Forest Sustainable Development. Proceedings of the 14 th International Symposium Minsk, Republic of Belarus 19-21 September 2012. Minsk, IUFRO, 2012.

bilen örtülmedik, emma tokaý hojalygynyň hajatlary üçin niýetlenen ýerler (ýodalar, ýollar, ýangyna garşy sürüm zolaklary we başgalar) degişlidir.

Tokaýyň dürli wezipelerini, ýagny ekologik, durmuş we ykdysady wezipelerini hasaba almak bilen Tokaý kodeksi tokaýlary gorag, ýörite we önümçilik toparlaryna bölýär (11-nji madda).

Gorag maksatly tokaýlara derýalaryň, kölleriň, suw howdanlarynyň we beýleki suw desgalarynyň kenarlaryndaky, awtomobil we demir ýollaryň, beýleki ulag we aragatnaşyk hatarlarynyň ugrundaky gorag tokaý zolaklary, çöl we ýarym çöl zolaklarynyň tokaýlary, şäherleriň we beýleki ilatly nokatlaryň töweregindäki ýaşyl tokaý zolaklary, dag tokaýlary, suw üpjünçilik çeşmeleriniň sanitariýa gorag zolaklarynyň tokaýlary degişlidir (12-nji madda, 1 b.).

Ýörite maksatly tokaýlara aýratyn goralýan tebigy ýerleriň tokaýlary, şäher tokaýlary, rekreasion we sagaldyş tokaýlary, serhet zolagynda we serhet gözegçilik ýerlerinde, şeýle hem goranyş hajatlary üçin gerek bolan ýerlerdäki tokaýlar, aýratyn gymmatly tokaý giňişlikleri, ylmy ýa-da taryhy ähmiýeti bolan tokaýlar degişlidir (13-madda, 1 b.).

Önümçilik maksatly tokaýlara ýörite maksatly we gorag maksatly tokaýlara degişli edilmedik, agaç we beýleki tokaý serişdelerini taýýarlamak üçin niýetlenen tokaýlar degişlidir (14-nji madda, 1 b.).

Bu toparlardan görnüşi ýaly, esasy ähmiýet tokaýyň wajyp ekologiýa wezipesini ýerine ýetirýän köpsanly görnüşlerine mahsus bolan gorag wezipesine berilýär. Türkmenistanyň gurak howa şertlerini göz öňünde tutup, Tokaý kodeksi tokaýlaryň daşky gurşaw emele getiriji, suw goraýjy, gorag we beýleki wezipeleri esasynda tokaýlaryň mahsus bolan aýratynlyklaryny kesgitleýär.

Tokaý kodeksi ilkinji gezek hökmany tokaý gurnaýyşy geçirmekligi göz öňünde tutýar, onuň ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda tokaý gaznasynyň ýerlerinde tokaý hojalygyny alyp barmak we tokaýdan peýdalanmak gadagan edilýär (49-nji madda, 50-nji madda, 3 b., 51-nji madda, 2 b.).

Kodeksde tokaý gaznasynyň döwlet hasaba alnyşy, tokaý kadastry we tokaý gurnaýyşy barada kadalar bardyr. Tokaýlary goramak, rejeli peýdalanmak we üznüksiz dikeltmek maksady bilen tokaýlary dolandyrmak üçin zerur bolan tokaý gaznasynyň döwlet hasaba alnyşynyň, tokaý kadastrynyň we tokaý gurnaýyşynyň görkezijileri we beýlekiler tokaý gaznasy barada maglumaty düzýärler.

Tokaý kodeksinde tokaýlary üznüksiz köpeldip durmaklyga uly orun berilýär, ol çapylan ýerlerde, köýüklerde we tokaý gaznasynyň öň tokaý bilen örtülen çäklerinde tokaýlary öz wagtynda dikeltmek, tokaýlaryň görnüş düzümini gowulandyrmak, tokaý gaznasynyň ýerlerinden rejeli peýdalanmaklygy üpjün etmek maksady bilen tokaýlary dikeltmek arkaly amala aşyrylýar.

Tokaýlaryň üznüksiz köpelmegi üçin olaryň tebygy köpelmegi ýeterlikli bolmaýar. Şol sebäpli, Türkmenistanyň şertlerinde emeli usulda tokaý agaçlaryny ýetişdirmek boýunça tokaý hojalyk çäreleri arkaly tokaý döretmekligiň uly ähmiýeti bardyr. Tokaý döretmek tokaý gaznasynyň tokaýsyz ýerlerinde tokaý örtüliş derejesini ýokarlandyrmak, eroziýa hadysalarynyň öňüni almak, ekologiýanyň we agrotokaý meliorasiýanyň ýagdaýyny gowulandyrmak maksady bilen geçirilýär.

Tokaýlaryň üznüksiz köpelmegi üçin tokaý tohumçylygyň aýratyn uly ähmiýeti bardyr (57-nji madda). Tokaý kodeksinde tokaý tohumçylygynyň aýratynlyklaryna degişli düzgünler berilýär, ýagny bu maksat bilen tokaý tohumlaryny etraplar boýunça paýlamak; hemişelik tokaýyň tohum meýdanlaryny we enelik agaç ekilen meýdanlary döretmek; tokaý ösümlikleriniň tohumlar gaznasyny döretmek; tokaý ösümlikleriniň tohumlaryny öndürmek, taýýarlamak, işläp taýýarlamak, saklamak, ýerlemek, daşamak we peýdalanmak boýunça beýleki çäreler geçirilmelidir.

***Türkmenistanyň «Aýratyn goralýan tebigy ýerler hakynda» kanuny (31.03.2012 ý.)*** aýratyn goralýan tebigy ýerleri dolandyrmagy guramak, goramak we peýdalanmak babatda gatnaşyklary düzgünleşdirýär. Aýratyn goralýan tebigy ýerlere tebigy serişdeleriň ekologik deňagramlylygyny, baýlygyny we

köpdürlüligini hem-de daşky tebigy gurşawyň peýdaly häsiýetlerini aýap saklamak we dikeltmek maksady bilen döwletiň aýratyn goragyna alnan, aýratyn tebigaty goraýyş, ylmy, medeni-öwreniş, dynç alyş-sagaldyş, estetiki gymmaty bolan tebigy gurşawyň ýer bölekleri (ýerler, tokaýlar, suwlar, ýerasty baýlyklar, howa giňişligi), tebigy toplumlar we aýry-aýry desgalar degişlidir (1-nji madda).

Kanunda ilkinji gezek hukuk düşünjesi we ýörelgeleriň biri hökmünde Важно отметить, ***«aýratyn goralýan tebigy ýerlerden durnukly peýdalanmagyň»***, ýagny aýratyn goralýan tebigy ýerleriň biologik serişdelerini olaryň uzakmöhletleýin geljekde egsilmegine getirip bilmejek ýagdaýda we tizlikde peýdalanmak göz öňünde tutulýandygyny bellemek wajypdyr (1-nji we 3-nji maddalar). Şeýle çemeleşme tebigy baýlyklardan peýdalanmakda ekoulgamlaýyn çemeleşmäniň möhüm düzüjileriniň biridir.

Kanun aýratyn goralýan tebigy ýerleriň döwlet biosfera goraghanasy we milli tebigy seýilgähler ýaly görnüşlerini döretmek mümkinçiliklerini göz öňünde tutup, olaryň toparlarynyň sanawyny giňeltdi. Şonuň bilen birlikde-de Kanunda bu sanaw gutarylmadyk hasap edilýär (5-nji madda, 2 b.).

Esasy wezipeleri toplumlarda we synag meýdançalarynda ösümlik dünýäsiniň (45-nji madda, 4 b.) we emeli şertlerde (erkin däl) haýwanat dünýäsiniň wekillerini (51-nji madda, 2 b.) gorap saklamaklyga gönükdirilen döwlet botanika baglary we döwlet zoologiýa seýilgähleri ilkinji gezek tebigaty goraýyş döwlet edarasynyň derejesine eýe boldular (45, 48-nji maddalar).

Aýratyn goralýan tebigy ýerler halkara, döwlet we ýerli ähmiýetli toparlara bölünýärler. Kanunda aýratyn goralýan tebigy ýerleriň halkara topary ilkinji gezek bellenilýär we ol aýratyn goralýan tebigy ýerleriň bütindünýä halkara ulgamyna girmäge ýurda mümkinçilik berýär. Olaryň düzümine ekologiýa, ylym, medeniýet, эстетики и dynç alyş-sagaldyş nukdaý nazardan köptaraply gymmaty bolan aýratyn goralýan tebigy ýerler degişlidir.

Şeýlelik bilen, Kanunda we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda aýratyn goralýan tebigy ýerleriň şeýle köp dürli toparlarynyň we görnüşleriniň berkidilmegi aýratyn goralýan tebigy

ýerleriň tutýan meýdanyny köp derejede artdyrmaga mümkinçilik berýär.

Aýratyn goragy we daşky amatsyz täsirlerden goramaklygy üpjün etmek üçin aýratyn goralýan tebigy ýerleriň töwereginde gorag zolaklary döredilýär. Olar döwlet tebigy goraghanalarynyň we döwlet biosfera goraghanalarynyň töwereginde hökmany tertipde döredilýärler (8-nji madda, 2 b., 1 b.). Emma häzirki wagtda bar bolan 9 sany goraghanalardan Köpetdag, Hazar we Bereketli Garagum döwlet tebigy goraghanalarynyň öz gorag zolaklary bardyr. Hususan-da, Hazar goraghanasynyň meýdany 34,4 müň ga bolan gorag zolagy 1968-nji ýylyň iýul aýynda döredildi[13]. Köpetdag goraghanasynyň meýdany 32,8 müň ga bolan gorag zolagy 1977-nji ýylyň maý aýynda döredildi[14]. Gorag zolaklary milli tebigy seýilgähleriň we beýleki aýratyn goralýan tebigy ýerleriň töwereginde hem döredilip bilner, emma olary döretmek hökmany häsiýetde däldir.

Ekoulgamlaýyn çemeleşme aýratyn goralýan tebigy ýerleri dolandyrmagyň aşakdakylary: geçen döwür üçin aýratyn goralýan tebigy ýeriň işine baha bermegi, geçen döwür üçin tebigy we durmuş-ykdysady şertleriň üýtgemeleriniň seljermesini, indiki döwür üçin aýratyn goralýan tebigy ýerde ylmy, tebigaty goraýyş, ekologiýa aň-bilim, syýahatçylyk, dynç alyş-sagaldyş we çäklendirilen hojalyk işiniň her bir ugry boýunça çäreleri, dolandyryş gurluşyny, kadalaşdyryjy hukuk binýadyny kämilleşdirmek, işgärler bilen üpjün etmek we olaryň hünärini ýokarlandyrmak, ýerli ilat bilen we ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary bilen arkalaşykly hereket etmek arkaly dolandyryş meýilnamasyny durmuşa geçirmegiň ýollaryny öz içine alýan meýilnamasynda hem ýüze çykýar.

---

[13] Türkmenistan SSR-niň Ministrler Sowetiniň 10.07.1968 ý. senedäki 288 belgili karary.

[14] Aşgabat oblastynyň zähmetkeşleriniň deputatlar Sowetiniň 27.05.1977 ý. senedäki 6/223 (b.5) belgili çözgüdi//Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrliginiň häzirki arhiwi.

Kanun aýratyn goralýan tebigy ýerleri ösdürmegiň maksatnamasynyň taýýarlanylmagyny we tassyklanmagyny göz öňünde tutýar (15-nji madda).

Kanunda ilkinji gezek ekologiýa ulgamynyň tebigy we medeni lanşaftlaryň durnukly ösüşini üpjün edýän tebigaty goraýyş hukuk derejesine eýe bolan bölümleri (elementleri) - sagaldyş we dynç alyş-sagaldyş maksatly ýer bölekleri, aýratyn goralýan tebigy ýerleriň gorag zolaklary, ekologik geçelgeler, tokaý gaznasy, aw edilýän meýdanlar görkezilýär (52-nji madda).

***Türkmenistanyň «Ösümlik dünýäsi hakynda» kanuny (4.08.2012 ý.)*** ýabany ösýän ösümlikleri, olaryň emele getirýän toplumlaryny (populýasyýalaryny), ösümlik toparlaryny ýada beýleki ekilen ösümlikleri öz içine alýan ösümlik dünýäsini goramak, rejeli peýdalanmak we üznüksiz köpeltmek bilen baglanyşykly gatnaşyklary düzgünleşdirýär (1-nji madda).

Türkmenistanyň ösümlik dünýäsi hakynda kanunçylygynyň esasy ýörelgeleri hökmünde şu aşakdakylar: ösümlik dünýäsiniň obýektleriniň goralmagynyň, rejeli peýdalanylmagynyň we üznüksiz köpeldilmeginiň ileri tutulmagy, ösümlik dünýäsiniň ylmy taýdan esaslandyrylyp ulanylmagy we üznüksiz köpeldilmegi, ösümlik dünýäsiniň obýektleriniň peýdalanylandygy üçin töleg tölenilmegi, ýurduň janly tebigatyna we ykdysadyýetine zyýan ýetirmekden gaça durmak maksady bilen, ösümlikleriň ýabany ösýän görnüşleriniň ýaýraýşynyň we sanynyň düzgünleşdirilmegi we başgalar kabul edilýär (3-nji madda).

Kanunda ösümlik dünýäsini goramaklyga aýratyn orun berilýär. Ösümlik dünýäsiniň obýektlerini goramak olary rejeli peýdalanmaklyga, tebigy ösümlik bilen örtülen meýdanlaryň esassyz ösümlik örtüginiň ýok edilmegi bilen başga maksatlar üçin ulanylmagyna ýol bermezlige, şeýle hem ösümlik dünýäsiniň üznüksiz köpeldilmegine, önümliliginiň ýokarlandyrylmagyna we durnuklylygyna gönükdirilen hukuk, guramaçylyk, ykdysady we beýleki çäreleriň ulgamyny öz içine alýar.

Ösümlik dünýäsiniň obýektlerini goramak peýdalanylýan ýerleriň zolaklaýyn we sebitleýin aýratynlyklaryny nazara almak

bilen olara çylşyrymly tebigy emele gelmeler (ekologik ulgamlar) hökmünde toplumlaýyn çemeleşmek esasynda alnyp barylýar.

Ösümlik dünýäsiniň obýektleriniň rejeli peýdalanylmagynyň ulgamy tebigaty goraýyş, serişde tygşytlaýjy häsiýetli bolmaly we ýabany ösýän ösümlikleriň we olaryň emele getirýän tebigy ösümlik toparlarynyň ösýän gurşawynyň goralmagyny, toprak örtügine, geologik jynslara, ýeriň gidrogeologik tertibine, haýwanat dünýäsine we daşky gurşawyň beýleki düzüm böleklerine edilýän täsirleriň çäklendirilmegini göz öňünde tutmalydyr (26-njy madda).

Ösümlik dünýäsiniň obýektlerinden peýdalanyjylaryň borçlarynyň sanawyna tebigy ösümlik toplumlary bilen örtülen ýerleri rejeli peýdalanmak, ösümlik dünýäsiniň obýektlerini dikeltmek, durnuklylygyny we önümliligini ýokarlandyrmak ýaly möhüm borçlar degişlidir (28-nji madda).

Kanunda ösümlik dünýäsiniň obýektleriniň üznüksiz köpeldilmegine möhüm orun berilýär. Ösümlik dünýäsiniň obýektleriniň tükeniksiz (üznüksiz) ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen bellenilen tertipde ösümlik örtügini üznüksiz köpeltmek boýunça çäreler we ösümlik dünýäsiniň obýektlerini dikeltmek boýunça beýleki çäreler geçirilýär. Ösümlik örtügini dikeltmek boýunça işler ozal tebigy ösümlikler bilen örtülen, tebigy hadysalaryň, ýangynlaryň we beýleki hadysalaryň netijesinde ösümlik örtügine zyýan ýetirilen meýdanlarda amala aşyrylýar.

Tebigy ösümlikler bilen örtülen gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ýatagyny peýdalanýan, özlerine ulanmaga berlen meýdanlarda geologiýa-gözleg, gözleg, gurluşyk we beýleki işleri geçirýän ýuridik we fiziki şahslar özleri tarapyndan bozulan tebigy ösümlik toparlaryny maksadalaýyk ulanmak üçin ýaramsyz ýagdaýa getirenlerinde ösümlik örtügini dikeltmek boýunça zerur bolan işleri amala aşyrmaga borçludyrlar.

Bozulan tebigy ösümlik toparlarynyň bitewiligini we önümliligini dikeltmek, ýabany ösýän ösümlikleriň tebigy taýdan täzelenmegine ýardam etmek boýunça işler ösümlik dünýäsini goramak, rejeli peýdalanmak we üznüksiz köpeltmek babatda ygtyýarly döwlet dolandyryş edarasy tarapyndan bellenilýän tertipde iň gysga möhletlerde önümli, hojalyk taýdan gymmatly

peýdalanylýan ýerleriň döredilmegini üpjün edýän usullar bilen geçirilýär.

Ýabany ösýän ösümlikleriň tebigy taýdan täzelenmegi we olaryň emele getirýän tebigy ösümlik toparlarynyň bitewiligini we önümliligini dikeltmek üçin amatly şertleri gorap saklamaga, ösümlik örtügi bozulan ýanan ýerlerde, dag känlerinde we beýleki meýdanlarda ösümlik örtügini dikeltmäge gönükdirilen talaplar ýabany ösýän ösümlikleri, olaryň böleklerini we önümlerini taýýarlamak (ýygnamak) üçin täze tehnika we ösümlik dünýäsiniň obýektleriniň ulanylmagyny amala aşyrmagyň täze tehnologiýasy işlenip taýýarlanylanda hasaba alynmalydyr (39-njy madda).

***Türkmenistanyň «Haýwanat dünýäsi hakynda» kanuny (2.08.2013ý.)*** haýwanat dünýäsini goramak, üznüksiz köpeltmek we peýdalanmak babatdaky gatnaşyklary düzgünleşdirýär we ýaşaýan tebigy gurşawynyň şertlerinde onuň goralyp saklanylmagyny üpjün etmäge gönükdirilendir. Kanunda haýwanat dünýäsi Türkmenistanyň we Hazar deňziniň türkmen böleginiň çäklerinde tebigy erkin ýagdaýda ýaşaýan haýwanlaryň (ýabany haýwanlaryň) bir ýa-da köp görnüşleriniň taryhy taýdan emele gelen toparlarynyň jemi hökmünde kesgitlenýär (1-nji madda).

Bu kanunda ilkinji gezek ***«haýwanat dünýäsiniň obýektlerini durnukly peýdalanmak»,*** ýagny haýwanat dünýäsiniň görnüş dürlüliginiň azalmagyna getirmeýän, onuň üznüksiz köpelmek we häzirki hem-de geljekki nesilleriň isleglerini kanagatlandyrmak ukybyny saklaýan usullar bilen haýwanat dünýäsiniň obýektlerini peýdalanmak düşünjesiniň ulanylýandygyny aýratyn bellemek gerek (1-nji madda). Haýwanat dünýäsiniň obýektlerini durnukly peýdalanmak haýwanat dünýäsini goramak, üznüzksiz köpeltmek peýdalanmak babatda esasy ýörelgeleriň biri hasap edilýär (3-nji madda).

Kanuna laýyklykda haýwanat dünýäsini goramak ýabany haýwanlaryň tebigy toparlarynyň bütewiligini aýap saklamak; tebigy erkin ýagdaýynda ýaşaýan haýwanlaryň görnüş dürlüligini aýap saklamak; haýwanat dünýäsiniň obýektlerinden peýdalanmaga bolan çäklendirmeleri we gadagan etmeleri kesgitlemek; haýwanat

dünýäsiniň obýektlerini goramak, üznüksiz köpeltmek we peýdalanmak babatda kadalary kesgitlemek; haýwanat dünýäsiniň obýektlerini goramak, üznüksiz köpeltmek we peýdalanmak babatda kadalaşdyrmak; haýwanat dünýäsiniň obýektlerinden özbaşdak peýdalanmakdan we peýdalanmagyň bellenilen tertibiniň beýleki bozulmalaryndan goramak; ýabany haýwanlaryň ýaşaýan gurşawyny, köpelmek şertlerini we migrasiýa ýollaryny goramak; önümçilik işleri amala aşyrylanda haýwanlaryň ölmeginiň öňüni almak; aýratyn goralýan tebigy ýerleri döretmek; haýwanat dünýäsiniň obýektlerini soňra tebigata goýbermek bilen emeli taýdan köpeltmek; haýwanlaryň zoologiýa toplamalary we özbaşdak äkidilmegi üçin alynmagyny çäklendirmek; haýwanlar kesellänlerinde, tebigy betbagtçylyklarda ýok bolmak howpy mahalynda we beýleki sebäpleriň netijesinde olara kömek bermek; haýwanat dünýäsiniň obýektlerini goramak boýunça çäreleriň esaslandyrylmagyna gönükdirilen ylmy-barlaglary guramak; raýatlary haýwanat dünýäsine ynsanperwer gatnaşygy ruhunda terbiýelemek; köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde haýwanat dünýäsiniň obýektlerini goramak we durnukly peýdalanmak taglymatlaryny wagyz etmek; ýabany haýwanlaryň aýry-aýry görnüşleriniň sanyny düzgünleşdirmek; meýilleşdirilýän hojalyk we beýleki işleriň amala aşyrylmagy boýunça haýwanat dünýäsiniň obýektlerine ýaramaz täsir edip biljek ýagdaýynda, taslama çözgütleriniň döwlet ekologik seljermesini geçirmek; Türkmenistanyň haýwanat dünýäsiniň obýektlerini goramak, üznüksiz köpeltmek we peýdalanmak hakyndaky kanunçylygyna laýyklykda haýwanat dünýäsiniň obýektlerini goramak boýunça beýleki çäreleri amala aşyrmak we beýleki talaplary bildirmek esasynda üpjün edilýär (13-nji madda).

Haýwanat dünýäsiniň döwlet monitoringi haýwanat dünýäsiniň obýektleriniň ýaýramagyna, sanyna, ýagdaýyna, olaryň ýaşaýan gurşawynyň gurluşyna, hiline we meýdanyna yzygiderli gözegçilik etmek esasynda üpjün edilýär we olaryň üýtgemelerine öz wagtynda baha bermek, görnüş dürlüligini aýap saklamak, üznüksiz köpeltmek, haýwanat dünýäsiniň amatly ýagdaýyny we olaryň ylmy taýdan esaslandyrylyp peýdalanylmagyny üpjün etmek üçin ýaramaz

ýagdaýlaryň we hadysalaryň öňüni almak we düzetmek maksady bilen geçirilýär (43-nji madda).

***Türkmenistanyň «Ekologiýa seljermesi hakynda» kanuny (16.08.2014ý.)*** ekologiýa seljermesi babatdaky gatnaşyklary düzgünleşdirýär we meýilleşdirilýän hojalyk hem-de beýleki işiň daşky gurşawa we ilatyň saglygyna ýaramaz täsiriniň öňüni almaga gönükdirilendir.

Ekologiýa seljermesi daşky gurşawa zyýan ýetirilmeginiň öňüni almaga mümkinçilik berýän iň bir wajyp we iň bir netijeli hukuk gurallarynyň biridir. Ol meýilleşdirilýän hojalyk we beýleki işiň ekologiýanyň talaplaryna laýyklygyny barlaýar we bu işiň daşky gurşawa edip biläýjek zyýanly täsirleriniň, olar bilen baglanyşykly durmuş, ykdysady we beýleki netijeleriniň öňüni almak maksady bilen bu işiň ýerine ýetirilmegine ýol bererligi kesgitleýär. Ekologiýa seljermesi duýduryjy barlag wezipesini ýerine ýetirýär, ekologiýanyň talaplarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmekligiň guraly bolup hyzmat edýär, raýatlaryň amatly daşky gurşawa bolan konstitusion hukuklarynyň amala aşyrylmagynyň hukuk serişdesi bolup, ekologiýa taýdan möhüm çözgütler kabul edilende jemgyýetçiligiň pikirini hasaba almaklyga ýardam berýär.

Türkmenistanyň çäklerinde meýilleşdirilýän hojalyk desgalaryň we beýleki işleriň döwlet ekologiýa seljermesini meýilleşdirilýän hojalyk we beýleki işleriň ýerine ýetirlmeginden öň geçirmek hökmany talapdyr. Bu talap ekologiýa seljermesiniň wajyp ýörelgesi hökmünde girizilendir. Mundan başga-da, Kanun ekologiýa seljermesiniň ýörelgeleriniň sanawynda meýilleşdirilýän hojalyk we beýleki işiň daşky gurşawa we ilatyň saglygyna ýetirýän täsirine we onuň netijesine hemmetaraplaýyn baha bermekligi; ekologiýa seljermesiniň netijesiniň hakykatçyllygyny; ekologiýa seljermesi geçirilende äşgärligi we jemgyýetçiligiň pikiriniň hasaba alynmagyny we başgalary göz öňünde tutýar (3-nji madda).

Howply desganyň barlygy, ol boýunça ekologiýa seljermesiniň bellenendigi barada giň äşgärlik daşky gurşawy goramak babatda döwlet edaralarynyň borjudyr. Şeýle hem, ekologiýa ýagdaýy barada ilaty giňişleýin we öz wagtynda habarly etmek bu edaralar üçin

hökmanydyr. Ekologiýa barada maglumatlaryň äşgärligi jemgyýetçiligi ekologiýa seljermesini geçirmeklige gatnaşmaga çekmeklik bilen ýakyn baglanyşyklydyr. Jemgyýetçiligiň gatnaşmagy dürli görnüşde bolup biler: raýatlaryň ýa-da jemgyýetçilik birleşikleriniň zyýanly desganyň ekologiýa seljermesini geçirmek barada tekliplerini ara alyp maslahatlaşmak; seljerme toparynyň düzümine jemgyýetçiligiň wekillerini goşmak, ekologiýa seljermesiniň netijeleri bilen jemgyýetçiligi tanyşdyrmak we ş.m.

Kanun ilkinji gezek jemgyýetçilik ekologiýa seljermesini geçirmekligi göz öňünde tutýar. Jemgyýetçilik ekologiýa seljermesi – bu, seljermäni geçirmäge degişli rugsatnamasy bar bolan we olaryň işiniň esasy ugry, olaryň esaslandyryjy resminamalaryna laýyklykda daşky gurşawy goramak bolup durýan Türkmenistanyň jemgyýetçilik birleşikleriniň başlangyjy boýunça guralýan we geçirilýän seljermäniň görnüşidir (22-nji madda).

***Türkmenistanyň «Galyndylar hakynda» kanuny (23.05.2015ý.)*** galyndylar bilen iş salyşmak çygryndaky gatnaşyklary düzgünleşdirýär, galyndylaryň ilatyň saglygyna we daşky gurşawa ýaramaz täsiriniň öňüni almak maksady bilen galyndylaryň emele gelmegini azaltmaga we hojalyk hem-de beýleki işlerde olaryň rejeli peýdalanylmagyny üpjün etmäge gönükdirilendir.

«Galyndylar hakynda» kanunyň baş ýörelgesi galyndylar bilen iş salyşmak çygrynda kanunçylygyň ýörelgelerine, yagny ilatyň saglygyny goramak, daşky gurşawyň amatly ýagdaýyny saklamak ýa-da dikeltmek we biologik köpdürlüligi gorap saklamak; jemgyýetiň durnukly ösüşini üpjün etmek maksady bilen ilatyň ekologik we ykdysady bähbitlerini ylmy taýdan esaslandyryp utgaşdyrmak; az galyndyly we galyndysyz tehnologiýalary (önümçiligiň ýapyk siklini) durmuşa geçirmek maksady bilen ylmy-tehnikanyň iň soňky gazananlaryny peýdalanmak; galyndylaryň mukdaryny azaltmak maksady bilen material-çig mal serişdeleriniň toplumlaýyn gaýtadan işlenilmegini üpjün etmek; galyndylaryň gaýtadan ulanylmagyny olary ýerleşdirmekden we gömmekden ileri

tutmak; önümçilik we hojalyk işlerinde galyndylary iň pes möçbere getirmek; galyndylary ekologiýa taýdan howpsuz ýerleşdirmek; galyndylary toparlara bölmek esasynda olary hökmany hasaba almak; galyndylaryň mukdaryny azaltmak we olary hojalyk dolanyşygyna çekmek maksady bilen galyndylar bilen iş salyşmak çygryndaky işleri ykdysady taýdan düzgünleşdirmegiň usullaryny peýdalanmak; Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda galyndylar bilen iş salyşmak çygrynda jemgyýetçiligiň maglumata bolan elýeterliligini üpjün etmek; Türkmenistanyň galyndylar bilen iş salyşmak çygrynda halkara hyzmatdaşlygyna gatnaşmagy ýaly ýörelgelere esalanýar (3-nji madda).

Galyndylar bilen iş salyşmak çygrynda döwlet dolandyryşyny amala aşyrýan edaralaryň sanawyna Kanuna laýyklykda Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komiteti (senagat galyndylaryna jogapkär), Türkmenistanyň Jemagat hojalygy ministrligi (hojalyk galyndylaryna jogapkär) we Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi (saglygy goraýşyň galyndylaryna jogapkär) degişlidir.

Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralary we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary öz tabynlygyndaky çäkde galyndylary ýerlemegiň obýektleriniň ýerleşdiriljek ýeriniň meselelerini çözmäge gatnaşýarlar, galyndylary ýygnamak we gaýtadan ulanmak boýunça ýuridik şahslaryň işine, ilatly ýerleriň sanitariýa taýdan arassalanylmagyna we hojalyk galyndylarynyň ýygnanylandygy üçin tölegleriň ýuridik we fiziki şahslar tarapyndan öz wagtynda tölenilmegine ýardam edýärler (11-12-nji maddalar).

Kanuna laýyklykda daşky gurşawa zyýanly täsiriniň derjesi boýunça galyndylar bäş howplulyk klaslaryna bölünýärler: I klas – adatdan daşary howply galyndylar; II klas – ýokary howply galyndylar; III klas – aram howply galyndylar; IV klas – az howply galyndylar; V klas – howpsuz galyndylar. Galyndylaryň howplulyk derejesi kesgitlenilýän ölçegler (kriteriýalar) Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komiteti we Türkmenistanyň Jemagat hojalygy ministrligi bilen ylalaşylmagy

boýunça Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilýär (15-nji madda, 1-2 b.).

Galyndylaryň ilatyň saglygyna we daşky gurşawa zyýanly täsiriniň öňüni almak maksady bilen Kanunda ýörite talaplar we çäreler göz öňünde tutulýar. Olara galyndylary saklamaga we gömmäge (18-nji madda), galyndylary daşamaga (19-njy madda), howply galyndylar bilen iş salyşmaga (20-nji madda), galyndylaryň getirilmegine, çykarylmagyna we serhetüsti daşalmagyna (21-nji madda) bildirilýän talaplar degişlidir.

Nebit dökülende (22-nji madda), gämilerde we beýleki ýüzüji serişdelerde (23-nji madda), uglewodorod serişdeleri we beýleki gazylyp alynýan peýdaly baýlyklar işlenilen mahalynda (24-nji madda) emele gelýän galyndylar bilen iş salyşmaga bildirilýän talaplar nebitiň dökülmeginiň öňüni almak we ony aradan aýyrmak boýunça, tebigaty goramak hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy, Türkmenistanyň «Uglewodorod serişdeleri hakynda», «Ýerasty baýlyklar hakynda» kanunlary we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary hem-de Türkmenistanyň degişli halkara şertnamalary bilen düzgünleşdirilýär.

Galyndylar bilen iş salyşmak çygrynda işleri amala aşyrýan ýuridik we fiziki şahslar emele gelen, peýdalanylan, gaýtadan ulanylan, beýleki şahslara geçirilen ýa-da beýleki şahslardan alnan, şeýle hem ýerleşdirilen galyndylaryň bellenen tertipde hasaba alnyşyny ýöretmäge borçludyrlar (26-njy madda, 1 b.).

Kanun galyndylaryň howplulyk klaslary boýunça gömlen we gaýtadan ulanylan obýektleri hakynda, galyndylaryň mukdar we hil häsiýetnamalary hakynda, galyndylar bilen iş salyşmak hakynda maglumaty öz içine alýan galyndylaryň gömlen we gaýtadan ulanylan ýerleriniň döwlet hasaba alnyşyny göz öňünde tutýar (27-nji madda, 1-2 b.). Bu wezipeler galyndylary öndürijileriň hasabat maglumatlarynyň we galyndylar bilen iş salyşmak çygrynda döwlet dolandyryşynyň ygtyýarlandyrylan edaralarynyň wagtly-wagtynda berýän maglumatlarynyň esasynda döwlet statistika edaralarynyň üstüne ýüklenýär (27-nji madda, 3 b.).

Kanuna laýyklykda Ilatyň saglygyny we daşky gurşawy goramagy üpjün etmek, galyndylaryň mukdarynyň emele gelmegini

azaltmak maksady bilen galyndylaryň emele gelmeginiň kadalary we galyndylary ýerleşdirmegiň çäklendirilen möçberleri işlenip taýýarlanylýar. Galyndylaryň emele gelmeginiň kadalary we galyndylary ýerleşdirmegiň çäklendirilen möçberleri Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komiteti bilen ylalaşylmagy boýunça ýuridik şahslar tarapyndan işlenip taýýarlanylýar we tassyklanylýar (28-nji madda).

Galyndylar ýerleşdirilen we gömlen mahalynda Kanuna laýyklykda daşky gurşawyň hapalanandygy üçin Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komiteti tarapyndan bellenen tertipde töleg alynýar. Tölegiň mukdary galyndylary ýerleşdirmegiň çäklendirilen möçberleriniň we galyndylaryň howplulyk derejesine baglylykda bellenilen tölegiň esasynda Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kesgitlenilýär.

Galyndylar ýerleşdirilen we gömlen mahalynda daşky gurşawyň hapalanandygy üçin töleg Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilmäge degişlidir, ol serişdeler, galyndylar bilen iş salyşmak çygrynda döwlet maksatnamalaryny durmuşa geçirmäge gönükdirilýär (29-njy madda).

***Türkmenistanyň «Öri meýdanlar hakynda» kanuny (18.08.2015ý.)*** öri meýdanlaryny durnukly dolandyrmagyň hukuk, ykdysady we guramaçylyk esaslaryny kesgitleýär we öri meýdanlaryny rejeli peýdalanmak we goramak, olaryň ekologik, ykdysady we serişde potensialyny ýokarlandyrmak bilen baglanyşykly gatnaşyklary düzgünleşdirýär.

Kanuna laýyklykda ***öri meýdanlar ýa-da peýdalanylýan öri meýdan ýerleri*** döwlet eýeçiliginde durýan we mal bakmak hem-de beýleki maksatlar üçin peýdalanylýan, oba hojalyk maksatly ýerleriň düzümine girýän ýerlerdir. Öri meýdan ýerleri oba hojalyk maksatly ýerleriň düzümine girýärler. Öri meýdan ýerleriniň düzümine mal bakmak üçin peýdalanylýan ýerler, şeýle hem mal sürlüp geçirilýän ýollar, gatnaw ýodalar, ýata suwly howdanlar, guýular, suw geçirijiler, gurulmalar we öri meýdan hojalygyny alyp barmak üçin

zerur bolan beýleki desgalar bilen eýelenen ýerler girýärler (6-njy madda).

Mal bakmak üçin öri meýdan hökmünde Türkmenistanyň tokaý gaznasynyň ýerleri, aýratyn goralýan tebigy ýerleriň aýratyn bölekleri we beýleki toparlara degişli ýerler bölünip berlip bilner (7-nji madda, 1 b.).

Kanun peýdalanylýan öri meýdan ýerleri goramak boýunça çäreleri berkidýär. Olar öri meýdanlaryndan rejeli peýdalanmaklyga, gowulandyrmaklyga we serişde mümkinçiliklerini gorap saklamaklyga, öri meýdanlarynyň zaýalanmagynyň, ýok edilmeginiň ýa-da beýleki zyýanly täsirleriň öňüni almaklyga gönükdirilen çäreleriň toplumydyr. Öri meýdanlaryny gowulandyrmak –öri meýdanlarynyň serişde mümkinçiliklerini we hasyllylygyny ýokarlandyrmaga, topragyň önümliligini artdyrmaga we öri meýdanlaryny suwlulandyrmaga gönükdirilen çäreleriň toplumydyr.

***Türkmenistanyň «Atmosfera howasyny goramak hakynda» kanuny (23.03.2016 ý.)*** atmosfera howasyny hapalaýjy maddalaryň zyňyndylaryndan goramagyň hukuk we guramaçylyk esaslaryny kesgitleýär hem-de ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmäge, hojalyk we beýleki işleriň daşky gurşawa hem-de ilatyň saglygyna ýetirýän zyýanly täsiriniň öňüni almaga gönükdirilendir.

Kanunda ilkinji gezek atmosfera howasyna daşky tebigy gurşawyň atmosfera gazlarynyň tebigy garyndysyndan ybarat bolup durýan düzüm bölegi, şeýle hem atmosfera howasynyň hiline – atmosfera howasynyň gigiýena we ekologiýa kadalara laýyklyk derejesini görkezýän, onuň fiziki, himiki we biologik häsiýetleriniň jemi hökmünde kesgitleme berilýär (1-nji madda).

Kanun atmosfera howasynyň ozondargadyjy maddalar tarapyndan hapalanmagy bilen bagly gatnaşyklaryň ozon gatlagyny goramak hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy bilen düzgünleşdirilýändigine salgylanýar (2-nji madda, 2 b.).

Atmosfera howasyny goramagyň esasy ýörelgeleriniň arasynda Kanun her bir adamyň amatly daşky gurşawa bolan hukugyny, ilatyň ömrüni we saglygyny goramagyň ileri tutulmagyny üpjün etmek; atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylaryny

kadalaşdyrmak; atmosfera howasyny goramak meselelerini ylmy esasda çözmek; atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylaryny peseltmek maksady bilen energiýa tygşytlaýjy we (ýa-da) serişde tygşytlaýjy tehnologiýalary, iň oňat elýeterli tehniki usullary oranşdyrmak we peýdalanmak; atmosfera howasynyň ýagdaýy, oňa täsirler we ony goramak boýunça görülýän çäreler baradaky ekologiýa maglumatyň elýeterligi we beýleki ýörelgeleri göz öňünde tutýar (3-nji madda).

Atmosfera howasyny goramak babatda hasaba almagy alyp barmak, tükelleýiş geçirmek, kadalaşdyrmak we gözegçilik etmek maksady bilen Kanun hapalaýjy maddalaryň atmosfera howasyna zyňyndylarynyň çeşmelerini toparlara bölmekligi göz öňünde tutýar. Olar zyňyndylaryň stasionar, hereketlenýän we stasionar däl çeşmeleridir (10-njy madda).

Atmosfera howasyny goramak babatda atmosfera howasynyň hiliniň kadalaryny, atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylarynyň kadalaryny, atmosfera howasyna fiziki taýdan zyýanly täsir etmegiň kadalaryny öz içine alýan kadanyň bellenilmegi örän wajypdyr (11-14-nji maddalar).

Kanun işi atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylary we atmosfera howasyna fiziki taýdan zyýanly täsir edilmegi bilen bagly bolan ýuridik we fiziki şahslaryň borçlaryny göz öňünde tutýar. Olaryň borçlaryna aşakdakylar girýär: atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňylmagyny we atmosfera howasyna fiziki taýdan zyýanly täsir edilmegini peseltmek üçin desgalaryň we enjamlaryň netijeli işlemegini üpjün etmek we olara gözegçiligi amala aşyrmak; atmosfera howasyna zyňylýan hapalaýjy maddalaryň mukdarynyň we düzüminiň hasaba alnyşyny amala aşyrmak; ýaramaz meteorologik şertler bilen baglylykda atmosfera howasynyň hapalanmak derejesiniň mümkin bolan ýokarlanmasy barada duýduryş alnan ýagdaýlarynda ýörite çäreleri ýerine ýetirmek; atmosfera howasyna fiziki taýdan zyýanly täsir etmegiň aňryçäk ýol berilýän kadalaryny berjaý etmek; atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylarynyň çeşmelerini tozan tutujy enjamlar, gaz arassalaýjy enjamlar we atmosfera howasyna zyňylýan

hapalaýjy maddalaryň mukdaryna we himiki düzümine gözegçilik serişdeleri bilen üpjün etmek (15-nji madda).

Atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylary bilen daşky gurşawyň hapalanandygy we başga görnüşli täsirler üçin ýuridik fiziki şahslar tölegiň bellenen kadalaryna laýyklykda tölegi amala aşyrmaga borçludyrlar.

Atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylary üçin tölegleriň kadalary atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň bellenen çäklendirilen möçberleriň (atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylarynyň aňryçäk ýol berilýän kadalarynyň) çäklerinde zyňyndylary üçin tölegiň kadalaryny we atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň bellenilen çäklerinden möçberlerden artyk zyňyndylary üçin tölrgiň kadalaryny öz içine alýar (29-njy madda).

***Türkmenistanyň «Medeni ösümlikleriň genetiki gorlaryny ýygnamak, gorap saklamak we rejeli peýdalanmak hakynda» kanuny (4.02.2017 ý.).*** Kanuna laýyklykda medeni ösümlikleriň genetiki gorlary - oba hojalygyny alyp barmak we iýmit önümlerini öndürmek üçin hakyky ýa-da potensial gymmatlykly, gelip çykyşy ösümlikden bolan islendik genetiki materiallardyr (1-nji madda, 1 b).

Medeni ösümlikleriň genetiki gorlarynyň esasyny olaryň ýabany kowumdaşlary – ekerançylyga girizmek ýa-da täze sortlary döretmek işinde peýdalanmak üçin potensial ýaramly, medeni ösümlikler bilen bir topara girýän, medeni ösümliklere ewolýusion-genetiki taýdan ýakyn tebigy ösümlikler dünýäsiniň görnüşleri tutýarlar (1-nji madda, 3 b).

Umuman, Kanunda ösümlik dünýäsine degişli iki topary: (1) medeni ösümlikleriň genetiki gorlaryny we (2) medeni ösümlikleriň ýabany kowumdaşlaryny goramak we rejeli peýdalanmak hakynda gürrüň edilýär.

Şunuň bilen baglylykda, Kanunyň esasy maksady medeni ösümlikleriň genetiki gorlaryny hemmetaraplaýyn öwrenmek we durnukly peýdalanmak maksady bilen häzirki we geljekki nesiller üçin medeni ösümlikleriň genofondy hökmünde, olaryň ýabany kowumdaşlaryny goşmak bilen, olary gorap saklamak bolup durýar.

Olary gorap saklamak azyk, ekologiýa we bioserişde howpsuzlygyny gowulandyrmak üçin esasdyr (2-nji madda).

Kanuna laýyklykda Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komiteti hem medeni ösümlikleriň genetiki gorlaryny ýygnamak, gorap saklamak we rejeli peýdalanmak babatda ygtyýarlandyrylan döwlet edaralarynyň biridir (6-njy madda).

Medeni ösümlikleriň genetiki gorlaryny ýygnamak, gorap saklamak we rejeli peýdalanmak babatda ygtyýarlandyrylan döwlet edaralary:

- medeni ösümlikleriň genetiki gorlaryny ýygnamak, gorap saklamak we rejeli peýdalanmak babatda döwlet syýasatyny durmuşa geçirýärler;
- medeni ösümlikleriň genetiki gorlaryny ýygnamak, gorap saklamak we rejeli peýdalanmak boýunça toplumlaýyn çäreleri amala aşyrýarlar;
- ösümlikleriň görnüşleriniň we sortlarynyň reintroduksiýasyny guraýarlar;
- medeni ösümlikleriň genetiki gorlaryna bolan elýeterliligiň tertibini we olary peýdalanmakdan alnan girdejileri paýlamagyň mehanizmini kesgitleýärler;
- ýuridik we fiziki şahslara medeni ösümlikleriň genetiki gorlaryny ýygnamak, gorap saklamak we rejeli peýdalanmak bilen baglanyşykly meseleler boýunça usulyýet kömegini berýärler;
- medeni ösümlikleriň genetiki gorlarynyň kolleksiýalaryny döretmegiň, baýlaşdyrmagyň we peýdalanmagyň tertibini belleýärler;
- medeni ösümlikleriň genetiki gorlaryny ýygnamak, gorap saklamak we rejeli peýdalanmak babatda döwlet barlagyny we gözegçiligini amala aşyrýarlar;
- medeni ösümlikleriň we olaryň ýabany kowumdaşlarynyň genetiki gorlaryny ýygnamak, gorap saklamak we rejeli peýdalanmak babatda Türkmenistanyň halkara şertnamalary

boýunça döwlet borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegini guraýarlar;

- şu Kanuna we medeni ösümlikleriň genetiki gorlaryny ýygnamak, gorap saklamak we rejeli peýdalanmak babatda Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda öz ygtyýarlyklaryna girýän beýleki meseleleri çözýärler (8-nji madda).

***Türkmenistanyň "Ekologiýa howpsuzlygy hakynda" kanuny (3.06.2017 ý.)*** ýuridik we fiziki şahslar tarapyndan hojalyk we beýleki iş amala aşyrylan mahalynda ekologiýa howpsuzlygy babatda gatnaşyklary düzgünleşdirýär hem-de adamyň we jemgyýetiň ýaşaýşynyň möhüm bähbitlerini üpjün etmäge, daşky gurşawa antropogen we tebigy täsiriň netijesinde ýüze çykýan howpdan ony goramaga gönükdirilendir.

Kanuna laýyklykda ekologiýa howpsuzlygy diýlip hojalyk we beýleki işiň, tebigy we tehnogen häsiýetli adatdan daşary ýagdaýlaryň mümkin bolaýjak ýaramaz täsirinden daşky gurşawyň, ilatyň durmuşynyň we saglygynyň goraglylygynyň ýagdaýyna aýdylýar (1-nji madda, 1b.).

Ekologiýa howpsuzlygy babatda döwlet syýasaty ekologiýa howpunyň derejesiniň meýilnama laýyk peseldilmegini göz öňünde tutmalydyr. Şonuň üçin daşky gurşawa gönüden-göni ýa-da gytaklaýyn täsir edýän islendik hojalyk we beýleki iş, ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek nukdaýnazaryndan düzgünleşdirilmelidir. Hojalyk we beýleki işiň ähli subýektleri şu Kanun we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen bellenilen ekologiýa howpsuzlygynyň üpjün edilmegine bolan talaplary berjaý etmäge borçludyrlar (4-nji madda, 4-5b.).

Ekologiýa howpsuzlygy babatda kadalaşdyrma ekologiýa howpsuzlygyna abanýan howplaryň öňüniň alynmagyny üpjün edýän hojalyk we beýleki işiň daşky gurşawyň ýagdaýyna we ilatyň saglygyna ýaramaz täsirini döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek maksady bilen Kanun ekologiýa howpsuzlygy babatda kadalaşdyrma döwlet standartlaryny bellenilmegini hem-de hojalyk we beýleki işiň ekologiýa howpsuzlyk meselelerini düzgünleşdirýän beýleki

kadalaşdyryjy resminamalaryň işlenip taýýarlanylmagyny talap edýär.

Ekologiýa howpsuzlygynyň kada görkezijileri meýilleşdirilýän hem-de amala aşyrylýan hojalyk we beýleki işiň netijesinde daşky gurşaw, ilatyň saglygy, ýuridik we fiziki şahslaryň emlägi üçin aňryçäk töwekgelçiligine baha bermek üçin bellenilýär.

Daşky gurşawa we ilatyň saglygyna täsir ediş obýektlerine ulanylmaga degişli ekologiýa howpsuzlygynyň kada görkezijilerine şulara laýyklykda bellenilen, ekologiýa taýdan töwekgelçiligiň kabul ederlikli we aňryçäk ýol berilýän derejeleriniň kada görkezijileri degişlidir:

1) radioaktiw maddalary goşmak bilen, ekologiýa we tebigy-hojalyk ulgamlarynyň himiki hapalanmadan tebigy gaýtadan işlenilmäge we gaýtadan dikeldilmäge bolan ukybyny nazara almak bilen, daşky gurşawyň ýagdaýynyň himiki görkezijilerine;

2) gidrometeorologik görkezijileri we ölçegleriň beýleki görnüşleriniň derejelerini goşmak bilen, daşky gurşawyň ýagdaýynyň fiziki görkezijilerine;

3) tebigy ekologiýa ulgamlarynyň, şol sanda daşky gurşawyň ekologiýa howpsuzlygynyň ýagdaýyna ekologiýa taýdan anyklaýyş ulgamlarynda indikatorlar hökmünde peýdalanylýan ösümlikleriň, haýwanlaryň we beýleki organizmleriň görnüşleriniň hem-de toparlarynyň biologik görkezijilerine;

4) daşky gurşawa we ilatyň saglygyna täsir edýän stasionar, hereketlenýän we beýleki çeşmeleriň tehnologik dessurlaryna (17-18-nji maddalar).

Kanuna laýyklykda meýilleşdirilýän hojalyk we beýleki iş onuň daşky gurşawa mümkin bolaýjak göni ýa-da gytaklaýyn täsir etmegi we onuň ekologiýa howpunyň derejesini kesgitlemek nukdaýnazaryndan bellenilen tertipde baha berilmegine degişlidir.

Eger-de daşky gurşawa göni ýa-da gytaklaýyn täsir edýän hojalyk we beýleki iş, ekologiýa taýdan potensial howply bolsa, onda onuň ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmäge bolan talaplara laýyklygy bellenilen tertipde yzygiderli barlanylmaga degişlidir.

Ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmäge bolan talaplara laýyk gelmeýän meýilleşdirilýän hojalyk we beýleki işe ekologiýa taýdan

howply diýlip baha berilýär hem-de onuň amala aşyrylmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde gadagan edilýär (20-nji madda).

Alnyp barylýan hojalyk we beýleki işe baha bermek üçin Kanun tarapyndan döwlet ekologiýa seljermesiniň geçirilmegi göz öňünde tutulýar. (1) meýilleşdirilýän ýa-da amala aşyrylýan hojalyk we beýleki işiň ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmäge bolan talaplara laýyklygyny we (2) meýilleşdirilýän hojalyk we beýleki işiň taslamalarynyň çaklanylýan durmuşa geçirilmeginiň netijesinde ekologiýa howpsuzlygyna abanýan howplaryň döremegine garşy seresaplylyk çäreleriniň ýeterlikligini kesgitlemek maksady bilen geçirilýär (21-nji madda).

Şeýle hem, ekologiýa howpsuzlygynyň derejesine ekologiýa töwekgelçiligi bilen baglanyşykly hojalyk we beýleki işi amala aşyrýan kärhanalarda we önümçiliklerde geçirilýän auditiň (22-nji madda); işiň aýry-aýry görnüşleriniň ygtyýarlylandyrylmagyň (23-nji madda); himiýa we nebit-himiýa önümlerini, maşyn gurluşyk we elektroenergetika senagatynyň harytlaryny sertifikatlaşdyrylmagyň (24-nji madda) kömegi bilen baha berilýär.

***Türkmenistanyň «Döwlet ýer kadastry hakynda» kanuny (25.11.2017 ý.)***

Kanuna laýyklykda Döwlet ýer kadastry ýerleriň tebigy, hojalyk we hukuk düzgüni, toparlary, mukdar we hil häsiýetnamalary hem-de ykdysady baha berlişi, olaryň ýerleşýän ýeri we ölçegleri barada, şeýle hem olaryň ýer bölekleriniň eýeleri, ýerden peýdalanyjylar hem-de ýer kärendeçileri boýunça bölünişi barada resmileşdirilen maglumatlaryň ýeke-täk döwlet geomaglumat ulgamydyr (1-nji madda, 1 b.).

Döwlet ýer kadastry aşakdaky maksatlar, ýagny:

1) ýer serişdelerini durnukly dolandyrmagy üpjün etmek;

2) ýer serişdeleriniň rejeli peýdalanylyşyna we goralyşyna hem-de ýagdaýynyň üýtgemelerine monitoringiň geçirilişine döwlet gözegçiligini amala aşyrmak;

3) ýerleriň gurplulygynyň saklanylmagyna we ýokarlanmagyna gönükdirilen çäreleri geçirmek;

4) döwlet häkimiýet edaralaryny, Geňeşleri we beýleki ýuridik hem-de fiziki şahslary maglumat taýdan üpjün etmek;

5) Döwlet ýer kadastry babatda beýleki çäreleri geçirmek maksady bilen ýöredilýär (3-nji madda).

Türkmenistanyň ýer gaznasy ýerleriň kimiň ygtyýarynda durýandygyna garamazdan Döwlet ýer kadastrynyň obýektidir, ýer bölekleriniň eýeleri, ýerden peýdalanyjylar hem-de ýer kärendeçileri onuň subýektleridirler (5-nji madda).

Döwlet ýer kadastry:

1) ýer böleklerine bolan hukuklaryň döwlet belligine alnandygy barada maglumatlar toplumyny;

2) ýer bölekleriniň mukdar we hil häsiýetnamalaryny;

3) topraklaryň bonitirowkasy barada maglumatlary;

4) ýerlere ykdysady baha berilmegini;

5) Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen ýer serişdelerini rejeli peýdalanmak we goramak bilen baglanyşykly beýleki maglumatlary öz içine alýar.

Döwlet ýer kadastryna girizilmäge degişli maglumatlaryň ýer bölekleriniň eýeleri, ýerden peýdalanyjylar hem-de ýer kärendeçileri, şeýle hem degişli döwlet häkimiýet edaralary tarapyndan degişli ýerli edara berilmegi hökmanydyr (11-nji madda).

Kadastr kartalary, kadastr çyzgylary (planlary), kadastr işleri we kadastr resminamalary ýer-kadastr resminamalarynyň esasy görnüşleridir (17-nji madda).

Döwlet ýer kadastryny ýöretmek işleriň şu görnüşlerini:

1) kartografiki we aerokosmos surata düşürmeleriň materiallaryny peýdalanmaklygy, topografiki, toprak, agrohimiki, geobotaniki we beýleki barlaglary we gözlegleri geçirmegi;

2) ýerleriň mukdar we hil taýdan ýagdaýyny kesgitlemegi;

3) ýuridik we fiziki şahslara ýerleri bermek baradaky resminamalaryň resmileşdirilendigi barada Döwlet ýer kadastr kitabyna degişli maglumatlary girizmegi öz içine alýar (25-nji madda).

* * *

Umuman, tebigaty goramak boýunça ekologiki kanunlara berilen syn olaryň tebigy baýlyklary goramak we olardan peýdalanmak babatda meseleleriň köp bölegini hukuk taýdan öz içine alýandyklaryny, edara görnüşindäki taraplara we şahsy adamlara olar hojalyk we beýleki işleri ýerine ýetirenlerinde bildirilýän ekologiki talaplar baradaky kadalary berkidýändiklerini görkezýär. Hukuk taýdan ýokary güýji bolan kanunlar olara laýyklykda we olary ýerine ýetirmek üçin kabul edilýän kadalaşdyryjy hukuk namalary ösdürmek üçin esas bolýarlar.

Şol bir wagtda, ekologiýa kanunlaryna berilen bu syn daşky gurşawy goramak we tebigy baýlyklardan peýdalanmak babatda gatnaşyklaryň ähli toplumyny öz içine almaýar. Bu düşnükli zat, kanunlar, düzgün boýunça, umumy häsiýetli düzgünler bilen çäklenip we çarçuwaly häsiýetli bolup, kadalaşdyryjy hukuk namalaryň ösdürilmegi üçin hukuk esaslaryny düzýärler. Olar tebigy baýlyklary goramak we peýdalanmak babatda ähli meseleleri hukuk taýdan sazlaşdyryp bilmeýärler. Islendik kanun netijeli işlemegi üçin köpsanly kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň kabul edilmegini talap edýär. Esasy tebigaty goramak kanunlarynyň seljermesi olary amala aşyrmak boýunça kanunlaryň düzgünlerinden gelip çykýan kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň kabul edilmegi jähtden geljekde uly işleriň ýerine ýetirilmeginiň zerurdygyny görkezýär. Käbir mysallary getireliň. Türkmenistanyň Tokaý kodeksi 20 sany, Türkmenistanyň «Aýratyn goralýan tebigy ýerler hakynda» kanuny 10-dan gowrak kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň kabul edilmegini göz öňünde tutýar. 3-nji goşundyda aýratyn tebigaty goramak kanunlaryndan gelip çykýan kadalaşdyryjy hukuk namalar görkezilýär. Şunuň bilen baglylykda, ýokarda görkezilen kanunlardan gelip çykýan kadalaşdyryjy hukuk namalaryny taýýarlanmak we kabul etmek işlerini çaltlandyrmak, kadlaşdyryjy namalarda kanunlaryň düzgünlerini anyklaşdyrmak möhümdir. Her

bir anyk kanunyň degişli kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamasyny taýýarlamaklyga belli bir anyk döwlet dolandyryş edarasy (ministrlik ýa-da döwlet edarasy) jogap bermelidir.

# IKINJI BAP. TÜRKMENISTANYŇ EKOLOGIÝA BOÝUNÇA HALKARA YLALAŞYKLARY

Häzirki wagtda Türkmenistan ekologiýa boýunça halkara şertnamalarynyň we ylalaşyklarynyň 20-e golaýyna gatnaşýar we olardan gelip çykýan borçnamalary öz üstüne alýar. Türkmenistanyň gatnaşýan ekologiýa boýunça halkara ylalaşyklarynyň sanawy 4-nji goşundyda berilýär.

Türkmenistan Konstitusiýanyň 9-njy maddasyna laýyklykda umumy ykrar edilen halkara hukuk namalarynyň artykmaçlygyny tassyklaýar. Bu bolsa Türkmenistanyň goşulan (ykrar edilenden ýa-da goşulandan soň) halkara ylalaşyklarynyň düzgünleriniň milli kanunçylyga girizilýändigini hem-de milli hukuk namalaryndan ýokarda durýandygyny aňladýar. Konstitusiýanyň kabul edilen gününden başlap bu konstitusion ýörelge milli kanunçylykda öz beýanyny tapýar we yzygiderli durmuşa geçirilýär. Türkmenistanyň ekologiýa boýunça halkara ylalaşyklaryndan gelip çykýan halkara borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegi olaryň düzgünleriniň ýurtda hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalara, milli strategiýalara, maksatnamalara we meýilnamalara goşulmagynyň zerurlygy bilen şertlendirilýär.

Milli ekologiýa kanunçylygynyň kadalary halkara ekologiýa ylalaşyklary (konwensiýalar) boýunça borçnamalaryň ýeine ýetirlmegini üpjün etmekligi, şeýle hem tebigy baýlyklary uzakmöhletleýin goramak we durnukly peýdalanmak boýunça syýasaty alyp barmaklygy ündeýär. Konwensiýalaryň düzgünlerini hereket edýän milli kanunçylyga girizmek arkaly olaryň düzgünnamalaryny dürmuşa geçirmekligiň netijeliligini ýokarlandyrmak bolar: ähli gyzyklznýan taraplaryň bu düzgünnamalary berjaý etmeklerine we ýerine ýetirmeklerine hökmany häsiýet bermeli, bu ugurda olaryň hereketlerini utgaşdyrmagy we ş.m. üpjün etmeli.

Türkmenistanyň täze ekologiýa kanunçylygy köp ýagdaýlarda halkara-hukuk kadalaryny göz öňünde tutýar. Şol bir wagtda-da, daşky gurşawy goramak babatda milli kanunçylygy ekologiýanyň

halkara-hukuk kadalary bilen mundan beýläk hem sazlaşdyrylmagy üçin ähli mümkinçilikler heniz doly peýdalanylan däldir. Şunuň bilen baglylykda Türkmenistanyň halkara ekologiýa ylalaşyklarynyň we konwensiýalarynyň çäklerinde kabul eden borçnamalaryna ýeterlik ünsi üpjün etmek möhümdir. Bu ugurda 1999-njy ýylda döredilen Türkmenistanyň BMG-niň daşky gurşaw boýunça konwensiýalaryndan we maksatnamalaryndan gelip çykýan borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça Döwlet topary[15] uly rol oýnamalydyr. Şunuň bilen baglylykda Döwlet toparynyň milli ekologiýa we beýleki kanunçylygynda konwensiýalaýyn kadalary utgaşdyrmak we ýerine ýetirmek boýunça Döwlet toparynyň ähmiýetini ýokarlandyrmak zerurdyr. Aşakda Türkmenistanyň daşky gurşawy goramak babatda esasy köptaraplaýyn ylalaşyklary we olardan gelip çykýan halkara borçnamalary barada gysgaça maglumat berilýär.

### *Halkara ähmiýetli, esasan-da suwda ýüzýän guşlaryň ýaşaýan suwly-batgalyk ýerleri hakyndaky konwensiýasy, ýa-da Ramsar konwensiýasy (1971-nji ýylyň 2-nji fewraly, Ramsar ş.).*

Konwensiýa 1975-nji ýylyň 21-nji dekabrynda güýje girdi.

***Ramsar konwensiýasynyň esasy maksady*** suw-batgalyk ýerleri goramak we aň-düşünjeli peýdalanmakdyr. Sekiz sany görkezijini hasaba almagyň netijesinde (suw-batgalyk ýeriň aýratynlyklaryny, onda ýaşaýan guşlaryň we balyklaryň görnüşlerini hasaba almak bilen) Konwensiýanyň bu ýerleriň Ramsar sanawy emele gelýär.

Türkmenistan Ramsar konwensiýasyna 2008-nji ýylyň 22-nji fewralynda goşuldy.

***Borçnamalar:*** Ramsar konwesiýasynyň Taraplary aşakdakylara:

- Ramsar sanawyna goşmak üçin azyndan bir suw-batgalyk ýeri bellemeklige; bu ýerleri goramaklyga ýardam bermeklige, olaryň meýdany kemelen ýagdaýynda – olaryň

---

[15] Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 1999 ý., № 3, 110-njy madda

ornuny tutup biljek ýerleri döretmeklige; Ramsar sanawynyň islendik ýerinde ekologiýa häsiýetli islendik üýtgemeler barada Konwesiýanyň býurosyna habar bermeklige;

- Ramsar sanawynyna giren suw-batgalyk ýerleri goramaklygy ýerden peýdalanmagyň milli meýilnamalaryna girizmeklige;
- mümkinçiliklere görä ähli suw-batgalyk ýerleri (diňe bir Ramsar sanawyndakylary däl) aň-düşünjeli peýdalanmaklyga;
- suw-batgalyk ýerlerde goralýan ýerleri döretmeklige (Ramsar sanawyna girenine ýa-da girmedigine bagly däl) we olary netijeli dolandyrmagy ýola goýmaklygs;
- Taraplaryň maslahatynyň mejlislerine gatnaşmaklyga we üçýyllyk milli hasabatlary tabşyrmaklyga;
- barlaglara, maglumat alyp-bermeklige we suw-batgalyk ýerler, olaryň haýwanat we ösümlik dünýäsi boýunça çap etmelere, şeýle hem hünärmenleri okatmaklyga ýardam etmeklige;
- beýleki Taraplar bilen Ramsar konwensiýasyny ýerine ýetirmek barada, aýratyn hem, serhetüsti suw-batgalyk ýerlere, bilelikdäki suw ulgamalaryna we umumy görnüşlere degişli maslahatlaşmalary geçirmeklige borçlanýarlar.

### *Ozon gatlagyny goramak barada Wena konwensiýasy (1985-nji ýylyň 22-nji marty, Wena ş.)*

Konwensiýa 1988-nji ýylyň 22-nji sentýabrynda güýje girdi.

***Konwensiýanyň esasy maksady*** ozondargadyjy maddalaryň öndürilişine we peýdalanylyşyna gözegçilik etmek hem-de olardan peýdalanmakdan kem-kemden ýüz öwürmek arkaly, ozon gatlagynyň dargamagynyň netijelerinden adamyň saglygyny we daşky gurşawy goramaklyga ýardam etmekdir.

Wena konwensiýasynyň düzgünlerini ösdürmek bilen baglylykda Ozon gatlagyny dargadýan maddalar boýunça Monreal

Teswirnamasy kabul edildi (Monreal şäheri, 1987-nji ýylyň 16-njy sentýabry).

Türkmenistan Wena konwensiýasyna we onuň Monreal teswirnamasyna 1993-nji ýylyň 3-nji awgustynda goşuldy.

***Borçnamalar:*** Konwensiýanyň Taraplary ozon gatlagyny goramak üçin degişli çäreleri amala aşyrmaklyga borçlanýarlar. Ozon gatlagyny dargadyjy maddalar hakynda Monreal teswirnamasynyň (1987-nji ýylyň 16-njy sentýabry, Monreal ş.) we onuň dört sany düzedişiniň kabul edilmegi bilen ozondargadyjy maddalardan peýdalanmaga degişli anyk çäreler girizildi. Oňa ozondargadyjy maddalary önümçilikden we peýdalanmakdan çykarmagyň jikme-jik tertipnamasy, şeýle hem ozondargadyjy maddalaryň öndürilişine, eksportyna we importyna gözegçilik boýunça çäreler goşuldy. Teswirnamanyň hereketi ýaýraýan ähli ozondargadyjy maddalar onuň goşundylarynda sanalýar. Mundan başga-da, her bir Tarap başlangyç ýyl üçin, Teswirnamanyň goşundylarynda seredilýän maddalar boýunça düzgünleriň bu ýurtda güýje giren ýyly üçin, şeýle hem her geljek ýyl üçin ozondargadyjy maddalaryň öndürilişi, eksporty we importy boýunça Konwensiýanyň sekretariatyna statistik maglumatlary bermäge borçludyr.

### *Howply galyndylaryň serhetüsti daşalyşyna we olaryň çykarylyşyna gözegçilik etmek hakyndaky Bazel konwensiýasy (1989-njy ýylyň 22-nji marty, Bazel ş.)*

Konwensiýa 1992-nji ýylyň 5-nji maýynda güýje girdi.

Konwensiýanyň esasy maksady howply galyndylaryň serhetüsti geçirilmegine gözegçiligi üpjün etmekdir. Şeýle hem, Konwensiýa howply we beýleki galyndylaryň serhetüsti daşalmagy, şol sanda heläkçilikleriň we şeýle galyndylaryň bikanun sowdasynyň netijesinde ýetirilen ýitgileriň öwezini dolmaklygyň jogapkärçiligine we zerurlygyna üns berýär.

Türkmenistan Bazel konwensiýasyna 1996-njy ýylyň 18-nji iýunynda goşuldy.

Borçnamalar: Konwensiýanyň Taraplary galyndylar bilen ekologiýa taýdan howpsuz işlemekligi we gömmegi üpjün etmeklige borçlanýarlar. Bu maksada ýetmek üçin Taraplar aşakdakylary ýerine ýetirmelidirler:

- Konwensiýanyň çäklerinde kabul edilen duýdurmak we rugsat bermek ulgamy arkaly howply galyndylaryň serhetüsti daşalyşyna gözegçilik etmek;
- galyndylaryň bikanun söwdasyna gözegçilik etmek we öňüni almak;
- galyndylar bilen ekologiýa taýdan howpsuz işlemek ulgamyny döretmeklige ýardam etmek.

Bu borçnamalary ýerine ýetirmek üçin her Tarap bir ýa-da birnäçe ygtyýarly edaralary bellemelidir.

Konwensiýa ýurtlara howply galyndylary gömmek üçin import etmek barada teklipleri kabul etmezlik ýa-da gadagan etmek hukugyny berýär.

### *Serhetüsti suwakarlary we halkara kölleri goramak we peýdalanamk boýunça konwensiýa (1992-nji ýylyň 17-nji marty, Helsinki ş.)*

Konwensiýa 1996-njy ýylyň 6-njy oktýabrynda güýje girdi.

***Konwensiýanyň esasy maksady*** ýurtlaryň arasynda serhetüsti suw desgalary boýunça utgaşdyrmak, serhetüsti hapalanmagyň öňüni almak, gözegçilik etmek we azaltmak maksady bilen olaryň arasynda hyzmatdaşlygy berkitmek üçin şertleri döretmekdir. Ol ýurtlary serhetüsti täsiriň öňüni almak, çäklendirmek we azaltmak boýunça hyzmatdaşlyk etmek barada borçnamalar ýükleýär, milli kanunçylygy hökmany ýagdaýda Konwensiýanyň düzgünnamalary na laýyk getirilmegini şertlendirýär. Şol sebäpli Konwensiýanyň Taraplarynyň hyzmatdaşlygynda esasy roly bilelikdäki suw desgalaryny peýdalanmagyň umumy hukuk binýady, şeýle hem ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn ylalaşyklar oýnaýar.

Şeýle hem, Konwensiýa suw serişdelerini durnukly dolandyrmaklyga, olary goramaklyga we umuman daşky gurşawy goramaklyga ýardam bermeklige gönükdirilendir.

Türkmenistan Konwensiýa 2012-nji ýylyň 4-nji awgustynda goşuldy.

***Borçnamalar:*** Konwensiýa laýyklykda Taraplar aşakdakylara borçlanýarlar:

- degişli suw ýygnaýyş jülgelerine degişli syýasyty we strategiýany sazlaşdyrmak üçin deňhukuklylyk we özarabähbitlilik esasynda hyzmatdaşlyk etmek;
- milli kanunçylygy Konwensiýanyň düzgünlerine laýyk getirmek;
- nokat (ujypsyz) çeşmelerden hapalanmagy azaltmak maksady bilen suwuk galyndylara ygtyýarnama (lisenziýa) bermek ulgamyny işläp taýýarlamaga ýardam etmek;
- hapalanmagyň ýaýran çeşmelerinden, esasan hem oba hojalyk çeşmelerinden biogen elementleriň ýaýramagyny azaltmak maksady bilen abr bolan iň oňat tehnologiýalary we usullary peýdalanmak;
- şäheriň suwuk galyndylaryny, iň az talap hökmünde, biologiki arassalamak usulyny peýdalanmak;
- öňünden duýduryş ulgamyny girizmek arkaly hapalaýjylaryň heläkçilik ýagdaýynda dökülmek howpuny azaltmak (bolup biläýjek mysallaryň biri hökmünde);
- serhetüsti suw desgalarynyň ýagdaýyna bilelikde gözegçilik etmekligi we baha bermekligi ýola goýmak;
- suwuň ylalaşylan kadalaryny we ölçeglerini goldamak üçin bilelikde barlaglaryň we beýleki çäreleriň geçirilmegine ýardam etmek;
- zyňyndylar we gözegçilik boýunça görkezijilere, ýerine ýetirilen we meýilleşdirilýän çärelere, milli kadalaşdyrjy hukuk namalara we ş.m. degişli möhüm maglumatlary alyşmak maksady bilen kenarýaka döwletler bilen maslahatlary geçirmek;
- maglumatlary, aýratyn hem suwuň hiliniň kadalary, hapalaýjylary dökmeklige rugsatnamalar, gözegçiligiň we baha bermegiň netijeleri barada maglumatlary jemgyýetçilige ýetirmek.

Konwensiýanyň suw serişdelerini durnukly dolandyrmaklyga goldaw bermeklige degişli düzgünleri suw desgalaryny dolandyrmagyň gidrografik ýörelgelerine, suw serişdelerini dolandyrmak işlerine jemgyýetçiligiň gatnaşmaklygyna geçmekligiň zerurdygyny aňladýar.

### *BMG-niň Howanyň üýtgemegi barada çarçuwaly konwensiýasy (1992-nji ýylyň 9-njy maýy, Nýu-Ýork ş.)*

Çarçuwaly konwensiýa 1994-nji ýylyň 21-nji martynda güýje girdi.

***Çarçuwaly konwensiýanyň esasy maksady*** atmosferada zyňyndy gazlaryň toplanmagynyň howa ulgamyna howply antropogen (adamyň hojalyk işleriniň) täsirleriniň döremegine getirmejek derejesinden üýtgetmän saklamakdyr. Bu derejä ekoulgamlaryň howanyň üýtgemegine tebigy serişdeler bilen uýgunlaşmagy üçin ýeterlik bolan wagtyň dowamynda ýetilmelidir, ol azyk öndürmeklige howply ýagdaýyň bolmaşlygyny üpjün eder we durnuklylygyň ýörelgelerinde ykdysady ösüş üçin mümkinçilikleri döreder.

Türkmenistan BMG-niň Howanyň üýtgemegi barada çarçuwaly konwensiýasyna 1995-nji ýylyň 5-nji iýunynda we BMG-niň Howanyň üýtgemegi barada çarçuwaly konwensiýasynyň Kioto teswirnamasyna 1998-nji ýylyň 10-njy dekabrynda goşuldy.

***Borçnamalar:*** Çarçuwaly konwensiýanyň Taraplary howanyň üýtgemeginiň öňüni almak boýunça milli maksatnamalary taýýarlamaga borçludyrlar. Türkmenistan 2000, 2010, 2015-nji ýyllarda BMG-niň Howanyň üýtgemegi barada çarçuwaly konwensiýasynyň ýerine ýetirilişi boýunça degişlilikde birinji, ikinji we üçünji milli habarnamalary taýýarlady.

Kioto teswirnamasyna laýyklykda Taraplar zyňyndy gazlaryň umumy möçberini dürli ýurtlar tarapyndan dürli ölçeglerde peseltmek arkaly azaltmaklyga borçlanýarlar. Şeýle hem, Taraplar zyňyndy gazlaryň çeşmelerinde olaryň möçberini we zyňyndy gazlary siňdirmegiň mümkinçiliklerini tükellemeklige borçludyrlar. Taraplaryň has anyk borçnamalary ***BMG-niň Howanyň üýtgemegi***

***barada çarçuwaly konwensiýasynyň Kioto teswirnamasynda (1997-nji ýylyň 11-nji dekabry, Kioto ş.)*** beýan edilýär.

### *Biologik dürlülik barada konwensiýa (1992-nji ýylyň 12-nji maýy, Naýrobi ş.)*

Konwensiýa 1993-nji ýylyň 29-njy dekabrynda güýje girdi.

***Konwensiýanyň esasy maksady*** biologik dürlüligi gorap saklamakdan, onuň düzüjilerini durnukly peýdalanmakdan, şeýle hem genetiki baýlyklaryň peýdalanylmagyndan gelýän peýdany deň we adalatly paýlamakdan ybaratdyr. Konwensiýanyň esasy çemeleşmesi ekoulgamlaýyn çemeleşmedir. Konwensiýa çarçuwaly ylalaşyk bolmak bilen ýurtlara onuň düzgünlerini ýerine ýetirmegiň ýollaryny we usullaryny özleriniň kesgitlemeklerine mümkinçilik berýär. Biohowpsuzlyk boýunça Kartahen teswirnamasy (2000-nji ýylyň 29-njy ýanwary, Monreal ş.) Biologik dürlülik barada konwensiýanyň düzüm bölegininiň biridir. Bu Teswirnamanyň esasy üns berýän zady biodürlülige abanmagy mümkin bolan häzirkizaman biotehnologiýalaryň önümi bolan janly üýtgedilen organizmler bilen bagly howplardyr. Biohowpsuzlyk boýunça Teswirnamanyň anyk maksady häzirkizaman biotehnologiýalary ulanmagyň netijesi bolup biologik dürlüligi gorap saklamaklyga we durnukly peýdalanmaklyga amatsyz täsir edip biljek janly üýtgedilen organizmleri howpsuz bermek, işlemek we peýdalanmak babatda goragyň zerur bolan derejesini üpjün etmekdir.

Türkmenistan Biologik dürlülik barada konwensiýa 1996-njy ýylyň 18-nji iýunynda, Biohowpsuzlyk boýunça Teswirnama bolsa 2008-nji ýylyň 22-nji fewralynda goşuldy.

***Borçnamalar:*** Her bir Tarap biologik dürlüligi goramak we durnukly peýdalanmak üçin wajyp bolan düzüjilerini ýüze çykarmaklyga we gözegçilik etmäge, şeýle hem biologik dürlülige ýa-da onuň düzüjilerinden durnukly peýdalanmaklyga zyýanly täsir edýän ýa-da edip biljek hadysalary we hereketleri ýüze çykarmaklyga we gözegçilik etmeklige borçlanýar. Biologik dürlüligi onuň ýaýran ýerlerinde (in-situ) goramaklyga aýratyn üns berilýär. Taraplaryň degişli giňişleýin borçnamalary aşakdakylary:

goralýan ýerleriň ulgamyny işläp taýýarlamaklygy we dolandyrmaklygy; ýaşamaga ukyply toparlary olaryň tebigy ýaýran ýerlerinde goldamaklygy, zaýalanan ekoulgamlary dikeltmekligi we howp abanýan görnüşleriň täzeden dikelmegine ýardam etmekligi; ýerli jemgyýetiň bilimlerine, täzeçil çemeleşmelerine we tejribelerine hormat goýmaklygy, gorap saklamaklygy we goldamaklygy; bu bilimleri we tejribeleri peýdalanmak bilen bagly peýdalary deň paýlamaklyga ýardam etmekligi öz içine alýar.

In-situ goramaklyga goşmaça ex-situ goramaklyk hem ýerine ýetirlýär. Goraga goşmaça gorag ýerine ýetirilýär. Jemgyýetçiligiň gatnaşmagy konwensiýanyň ähli hereket edýän çygyrlarynda, aýratyn hem biologik dürlülige howp salýan ösüş taslamalarynyň daşky gurşawa täsirine baha bermek meselelerinde goldaw tapmalydyr. Mundan başga-da, Taraplar biologik dürlüligiň düzüjilerini goramaklygy we durnukly peýdalanmaklygy höweslendirýän çäreleriň ulgamyny işläp taýýarlamalydyrlar.

### *BMG-niň howply gurakçylygy we/ýa-da çölleşmekligi başdan geçirýän ýurtlarda, esasan hem Afrikada, Çölleşmäge garşy göreş boýunça konwensiýasy (1994-nji ýylyň 17-nji iýuny, Pariž ş.)*

Konwensiýa 1996-njy ýylyň 26-njy dekabrynda güýje girdi.

***Bu Konwensiýanyň esasy maksady*** çölleşme hadysasy bolup geçýän sebitlerde durnukly ösüşi gazanmaklyga täsir etmek maksady bilen ähli derejelerde netijeli hereketleriň, halkara hyzmatdaşlygyň we hyzmatdaş birleşikleriň ýörelgeleri esasynda howply gurakçylygy we/ýa-da çölleşmekligi başdan geçirýän ýurtlarda, esasan hem Afrikada, çölleşmäge garşy göreşmek we gurakçylygyň netijelerini ýok etmekdir. Konwensiýa ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmak üçin, aýratyn hem jemgyýetiň derejesinde, ýer serişdeleriniň önümliligini ýokarlandyrmaklyga, ýer we suw serişdelerini dikeltmeklige, goramaklyga we durnukly dolandyrmaklyga gönükdirilen işleriň çygryny höweslendirýär.

Türkmenisran Konwensiýany 1996-njy ýylyň 18-nji iýunynda ykrar etdi.

***Borçnamalar:*** Konwensiýa hereklerň milli maksatnamasyny taýýarlamak we ýerine ýetirmek arkaly çölleşmäge garşy göreş babatda uzakmöhletleýin toplumlaýyn strategiýany taýýarlamaklyga borçlandyrýar. Konwensiýanyň Taraplary guraklyk we gurama hadysalarynyň fiziki, biologik we durmuş-ykdysady taraplaryna seretmekde toplumlaýyn (integrirlenen) çemeleşmäni peýdalanmaklyga, şeýle hem çölleşmäge garşy göreş boýunça meseleleri bir wagtda çözmek barada toplumlaýyn strategiýany peýdalanmaklyga borçlanýarlar. Goýlan meseleleri ýerine ýetirmek üçin Konwensiýa daşky gurşawy we ýer serişdeleri goramak babatda hyzmatdaşlygy berkitmegi göz öňünde tutýar.

Türkemnistanda 1997-nji ýylda birinji döwürde Çölleşmäge garşy göreş boýunça hereketleriň milli maksatnamasy taýýarlanyldy we ýerine ýetirildi, 2000, 2002 we 2006-njy ýyllarda bolsa Konwensiýanyň ýerine ýetirilişi barada milli hasabatlar taýýarlanyldy we Konwensiýanyň Sekretariatyna tabşyryldy.

### *Jemgyýetçiligiň daşky gurşaw boýunça maglumatlara elýeterligi we karar kabul etmeklige gatnaşmagy hem-de adyl kazyýetlige elýeterlik baradaky Orhus konwensiýasy (1998-nji ýylyň 25-nji iýuny, Orhus ş.).*

Konwensiýa 2001-nji ýylyň 30-njy oktýabrynda güýje girdi.

***Orhus konwensiýasynyň esasy maksady*** her bir adamyň saglygyna we maddy-hal ýagdaýyna amatly bolan daşky gurşawda ýaşamaga hukugyny goramaklyga ýardam bermekdir. Onuň degişli döwlet edaralary bilen jemgyýetçiligiň umuman özara gatnaşygyny kesgitleýän düzgünleri bolup, ol daşky gurşawyň ähli çygyrlaryny öz içine alýar. Konwensiýa laýyklykda jemgyýetçiligiň üç zada bolan hukuklaryny: jemgyýetçiligiň ekologiýa maglumatlaryna elýeterlik hukugyny; jemgyýetçiligiň ekologiýa taýdan ähmiýetli çözgütleri kabul etmek işlerine elýeterlik hukugyny; jemgyýetçiligiň bozulan ekologiýa hukuklaryny goramak üçin adyl kazyýetlige elýeterlik hukugyny üpjün etmeklik ündelýär.

Türkmenistan ilkinji döwletlerin hatarynda Orhus konwensiýasyna ony ykrar etmek bilen (ratifijşkasiýa) 1999-njy ýylyň 30-njy aprelinde goşuldy.

***Borçnamalar:*** Konwensiýa jemgyýetçiligiň elýeterlik meseleleri boýunça, ýagny:

- ekologiýa maglumatlaryna;
- ekologiýa taýdan ähmiýetli çözgütleri kabul etmek işlerine;
- bozulan ekologiýa hukuklaryny goramak üçin adyl kazyýetlige elýeterlik hukuklaryny üpjün etmek barada taraplaryň borçnamalaryny göz öňünde tutýar.

Bu jähtden Türkmenistanyň ekologiýa we beýleki kanunçylygy Orhus konwensiýasynyň düzgünnamalaryna laýyklyga getirilmelidir.

Orhus konwensiýasyny ýerine ýetirmek boýunça borçnamalaryň çäklerinde «her bir Tarap yzygiderli üç ýa-da dört ýyldan köp bolmadyk wagt aralygynda daşky gurşawyň hili we daşky gurşawa salynýan agram barada maglumatlary öz içine alýan daşky gurşawyň ýagdaýy barada Milli habary çap edýär we ýaýradýar» (5-nji madda,4 b.); Konwensiýanyň ýerine ýetirlişine hemişe gözegçilik bolar ýaly Taraplaryň yzygiderli (iki ýyldan bir gezek) Konwensiýanyň düzgünnamalarynyň ýerine ýetirilişi boýunça ekologiýa maglumatlaryny bermekleri göz öňünde tutulýar (10-njy madda).

### *Hazar deňziniň deňiz gurşawyny goramak boýunça çarçuwaky konwensiýa (2003-nji ýylyň 4-nji noýabry, Tähran ş.)*

Tähran konwensiýasy 2006-njy ýylyň 12-nji awgustynda güýje girdi.

***Konwensiýanyň maksady*** Hazar deňziniň deňiz gurşawyny hapalanmakdan goramak, şol sanda onuň biologik baýlyklaryny goramak, aýap saklamak, dikeltmek, durnukly we rejeli peýdalanmakdyr.

Tähran konwensiýasy Hazar deňziniň deňiz gurşawyna antropogen täsirleriň, deňiziň biologik we beýleki baýlyklaryny goramagyň we dikeltmegiň esasy ugurlaryny düzgünleşdirmegi, şeýle hem bäş hazarýaka döwletleri tarapyndan bilelikde çözgütleri kabul etmegiň düzgün meselelerini kesgitleýär.

Hazarýaka döwletleriniň hyzmatdaşlygynyň esasy ugurlary aşakylardan ybaratdyr: dürli çeşmelerden, şol sanda taşlandylardan

we zyňyndylardan hapalanmak zerarly Hazar deňziniň deňiz gurşawynyň ýagdaýynyň ýaramazlaşmagynyň öňüni almak; Hazar deňziniň deňiz gurşawynyň ýagdaýyna zyýan ýetirilmeginiň öňüni almak maksady bilen Hazar deňziniň deňizýaka zolagynda hojalyk subýektleriň işlerini tertipleşdirmek; deňiziň derejesiniň üýtgemegi bilen bagly Hazar deňziniň deňiz gurşawynyň ýagdaýyna abanjak howpy öňünden duýdurmak; Hazar deňziniň baýlyklaryny dikeltmek, durnukly we rejeli peýdalanmak; deňziň janly baýlyklaryny gorap saklamak.

Tähran konwensiýasyny ösdürmekde ýokarda görkezilen borçnamalar boýunça goşmaça çäreleri göz öňünde tutýan teswirnamalar taýýarlanyldy we kabul edildi:

- Nebit bilen hapalanma getirýän hadysalar ýagdaýynda sebitleýin taýýarlyk, jogap hereketleri we hyzmatdaşlyk hakynda Teswirnama (2011-nji ýylyň 12-nji awgusty, Aktau ş.);
- Hazar deňzini ýerüsti çeşmelerden we gury ýerde edilýän işiň netijesinde hapalanmagyndan goramak boýunça Teswirnama (2012-nji ýylyň 12-nji dekabry, Moskwa ş.);
- Biologik dürlüligi gorap saklamak hakynda Teswirnama (2014-nji ýylyň 30-njy maýy, Aşgabat ş.).
- Türkmenistan Tähran konwensiýasyny 2004-nji ýylyň 19-njy awgustynda ykrar etdi.

***Borçnamalar:*** Tähran konwensiýasynyň Taraplarynyň borçlary:

- Hazar deňziniň ýerüsti çeşmelerden hapalanmagynyň öňüni almak, azaltmak we gözegçilik etmek üçin çäreleri görmek;
- Hazar deňziniň düýbünde geçirilýän işleriň netijesinde hapalanmagynyň öňüni almak, azaltmak we gözegçilik etmek üçin zerur bolan ähli çäreleri görmek;
- Hazar deňziniň gämilerden, şeýle hem, işiň beýleki görnüşlerinde, şol sanda ýerleriň meliorasiýasy bilen bagly deňziň düýbünden toprak almakdan we bentleri gurmakdan hapalanmagynyň öňüni almak, azaltmak we gözegçilik etmek üçin ähli zerur çäreleri görmek;

- Hazar deňzine daşyndan (göçüp) gelen-parazit görnüşleriň getirilmeginiň öňüni almak, gözegçilik etmek we olaryň garşysyna göreş alyp barmak boýunça ähli zerur çäreleri görmek;
- Tebigy heläkçilikleriň we adamyň alyp barýan işleriniň netijesinde döreýän heläkçilikleriň netijelerinden adamlary we deňiz gurşawyny goramak maksady bilen ähli zerur çäreleri görmek we hyzmatdaşlyk alyp barmak. Munuň üçin öňüni almak, taýýarlygy üpjün etmek we  jogap hereketleri geçirmek, şol sanda dikeltmek boýunça çäreleri görmek;
- Hazar deňziniň biologik baýlyklaryny goramaklyga, aýap saklamaklyga, dikeltmeklige, şeýle hem rejeli peýdalanmaklyga aýratyn üns bermek hem-de bar bolan iň oňat ylmy maglumatlar esasynda ähli zerur çäreleri görmek;
- Hazar deňziniň deňiz gurşawyna uly zyýanly täsirini ýetirip biljek islendik meýilleşdirilýän işiň daşky gurşawa täsirine baha bermegiň tertibini peýdalanmak üçin ähli zerur çäreleri görmek;
- Hazar deňziniň hapalanmagynyň öňüni almaklyga, azaltmaklyga we gözegçilik geçirmeklige gönükdirilen dünýä tejribesinde ählumumy kabul edilen talaplary hasaba almak bilen bu Konwensiýanyň düzgünnamasyna laýyk gelýän düzgünleri, ülňileri, teklip edilýän usullary we tertipleri düzmek, işläp taýýarlamak we sazlaşykly hyzmatdaşlygy alyp barmak;
- Hazar deňziniň deňiz gurşawynyň ýagdaýyna degişli özbaşdak we/ýa-da bilelikde gözegçilik maksatnamasyny taýýarlamak we ýerine ýetirmek üçin güýç sarp etmek;
- Hazar deňziniň deňiz gurşawynyň hapalanmagynyň öňüni almaklygyň, azaltmaklygyň we gözegçilik etmegiň netijeli usullaryny işläp taýýarlamak boýunça ylmy barlaglary geçirmek barada hyzmatdaşlyk alyp barmak, şeýle hem yzygiderli esasda maglumat alyşmak.

### *Hazar deňziniň suw biologik serişdelerini gorap saklamak we rejeli peýdalanmak barada ylalaşyk (2014-nji ýylyň 29-njy sentýabry, Astrahan ş.)*

***Ylalaşygyň esasy maksady*** - Hazar deňziniň suw biologik serişdelerini gorap saklamak we rejeli peýdalanmak, şol sanda bilelikdäki suw biologik serişdelerini dolandyrmak.

Ylalaşygyň çäklerinde Taraplar aşakdaky ugurlarda hyzmatdaşlyk edýärler:

1. ylalaşylan ylmy barlaglary alyp barmak;
2. bilelikdäki suw biologik serişdelerini tutmaklygy kadalaşdyrmak boýunça çäreleri işläp taýýarlamak;
3. suw biologik serişdelerini bikanun, habar bermezden, düzgünleşdirmezden tutmagyň we bikanun satmagyň garşysyna göreş çärelerini işläp taýýarlamak;
4. Taraplaryň arasynda ylalaşylan görnüşde balyk tutmagyň statistiki maglumatlaryny toplamak, bermek we özara alyşmak;
5. bilelikdäki suw biologik serişdelerini üznüksiz köpeltmegiň we gorap saklamagyň hem-de olaryň ýaýran ýerlerini goramagyň, şeýle hem balyklaryň bekre görnüşini ýaşajyklaryny öndürmegiň gysga-, orta- we uzakmöhletleýin maksatnamalaryny taýýarlamak we ýerine ýetirmek;
6. bilelikdäki suw biologik serişdeleri üçin balyk tutmagyň tehnologiýalaryny we enjamlaryny ulanmak boýunça teklipnamalary taýýarlamak;
7. ylmy maglumatlary we hünärmenleri özara çalyşmak, seminarlary, konferensiýalary we okuw maslahatlary geçirmek.

Taraplar Suw biologik serişdelerini gorap saklamak, rejeli peýdalanmak we olaryň bilelikdäki gorlaryny dolandyrmak boýunça komissiýa (mundan beýläk Komissiýa) döredýärler. Onuň düzümine her Tarapdan bir wekil we onuň orunbasary girýär. Komissiýanyň bilelikdäki suw biologik serişdelerini gorap saklamak, üznüksiz köpeltmek, rejeli peýdalanmak boýunça işleri utgaşdyrmak, her ýyl

bilelikdäki suw biologik serişdelerini tutmagyň umumy möçberini we olaryň milli paýlaryny (kwotasyny) kesgitlemek, Hazaryň akwatoriýasyndaky suw biologik serişdelerinde balyk tutmagyň düzgünlerini tassyklamak boýunça ygtyýarlyklary bardyr.

Şeýle hem, Komissiýa bilelikdäki suw biologik serişdeleriniň seýrek we ýitmek howpy astyndaky görnüşlerini we olaryň ýaýran ýerlerini gorap saklamak boýunça zerur bolan maksatnamalary we taslamalary işläp taýýarlamak we tassyklamak, Ylalaşygy ýerine ýetirmek üçin zerur bolan beýleki wezipeleri alyp barmak ygtyýarlyklary berilýär.

### *Hazar deňzinde adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almak we ýok etmek babatda hyzmatdaşlyk hakynda ylalaşyk (2014-nji ýylyň 29-njy sentýabry, Astrahan ş.)*

***Ylalaşygyň esasy maksady –*** Hazar deňzinde tebigy we tehnogen häsiýetli adatdan daşary ýagdaý dörände hazarýaka ýurtlarynyň özara hereketini sazlaşdyrmak.

Ylalaşyga laýyklykda aşakdaky ugurlar boýunça hyzmatdaşlyk göz öňünde tutulýar:

- adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almak we ýok etmek boýunça özara hereketleriň ulgamyny döretmek we kämilleşdirmek;
- adatdan daşary ýagdaýlary çaklamakda we gözegçilik etmekde Taraplaryň özara hereketleri;
- adatdan daşary ýagdaýyň döremek töwekgelçiligi barada onuň zyýan ýetirip biljek beýleki döwlete-Tarapa habar bermek;
- adatdan daşary ýagdaýlary ýok etmekde kömek bermek;
- kömek beriji toparlary enjamlaşdyrmaklyga zerur bolan ýardamy bermek;
- adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almak we ýok etmek babatda maglumatlary, ylmy-tehniki edebiýatlary, barlag işleriniň netijeleri we tehnologiýalary özara alyş-beriş etmek;

- bilelikde konferensiýalary, iş maslahatlaryny, okuw maslahatlaryny we sapaklaryny, ýöriteleşdirilen sergileri geçirmek;
- okuw jaýlarynda hünärmenleri taýýarlamak, mugallymlary, alymlary we hünärmenleri özara alyşmak;
- Taraplaryň ylalaşmagy esasynda adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almak we ýok etmek babatda beýleki işleri amala aşyrmak.

### *Hazar deňziniň gidrometeorologiýasy babatda hyzmatdaşlyk hakynda ylalaşyk (2014-nji ýylyň 29-njy sentýabry, Astrahan ş.)*

Ylalaşygyň maksatlary deňizde ýaşaýşa ukyplylygyň howpsuzlygyny we ykdysady işleriň ösüşini üpjün etmegiň bähbitlerine Hazar deňziniň ýagdaýy barada maglumatlary almagyň we çalyşmagyň toplumlaýyn sebitleýin ulgamyny döretmekden we ösdürmekden ybaratdyr.

Ylalaşygyň düzgünlerini berjaý etmek maksady bilen Taraplar:

- kenarlarda, adalarda we derýanyň guýýan ýerlerinde milli gözegçilik ulgamlarynyň hereket etmegini we ösmegini üpjün edýärler, zerur bolanda täze beketleri we/ýa-da gözegçilik nokarlary açýarlar;
- gidrometeorologik görkezijilere gözegçilik etmegiň usullary jähtden Bütindünýä meteorologik guramasynyň/ÝUNESKO-nyň Ummanöwreniş döwletara toparynyň halkara derejesinde kabul edilen standartlaryndan peýdalanýarlar, hasaplama ulgamyny ylalaşmagy we reper saýlamaklygy gurnaýarlar, beýleki esaslandyryjy düzgünleri belleýärler, deňiz we kenarýaka beketlerde we nokatlarda gidrometeorlogik işler boýunça milli gollanmalary ylalaşýarlar;
- Hazar deňziniň ýagdaýy barada maglumatlary toplamagyň, saklamagyň we ýaýratmagyň milli ulgamyna ylalaşylan talaplary kesgitleýärler;

- Hazar deňziniň ýagdaýy barada umumylaşdyrylan (klimatik-şertli) görkezijileri içine alýan habar beriji maglumatlary taýýarlaýarlar;
- Hazar deňziniň ýagdaýyna degişli görkezijilere gözegçiligiň maglumatlar goruny taslamalaşdyrýarlar we emele getirýärler;
- Hazar deňziniň ýagdaýy barada maglumatlary görkezýän bir umumy geomaglumatlar ulgamynyň esasyny taýýarlaýarlar;
- Hazar deňziniň ýagdaýyny, şol sanda deňziň derejesiniň üýtgemegini öňünden çaklamagyňusullaryny kämilleşdirýärler;
- Hazar deňziniň suw deňagramlylygynyň düzüjilerine, şol sanda atmosfera bilen deňziň araçakleşýän gatlagyndaky akymlara, baha bermegiň toplumlaýyn seljermäniň usullaryny kämilleşdirýärler;
- Hazar deňziniň gidrometeorologiýasy babatda hünärmenleri okatmak we olaryň hünär başarjaňlygyny ýokarlandyrmak boýunça çäreleri öz aralarynda utgaşdyrýarlar.
- Taraplaryň bu Ylalaşygyň maksatlaryna ýetmäge we düzgünlerini ýerine ýetirmäge gönükdirilen işleri döredilýän Hazar deňziniň gidrometeorologiýasy boýunça Utgaşdyryjy komiteti tarapyndan utgaşdyrylýar (mundan beýläk Komitet)

  Komitet:

  Hazar deňziniň gidrometeorologiýasy boýunça döwletara toplumlaýyn maksatnamany (mundan beýläk Maksatnama) taýýarlaýar we tassyklaýar;
- bu Ylalaşygy we Maksatnamany ýerine ýetirmek boýunça Taraplaryň tagallalaryny birikdirýär we utgaşdyrýar;
- öz alyp barýan işi barada Taraplary habarly edýär;
- Ylalaşygyň maksatlaryna ýetmek üçin zerur bolan çärelere degişli teklipleri Taraplaryň garamagyna hödürleýär;
- Taraplaryň milli meteorologik we gidrologik gulluklarynyň Hazar deňzinde işleýän kompaniýalar, şeýle hem Maksatnamanyň ýerine ýetirilmegi we bu Ylalaşygyň

maksatlaryna ýetilmegi bilen gyzyklanýan halkara guramalar we maksatnamalar bilen hyzmatdaşlygynyň ösmegine ýardam berýär;

- bu Ylalaşygyň düzgünleriniň ýerine ýetirilmegi bilen bagly beýleki meselelere garaýar;
- bu Ylalaşygyň hemişelik esasda ýerine ýetirilmegine gözegçilik edýär.

### *BMG-niň Howanyň üýtgemegi barada çarçuwaly konwensiýasynyň Pariž ylalaşygy (2015-nji ýylyň 12-nji dekabry, Pariž ş.)*

***Pariž ylalaşygynyň esasy maksady*** – atmosferadaky zyňyndy gazlaryň möçberini klimat ulgamyna howply antropogen täsire ýol bermejek derejesinde saklamak boýunça BMG-niň Howanyň üýtgemegi barada çarçuwaly konwensiýasynyň we onuň Kioto teswirnamasynyň çäklerinde ýerine ýetirilip başlanan çärelerini dowam etdirmekdir. Ol zyňyndy gazlary azaltmak, uýgunlaşmak we täze tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça milli maksatlaryň işlenip taýýarlanmagynyň zerurlygyny göz öňünde tutýar.

***Borçnamalar:*** Taraplar howanyň üýtgemeginiň öňüni almak boýunça milli maksatnamalary taýýarlamaklyga borçludyrlar.

Türkmenistan BMG-niň Howanyň üýtgemegi barada çarçuwaly konwensiýasynyň Pariž ylalaşygyny 2016-njy ýylyň 15-nji oktýabrynda ykrar etdi.

# ÜÇÜNJI BAP. DAŞKY GURŞAWY GORAMAGYŇ INSTITUSIONAL BINÝADY

Döwletiň bütewi tebigaty goramak wezipesi tebigatyň dürli desgalary boýunça paýlanandyr, şol sebäpli daşky gurşawy goramak babatda köpsanly döwlet dolandyryş edaralary döredildi we iş alyp barýarlar. Bu edaralaryň sanawyna diňe tebigaty goramak wezipelerini ýa-da bu wezipeleriň bir bölegini ýerine ýetirýän edaralar degişlidir. Olaryň hemmesi tebigaty goramak wezipeleriniň belli bir kesgitli bölegini, ähli tebigy desgalara degişlilikda bir ýa-da birnäçe ýakyn meseleleri we wezipeleri ýerine ýetirýärler.

## 3.1. Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komitetiniň wezipeleri we gurluşy

### 3.1.1. Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komitetiniň wezipeleri

Merkezi döwlet dolandyryş edaralarynyň ulgamynda Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komiteti aýratyn orny eýeleýär. Ol Türkmenistanyň Prezidentiniň 2016-njy ýylyň 8-nji ýanwaryndaky karary bilen öňki hereket eden Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrliginiň ornuna döredildi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2016-njy ýylyň 29-njy ýanwaryndaky karary bilen Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komiteti hakynda onuň meseleleri, wezipeleri we ýygtyýarlyklary berkidilen Düzgünnamasy tassyklandy. Düzgznnama laýyklykda, Döwlet komiteti daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri babatda döwlet dolandyryşyny we pudagara gözegçiligi, şeýle hem ýer serişdelerinden rejeli we aýawly peýdalanmaklyga gözegçiligi amala aşyrýan döwlet edarasydyr.

Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komitetiniň ygtyýarlyklary onuň Düzgünnamasyndan başga, şol sanda, Türkmenistanyň daşky

gurşawy goramak babatda köpsanly kanunlar we kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen kesgitlenýär. Olaryň seljermesi Döwlet komitetiniň üstüne ähli tebigy desgalara degişli esasy tebigaty goramak wezipeleriniň ýüklenendigini görkezýär, olaryň sanawyna aşakdakylar degişlidir:

- ekologik ulgamlary goramak;
- ýerüsti we ýerasty suwlaryň, Hazar deňziniň türkmen böleginiň deňiz gurşawyny we onuň kenarýaka zolagyny goramak, tebigy serişdelerden peýdalanmak;
- ýer serişdelerini rejeli peýdalanmak we goramak;
- atmosfera howasyny goramak we onuň hapalanmagynyň, Ýeriň ozon gatlagynyň ýükalmagynyň öňüni almak we parnik gazlarynyň möçberini azaltmak;
- ösümlik we haýwanat dünýäsiniň obýektleri goramak, üznüksiz köpeltmek we rejeli peýdalanmak;
- tokaý gaznasyny goramak we aýap saklamak, tokaýlardan peýdalanmak we üznüksiz dikeltmek, tokaý ösdürmek.

Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komiteti tebigy obýektlere edaralar arasynda gözegçiligi alyp barýan pudagara dolandyryş edarasy bolmak bilen aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýär:

- Türkmenistanda tebigaty goramak babatda döwlet dolandyryşyny amala aşyrýar;
- Türkmenistanda tebigaty goramak we tebigatdan rejeli peýdalanmak babatda ýeke-täk döwlet syýasatyny döretmek boýunça teklipleri taýýarlaýar we onuň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär;
- Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň çaklamalarynyň we maksatnamalarynyň taslamalaryna goşmak üçin tebigaty goramak we tebigatdan peýdalanmak meseleleri boýunça teklipleri işläp taýýarlaýar hem-de Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň garamagyna berýär;

- Tebigaty goramak we tebigatdan rejeli peýdalanmak babatda döwlet maksatnamalarynyň hem-de beýleki maksatnamalaýyn resminamalaryň işlenip taýýarlanmagyny we ýerine ýetirilmegini üpjün edýär, şeýle hem tebigaty goramak boýunça ýerli maksatnamalary we çäreleriň meýilnamalaryny ylalaşýar;
- tebigaty goramak we tebigy serişdeleri rejeli peýdalanmak hakynda Türkmenistanyň kanunlarynyň we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalaryny işläp taýýarlaýar;
- eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, döwlet dolandyryşynyň edaralarynyň, kärhanalaryň we guramalaryň tebigaty goramak we tebigatdan rejeli peýdalanmak babatdaky işini utgaşdyrýar;
- daşky gurşawa we tebigy serişdelere döwlet tarapyndan gözegçilik etmegiň tertibini belleýär we onuň alnyp barylmagyny guraýar hem-de bu işi utgaşdyrýar;
- tebigy serişdeleri hasaba alýar we olara baha berýär, döwlet tokaý kadastryny, ösümlik we haýwanat dünýäsiniň obýektleriniň, aýratyn goralýan tebigy ýerleriň kadastryny ýöredýär, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ýer we suw serişdeleriniň, ýerasty baýlyklaryň, atmosfera howasynyň, parnik gazlarynyň döwlet kadastrlaryny we beýleki kadastrlary döwlet dolandyryşynyň beýleki degişli edaralary bilen bilelikde işläp taýýarlamaklyga gatnaşýar;
- tebigaty goramak babatda döwlet standartlarynyň işlenip taýýarlanmagyna bellenen tertipde gatnaşýar;
- tebigy serişdelerden peýdalanylandygy, daşky gurşawa hapalaýjy maddalaryň zyňylandygy (dökülendigi) üçin, şeýle hem Türkmenistanyň tebigaty goramak babatdaky kanunçylygynyň bozulmagy sebäpli, daşky gurşawa

ýetirilen zyýan üçin jerimeleriň möçberlerini hasaplamak boýunça tölegiň esaslandyrylan uzakwagtlaýyn ykdysady kadalaryny işläp taýýarlaýar;

- tebigaty goramak we rejeli peýdalanmak babatda ylmy barlaglaryň geçirilmegini üpjün edýär;
- daşky gurşawa ýetirilýän zelele baha bermek boýunça usuly ýolbaşçylygy amala aşyrýar;
- önümçilik kärhanalarynyň, hojalyk we ýaşaýyş jaý desgalarynyň gurluşyk we durkuny täzelemek işleriniň taslamadan öňki hem-de taslama resminamalaryna döwlet ekologiýa seljermesini geçirýär;
- tebigy baýlyklardan peýdalanmak we daşky gurşawy goramak, tebigaty goramak barada resminamalary işläp taýýarlamak boýunça işleriň görnüşlerini bellenen tertipde ygtyýarlandyrýar, togtadýar we ýatyrýar;
- hökmany ekologiýa auditini geçirmek barada kararlary kabul edýär;
- tebigaty goramagy wagyz etmek, raýatlaryň ekologiýa bilimini artdyrmak we terbiýe işlerini gurnamaklygy üpjün edýär;
- tebigaty goramak babatda halkara hyzmatdaşlyga gatnaşýar, Türkmenistanyň halkara tebigaty goramak ylalaşyklaryndan gelip çykýan borçnamalarynyýerine ýetirmek boýunça ministrlikleriň we beýleki merkezi döwlet dolandyryş edaralarynyň işini utgaşdyrýar.

Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komitetiniň üstüne ýüklenen wezipelri amala aşyrmak üçin onuň ýeterlik derejede uly göwrümli döwlet ygtýarlyklary bardyr. Döwlet komitetiniň wezipeli işgärleriniň aşakdaky hukuklary, ýagny:

- eýeçiliginiň görnüşine garamazdan päsgelçiliksiz kärhanalara, guramalara we edaralara barmaga, tebigaty

goramak babatda döwlet gözegçiligini amala aşyrmak üçin zerur bolan resminalary, seljermeleriň netijeleriniwe beýleki maglumatlary tanyşmak üçin talap etmäge we muzdsyz almaga;

- tebigy baýlyklary goramak, üznüksiz dikeltmek we rejeli peýdalanmak boýunça maksatnamalaryň, meýilnamalaryň we çäreleriň ýerine ýetirilişini, Türkmenistanyň tebigaty goramak kanunçylygynyň berjaý edilişini barlamaga;
- tebigaty goramak we tebigatdan rejeli peýdalanmak babatda işleriň görnüşlerini amala aşyrmaga ygtyýarnamanyň (lisenziýanyň), döwlet ekologiýa seljermesiniň netijenamasynyň barlygyny, tebigy baýlyklardan peýdalanmaga we tebigaty goramak babatda işleriň aýratyn görnüşlerini amala aşyrmaga berlen ygtyýarnamada bellenilen şertleriň ýerine ýetirilişini, tebigatdan peýdalanmak boýunça ylalaşyklaryň (şertnamalaryň) we ygtyýarlyklaryň ýerine ýetirilişini barlamaga, bellenen tertipde olary ýatyrmaga, ýatyrmak barada tabşyryk ýa-da teklip bermäge;
- döwlet ekologiýa seljermesini, ekologiýa auditini geçirmek barada teklip girizmäge we olaryň netijenamalarynyň ýerine ýetirilişini barlamaga;
- daşky gurşawyň hil kadalarynyň we ekologiýanyň talaplarynyň bozulmagy bilen Türkmenistanyň çäklerine ekologiýa taýdan howply ýükleriň, galyndylaryň we çig-mal serişdeleriniň getirilmegini (daşyna çykarylmagyny), şeýle hem üstaşyr (tranzit) geçirilmegini gadagan edýän tabşyryklary bermäge;
- ýuridik we fiziki şahslara tebigaty goramak babatda talap bildirmek, tebigaty goramak babatda düzgün bozulmalary aradan aýyrmak boýunça tabşyryk bermäge;

- Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde, tebigaty goramak babatda administratiw kanun bozulmalary hakynda işlere garamaga, degişli edaralara günäkär şahslary administratiw ýa-da jenaýat jogapkärçiligine çekmek barada maglumatlary ibermäge;
- Türkmenistanyň tebigaty goramak kanunçylygynyň bozulmagy netijesinde daşky gurşawa ýetirilen zyýanyň möçberini kesgitlemäge, şol esasda ýuridik we fiziki şahslara ýetirilen zyýanyň öwezini meýletin doldurmak barada talap bildirmäge ýa-da kazyýete talapnama bildirmäge;
- ekologiýanyň talaplarynyň bozulmagy bilen ýerine ýetirilýän ýa-da döwlet ekologiýa seljermesiniň ylalaşygy bolmadyk hojalyk obýektleriň gurluşygynyň we beýleki işleriň wagtlaýyn togtadylmagy barada degişli edaralara teklipleri girizmek;
- önümçilik ekologiýa barlagynyň we gözegçiliginiň kadalarynyň we düzgünleriniň berjaý edilişini barlamaga;
- Türkmenistanyň tebigaty goramak kanunçylygyny bozujylaryň hereketlerine ýolbermezlik ýa-da öňüni almak üçin hukuk goraýjy edaralara kömek sorap ýüz tutmaga we kömegi almaga;
- Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda berlen beýleki hukularyndan peýdalanmaga hukuklary bardyr.
- Wezipeli işgärleriň çözgütleriniň ýerine ýetirilmegi ähli ýuridik we fiziki şahslar üçin hökmanydyr.

Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komitetiniň wezipeleriniň we ygtyýarlyklarynyň umumy göwrümini anyklamak maksady bilen aşakda ýörite tablisa berilýär. Ol Döwlet komitetiniň degişli tebigy obýektler bilen baglylykda alyp barýan tebigaty goramak işlerini, olaryň berkidilen kadalaşdyryjy hukuk namalaryny görkezmek bilen, kesgitleýär.

*Tablisa 1*

***Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky dowlet komitetiniň TEBIGATY GORAMAK WEZIPELERI***

| № | Wezipäniň ady | Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ady |
|---|---|---|
| 1. | ***Atmosfera howasyny peýdalanmak we goramak babatda*** | • Türkmenistanyň «Tebigaty goramak hakynda» kanuny (1.03. 2014 ý.; üýtgetmeler we goşulmalar - 18.08.2015 ý.)<br>• Türkmenistanyň «Atmosfera howasyny goramak hakynda» kanuny (26.03.2016 ý.)<br>• Türkmenistanyň "Ýol hereketleriniň howpsuzlygy hakynda" kanuny (31.03.2012 ý., 15-nji madda)<br>• Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komiteti hakynda Düzgünnama (29.01.2016 ý.)<br>• Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän, eýeçiligiň ähli görnüşlerine degişli kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň daşky gurşawyň hapalanmagy üçin normatiw tölegleri. Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministrligi bilen ylalaşylyp Tebigaty goramak ministrliginiň 26.02.2000 ý. senedäki buýrugy bilen tassyklanan<br>• Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän, eýeçiligiň ähli görnüşlerine degişli kärhanalaryň, guramalaryň we |

| | | |
|---|---|---|
| | | edaralaryň daşky gurşawa hapalaýjy maddalaryň zyňylmagy we dökülmegi üçin töleg girizmegiň tertibi. Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministrligi bilen ylalaşylyp Tebigaty goramak ministrliginiň 26.02.2000ý. senedäki buýrugy bilen tassyklanan |
| 2. | ***Ýeriň ozon gatlagyny we klimaty goramak babatda*** | • Türkmenistanyň «Tebigaty goramak hakynda» kanuny (1.03.2014 ý.; üýtgetmeler we goşulmalar - 18.08.2015 ý.)<br>• Türkmenistanyň «Ozon gatlagyny goramak hakynda» kanuny (15.08.2009 ý.; üýtgetmeler we goşulmalar - 24.10.2015 ý.)<br>• Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komiteti hakynda Düzgünnama (29.01.2016 ý.)<br>• Türkmenistanyň «Atmosfera howasyny goramak hakynda» kanuny (26.03.2016 ý., 32, 36-njy maddalary) |
| 3. | ***Galyndylar bilen işlemek babatda*** | • Türkmenistanyň «Tebigaty goramak hakynda» kanuny (01.03. 2014 ý.; üýtgetmeler we goşulmalar - 18.08.2015 ý.)<br>• Türkmenistanyň «Galyndylar hakynda» kanuny (23.05.2015ý.)<br>• Türkmenistanyň Prezidentiniň 03.12.1998 ý. Senedäki 3973 belgili «Türkmenistanyň □okay baýlyklaryny dolandyrmagy we peýdalanmagy kämilleşdirmek hakynda» karary; Türkmenistanyň Prezidentiniň 02.12.2009 ý. Senedäki 10717 belgili karary bilen üýtgetmeler girizilen (7 b. galyndylary we topragy |

| | | |
|---|---|---|
| | | ýerleşdirmek, gömmek üçin ýerlere, şol sanda Hazar deňziniň akwatoriýasynda, razylyk bermek |
| 4. | ***Ekologiýa seljermesi we daşky gurşawa täsire baha bermek babatda*** | • Türkmenistanyň «Tebigaty goramak hakynda» kanuny (1.03. 2014 ý.; üýtgetmeler we goşulmalar - 18.08.2015 ý.)<br>• Türkmenistanyň «Ekologiýa seljermesi hakynda» kanuny (16.08.2014 ý.)<br>• Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komiteti hakynda Düzgünnama (29.01.2016 ý.)<br>• Türkmenistanyň Prezidentiniň 13.11.1996 ý. senedäki 2864 belgili karary bilen tassyklanan Döwlet ekologiýa seljermesini geçirmegiň tertibi hakynda Düzgünnama<br>• Türkmenistanyň TDS-579-2001 döwlet standarty. Türkmenistanda meýilleşdirilýän hojalyk we beýleki işleriň daşky gurşawa täsirine baha bermek. «Türkmenstandartlary» Baş döwlet gullugynyň 5.06.2001 ý. senedäki karary bilen tassyklanan<br>• Daşky gurşawyň hapalanmagy we döwlet ekologiýa seljermesiniň geçirilmegi üçin tölegleriň kadalary. Türkmenistanyň ykdysadyýet we ösüş □inistry bilen ylalaşylmagy esasynda tebigaty goramak ministriniň 20.01.2014 ý. Senedäki buýrugy bilen tassyklanan |
| 5. | ***Hazar deňziniň türkmen bölegininiň akwatoriýasyny goramak babatda*** | • Türkmenistanyň «Tebigaty goramak hakynda» kanuny (1.03. 2014 ý.; üýtgetmeler we goşulmalar - 18.08.2015 ý.) |

| | | |
|---|---|---|
| | | • Türkmenistanyň Prezidentiniň 21.08.2001 ý. senedäki karary bilen tassyklanan Türkmenistanyň nebit dökülmeleriniň öňüni almak we ýok etmek boýunça Milli meýilnamasy<br>• Türkmenistanyň Prezidentiniň 3.12.1998 ý. senedäki 3973 belgili «Türkmenistanyň tokaý baýlyklaryny dolandyrmagy we peýdalanmagy kämilleşdirmek hakynda» karary; Türkmenistanyň Prezidentiniň 2.12.2009 ý. senedäki 10717 belgili karary bilen üýtgetmeler girizilen (7 b. partlama, seýsmik barlag we düýbüni çuňlaşdyrmak işlerine, galyndylary we topragy ýerleşdirmek, gömmek üçin ýerlere, şol sanda Hazar deňziniň akwatoriýasynda, razylyk bermek<br>• Türkmenistanyň kenarýaka suwlaryny gämilerden hapalanmakdan goramagyň düzgünleri. Türkmenistanyň Prezidentiniň 25.08.2005 ý senedäki 7480 belgili karary bilen (52 b. Türkmenistanyň kenarýaka suwlaryny ähli gämilerden hapalanmagynyň öňüni almaklygyň döwlet gözegçiligi |
| 6. | ***Suw serişdelerini peýdalanmak we goramak babatda*** | • Türkmenistanyň «Tebigaty goramak hakynda» kanuny (01.03. 2014 ý.; üýtgetmeler we goşulmalar - 18.08.2015 ý.)<br>• Türkmenistanyň Suw kodeksi (15.10.2016 ý.)<br>• Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komiteti hakynda Düzgünnama (29.01.2016 ý.) |

| | | |
|---|---|---|
| | | • Türkmenistanyň «Agyz suwy hakynda» kanuny (4.10. 2010 ý.)<br>• Türkmenistanyň Prezidentiniň 3.12.1998 ý. senedäki 3973 belgili «Türkmenistanyň tokaý baýlyklaryny dolandyrmagy we peýdalanmagy kämilleşdirmek hakynda» karary; Türkmenistanyň Prezidentiniň 2.12.2009 ý. senedäki 10717 belgili karary bilen üýtgetmeler girizilen (7 b. ýerüsti we ýerasty suwlardan suw peýdalanmak taslamalary boýunça netijenama bermek).<br>• Türkmenistanyň suw obýektlerine akdyrylýan (zyňylýan) hapa suwlara bildirilýän talaplar hakynda düzgünler. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Jemagat hojalygyny ösdürmek we usulyýet barlag institutynyň 5.09.2005 ý. senedäki 56-П belgili buýrugy bilen tassyklanan.<br>• Hojalyk-agyz suwy we medeni-durmuş suwdan peýdalanyş suw obýektlerinde himiki maddalaryň möçberiniň rugsat berilýän ahyrky çäkleriniň sanawy. Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň 25.04.2000 ý. senedäki 14 belgili buýrugy bilen tassyklanan.<br>• Türkmenistanda suw desgalarynyň (obýektleriniň) hapalanmagynyň netijesinde daşky gurşawa ýetirilen zyýana baha bermegiň we hasaplamagyň usulyýeti. Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrliginiň 09.02. 2012 ý. senedäki 11/ö. belgili buýrugy bilen |

| | | |
|---|---|---|
| | | tassyklanan |
| 7. | ***Ýer serişdelerini peýdalanmak we goramak babatda*** | • Türkmenistanyň «Tebigaty goramak hakynda» kanuny (1.03. 2014 ý.; üýtgetmeler we goşulmalar - 18.08.2015 ý.)<br>• Türkmenistanyň «Ýer hakynda» kodeksi (25.10.2004ý.)<br>• Türkmenistanyň «Öri meýdanlar hakynda» kanuny (18.08.2015ý.).<br>• Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komiteti hakynda Düzgünnama (29.01.2016ý.)<br>• Türkmenistanyň Prezidentiniň 8.09.2005ý. senedäki 7517 belgili «Türkmenistanda ýerlerden peýdalanmagyň we goramagyň döwlet gözegçiligi hakynda» karary<br>• Ýer böleklerini hususy eýeçilige, peýdalanmaklyga we kärendä bermek boýunça maglumatlary taýýarlamagyň, bellige almagyň we resminamalary tabşyrmagyň tertibi. Türkmenistanyň Prezidentiniň 3.03.2008ý. senedäki 9564 belgili karary bilen tassyklanan<br>• Türkmenistanyň Prezidentiniň 06.11.2014ý. senedäki 13942 belgili «Ýer we ýer bölekleriniň kärendesi üçin tölegleri düzgünleşdirmek hakynda» karary<br>• Türkmenistanda topragyň hapalanmagynyň netijesinde daşky gurşawa ýetirilen zyýana baha bermegiň we hasaplamagyň Usulyýeti. Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrliginiň 9.02. 2012ý. senedäki 11/ö. belgili buýrugy bilen tassyklanan |
| 8. | ***Ösümlik dünýäsiniň*** | • Türkmenistanyň «Tebigaty goramak |

| | | |
|---|---|---|
| | ***obýektlerini peýdalanmak we goramak babatda*** | hakynda» kanuny (1.03. 2014 ý.; üýtgetmeler we goşulmalar - 18.08.2015ý.)<br>• Türkmenistanyň «Ösümlik dünýäsi hakynda» kanuny (4.08.2012 ý.)<br>• Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komiteti hakynda Düzgünnama (29.01.2016 ý.)<br>• Türkmenistanyň ösümlikleriniň we haýwanlarynyň seýrek we ýitip barýan görnüşleriniň döwlet nahalhanalary we malhanalary hakynda birkysmy Düzgünnama. Türkmenistanyň Prezidentiniň 15.12.1995ý. senedäki PB-1137 belgili buýrugy bilen tassyklanan.<br>• Türkmenistanyň Gyzyl kitaby hakynda Düzgünnama. Türkmenistanyň Prezidentiniň 25.03.1997 ý. senedäki 3066 belgili karary bilen tassyklanan<br>• Türkmenistanyň çäklerinde ösümlik we haýwanat dünýäsini gogamak boýunça gözegçi gullugynyň hyrly nilli we tekiz nilli ýaraglary we olaryň ok-därilerini satyn almagynyň, daşamagynyň, saklamagynyň, hasabyny ýöretmeginiň we peýdalanmagynyň tertibi hakynda Düzgünnama. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasarynyň 29.07.1994 ý. senedäki 24 belgili görkezmesi bilen tassyklanan.<br>• Türkmenistanyň ösümlik  we haýwanat dünýäsine ýetirilen zyýan (bikanun ýygnamak, awlamak, tutmak, ýok etmek) üçin  nyrhlar we tebigy |

| | | |
|---|---|---|
| | | baýlyklardan peýdalanylmagy üçin tölegiň möçberi. Türkmenistanyň ykdysadyýet we ösüş ministrligi bilen ylalaşylyp Tebigaty goramak ministriniň 26.03.2012ý. senedäki 53/2-2012 belgili buýrugy bilen tassyklanan |
| 9. | ***Haýwanat dünýäsiniň obýektlerini peýdalanmak we goramak babatda*** | • Türkmenistanyň «Tebigaty goramak hakynda» kanuny (1.03. 2014 ý.; üýtgetmeler we goşulmalar - 18.08.2015 ý.)<br>• Türkmenistanyň «Haýwanat dünýäsi hakynda» kanuny (2.03.2013 ý.)<br>• Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komiteti hakynda Düzgünnama (29.01.2016 ý.)<br>• Türkmenistanyň ösümlikleriniň we haýwanlarynyň seýrek we ýitip barýan görnüşleriniň döwlet nahalhanalary we malhanalary hakynda birkysmy Düzgünnama. Türkmenistanyň Prezidentiniň 15.12.1995 ý. senedäki PB-1137 belgili buýrugy bilen tassyklanan.<br>• Türkmenistanyň çäklerinde ösümlik we haýwanat dünýäsini gogamak boýunça gözegçi gullugynyň hyrly nilli we tekiz nilli ýaraglary we olaryň ok-därilerini satyn almagynyň, daşamagynyň, saklamagynyň, hasabyny ýöretmeginiň we peýdalanmagynyň tertibi hakynda Düzgünnama. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasarynyň 29.07.1994 ý. senedäki 24 belgili görkezmesi bilen |

| | | |
|---|---|---|
| | | tassyklanan.<br>• Türkmenistanyň ösümlik we haýwanat dünýäsine ýetirilen zyýan (bikanun ýygnamak, awlamak, tutmak, ýok etmek) üçin nyrhlar we tebigy baýlyklardan peýdalanylmagy üçin tölegiň möçberi. Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi bilen ylalaşylyp Tebigaty goramak ministriniň 26.03.2012ý. senedäki 53/2-2012 belgili buýrugy bilen tassyklanan |
| 10. | ***Aw awlamak we awçylyk hojalygy babatda*** | • Türkmenistanyň «Aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmek hakynda» kanuny (15.09.1998 ý.)<br>• Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komiteti hakynda Düzgünnama (29.01.2016 ý.)<br>• Türkmenistanyň Prezidentiniň 15.12.1995 ý. senedäki 2422 belgili «Türkmenistanyň çäklerinde aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmek hakynda Düzgünnamasyny tassyklamak hakynda» karary<br>• Türkmenistanda aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmek hakynda Düzgünnama. Türkmenistanyň Prezidentiniň 15.12. 1995 ý. senedäki 2422 belgili karary bilen tassyklanan; 24.06.1996 ý. senedäki 2683 belgili we 15.12.1995ý. senedäki 2422 belgili kararlary bilen üýtgetmeler girizilen |
| 11. | ***Tokaý baýlyklaryny peýdalanmak we goramak babatda*** | • Türkmenistanyň «Tebigaty goramak hakynda» kanuny (1.03. 2014 ý.; üýtgetmeler we goşulmalar - 18.08.2015 ý.) |

| | | |
|---|---|---|
| | | • Türkmenistanyň Tokaý kodeksi. Türkmenistanyň Kanuny bilen tassyklanan (25.03.2011ý.; üýtgetmeler we goşulmalar - 28.02.2015 ý.)<br>• Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komiteti hakynda Düzgünnama (29.01.2016 ý.)<br>• Türkmenistanyň Prezidentiniň 3.12.1998ý. senedäki 3973 belgili «Türkmenistanyň tokaý baýlyklaryny dolandyrmagy we peýdalanmagy kämilleşdirmek hakynda» karary; Türkmenistanyň Prezidentiniň 2.12.2009ý. senedäki 10717 belgili karary bilen üýtgetmeler girizilen (7 b. bagçylygy, tokaý hojalygyny ösdürmek, tebigy baýlyklary goramak we üznüksiz köpeltmek barada döwlet maksatnamalaryny ýerine ýetirmek boýunça çäreleri geçirmek) |
| 12. | ***Aýratyn goralýan tebigy ýerleri goramak we peýdalanmak babatda*** | • Türkmenistanyň «Tebigaty goramak hakynda» kanuny (1.03. 2014 ý.; üýtgetmeler we goşulmalar - 18.08.2015 ý.)<br>• Türkmenistanyň «Aýratyn goralýan tebigy ýerler hakynda» kanuny (31.03.2012 ý.; üýtgetmeler we goşulmalar - 1.03.2014 ý. we 16.08.2014 ý.<br>• Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komiteti hakynda Düzgünnama (29.01.2016 ý.)<br>• Türkmenistanyň Prezidentiniň 10.08.1992 ý, senedäki 843 belgili «Sünt-Hasardag döwlet |

| | | |
|---|---|---|
| | | goraghanasynyň Aýdere meýdançasynda mal bakmaga rugsat bermek hakynda» karary<br>• Türkmenistanyň döwlet goraghanalary hakynda birkysmy Düzgünnama. Türkmenistanyň Prezidentiniň 15.12.1995 ý. senedäki PB-1137 belgili buýrugy bilen tassyklanan.<br>• Türkmenistanyň döwlet çäkli goraghanalary hakynda birkysmy Düzgünnama. Türkmenistanyň Prezidentiniň 15.12.1995 ý. senedäki PB-1137 belgili buýrugy bilen tassyklanan.<br>• Türkmenistanyň döwlet tebigy ýadygärlikleri hakynda birkysmy Düzgünnama. Türkmenistanyň Prezidentiniň 15.12.1995 ý. senedäki PB-1137 belgili buýrugy bilen tassyklanan.<br>• Türkmenistanyň döwlet goraghanalarynyň gorag zolaklary hakynda birkysmy Düzgünnama. Türkmenistanyň Prezidentiniň 15.12.1995 ý. senedäki PB-1137 belgili buýrugy bilen tassyklanan |
| 13. | ***Öri meýdanlary peýdalanmak we goramak babatda*** | • Türkmenistanyň «Öri meýdanlar hakynda» kanuny (18.08.2015 ý.)<br>• Türkmenistanyň «Ýer hakynda» kodeksi (25.10.2004 ý., 57, 59, 66-njy maddalar). |
| 14. | ***Ýerasty baýlyklary we uglewodorod serişdeleri peýdalanmak we goramak babatda*** | • Türkmenistanyň «Uglewodorod serişdeleri hakynda» kanuny (18.08.2008 ý.; üýtgetmeler we goşulmalar - 19.02. 2010 ý . (43-44-nji maddalar).<br>• Türkmenistanyň «Ýerasty baýlyklar |

| | | |
|---|---|---|
| | | hakynda» kanuny (20.12.2014 ý. (8-nji madda, 3 b.) |
| 15. | ***Balyk tutmak we suwuň biologik serişdelerini goramak babatda*** | • Türkmenistanyň «Balyk tutmak we suwuň biologik serişdelerini gorap saklamak hakynda» kanuny (21.05.2011 ý.; 21, 33-34, 38-39-njy maddalar).<br>• Türkmenistanyň Döwlet balyk hojalygy komitetiniň Türkmenistanyň Balyk serişdelerini goramak boýunça döwlet müdirligi (Döwletbalykgoragy) hakynda Düzgünnama. Türkmenistanyň Prezidentiniň 4.06.1998ý. senedäki 3727 belgili karary bilen tassyklanan, Türkmenistanyň Prezidentiniň 16.03.2008 ý. senedäki 9596 belgili karary bilen üýtgetmeler girizilen |
| 16. | ***Tebigaty goramak işlerine ygtyýarnama bermek babatda*** | • Türkmenistanyň «Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlandyrmak hakynda» kanuny (25.06. 2008 ý.; üýtgetmeler we goşulmalar 18.04.2009 ý. girizilen)<br>• Türkmenistanyň Prezidentiniň 27.02.2009 ý. senedäki 10281 belgili «Türkmenistanda ygtyýarlandyrmak işleri gurnamak meseleleri hakynda» karary.<br>• Türkmenistanyň Prezidentiniň 23.08.2013 ý. senedäki 13180 belgili «Türkmenistanda ygtyýarlandyrmak işleri gurnamak meseleleri hakynda» karary.<br>• Türkmenistanyň Prezidentiniň 26.02.2010 ý. senedäki 10937 belgili karary bilen tassyklanan Tebigy |

| | | |
|---|---|---|
| | | baýlyklary peýdalanmak we daşky gurşawy goramak boýunça işleri ygtyýarlandyrmak hakynda Düzgünnama |
| 17. | ***Türkmenistanyň BMG-niň daşky gurşaw boýunça konwensiýalaryndan we maksatnamalaryn-dan gelip çykýan borçnamalaryny ýerine ýetirmekligi üpjün etmek babatda*** | • Türkmenistanyň Prezidentiniň 1.03.1999 ý. senedäki 4091 belgili «Türkmenistanyň BMG-niň daşky gurşaw boýunça konwensiýalaryndan we maksatnamalaryn-dan gelip çykýan borçnamalaryny ýerine ýetirmekligi üpjün etmek boýunça Döwlet toparyny döretmek hakynda» karary. Türkmenistanyň Prezidentiniň 18.12.2003 ý. senedäki 6505 belgili karary bilen üýtgedilen.<br>• Türkmenistanyň Prezidentiniň 1.03.1999 ý. senedäki 4091 belgili karary bilen tassyklanan Türkmenistanyň BMG-niň daşky gurşaw boýunça konwensiýalaryndan we maksatnamalaryn-dan gelip çykýan borçnamalaryny ýerine ýetirmekligi üpjün etmek boýunça Döwlet topary hakynda Düzgünnama. Türkmenistanyň Prezidentiniň 18.12.2003 ý. senedäki 6505 belgili karary bilen üýtgedilen. |
| 18. | ***Türkmenistanyň tebigaty goramak kanunçylygynyň bozulmagy sebäpli jogapkärçilik çärelerini görmek babatda*** | • Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. Türkmenistanyň 10.05.2010 ý. senedäki kanuny bilen tassyklanan (31-nji bap “Ekologiýa jenaýatlary” (311-324-nji maddalar)<br>• Türkmenistanyň administratiw kanuny bozmalar hakynda Kodeksi. Türkmenistanyň 29.08.2013 ý. senedäki kanuny bilen tassyklanan (11-nji bap «Tebigaty we daşky |

| | | |
|---|---|---|
| | | gurşawy goramak babatda administratiw kanuny bozmalar» (98-162-nji maddalar). |
| 19. | ***Ýangyn howpsuzlygy babatda*** | • Türkmenistanyň «Ýangyn howpsuzlygy hakynda» kanuny (10.10.2004 ý.)<br>*(Tokaýlarda, daglarda, sähra we öri meýdan zolaklarynda ýangyny söndürmek Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrliginiň degişli gullugynyň gatnaşmagynda ýerli ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýangyn howpsuzlygyny güýçlendirmek boýunça ýangyna garşy we tebigaty goramak çärelerini geçirmek baradaky topary tarapyndan ýerine ýetirilýär (6-njy madda, 8 b; 23-nji madda, 5 b)* |

### 3.1.2. Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komitetiniň gurluşy

Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komiteti öz üstüne ýüklenen meseleleriň we wezipeleriň toplumyndan ugur alyp, tebigaty goramak işleri ýerine ýetirmekde guramaçylykly usullara daýanýar.

Şol sebäpli onuň üstüne ýüklenen wezipeleri ýerine ýetirmek işi onuň merkezi diwanynyň we garamagyndaky guramalaryň, edaralaryň we kärhanalaryň kömegi bilen amala aşyrylýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2016-njy ýylyň 8-nji ýanwaryndaky karary bilen Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komitetiniň merkezi diwanynyň gurluşy we onuň garamagyndaky guramalaryň, edaralaryň we kärhanalaryň sanawy tassyklandy, sanaw 2-nji tablisada berilýär.

*Tablisa 2*

## TÜRKMENISTANYŇ DAŞKY GURŞAWY GORAMAK WE ÝER SERIŞDELERI BARADAKY DÖWLET KOMITETINIŇ MERKEZI DIWANYNYŇ GURLUŞY



*Tablisa 3*

# TÜRKMENISTANYŇ DAŞKY GURŞAWY GORAMAK WE ÝER SERIŞDELERI BARADAKY DÖWLET KOMITETINIŇ EDARALARY



Her bir düzüm bölümi Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komitetiniň tebigaty goramak işlerinden gelip çykýan anyk wezipeleri ýerine ýetirýär. Dolandyryş edarasynyň gurluşy onuň wezipelerini ýerine ýetirmekligi üpjün edýän guramaçylyk mehanizmidir. Onuň gurluş bölümleriniň düzümi birmeňzeş däldir, olaryň özleri hem deň ähmiýetli däldir. Olaryň her biriniň öz ady bardyr, olar hil taýdan kesgitlenendir.

***Daşky gurşawy goramak müdirligi*** ýuridik we fiziki şahslar tarapyndan Türkmenistanyň tebigaty goramak kanunçylygyny berjaý etmeklerine döwlet gözegçiligini alyp barýar. Şeýle hem, atmosfera howasynyň hapalanmagynyň, topragyň önümliliginiň peselmeginiň öňüni almaklyga, ýerleri, ýerüsti we ýerasty suwlary (gidrotermal suwlardan başga) goramaklyga we peýdalanmaklyga, önümçilik (senagat) galyndylarynyň dolanyşygyna ýagdaýyna gözegçilik geçirýär. Müdirlik daşky gurşawyň we tebigy serişdeleriň ýagdaýyna döwlet gözegçiligini alyp barmagyň tertibini kesgitleýär we ony ýerine ýetirmegi gurnaýar, bu işleri utgaşdyrýar, taslama we taslamadan öňki resminamalara, kärhanalary, senagat we beýleki obýektleri gurmak we durkuny täzelemek baradaky naslamalara döwlet ekologiýa seljermesini geçirýär.

Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komitetiniň merkezi diwanynyň ***Ösümlik we haýwanat dünýäsini goramak müdirligi*** ekoulgamlary, ösümlik (şol sanda tokaýlary) we haýwanat (şol sanda balyk baýlyklaryny) dünýäsini, deňiz gurşawyny (şol sanda suwda ýaşaýan süýdemdirijileri we oňurgasyz haýwanlary) we Türkmenistanyň çäklerindäki suwlaryň tebigy serişdelerini goramagyň döwlet gözegçiligi wezipesini, özboluşly gaýtalanmajak toplumlary we tebigy ýadygärlikleri, haýwanlaryň we ösümlikleriň seýrek we ýitip barýan görnüşlerini hem-de olaryň genofondyny aýap saklamagy üpjün edýän çäreleri işläp taýýarlaýar we ýerine ýetirýär. Müdirlik goraghanalaryň we beýleki aýratyn goralýan ýerleriň işlerine, aýratyn goralýan tebigy ýerlerde hereket edýän kadalaryň berjaý

edilmegine, döwlet tebigy goraghanalarda alnyp barylýan ylmy-barlag işleri utgaşdyrmaklyga jogapkärçilik çekýär.

***Halkara gatnaşyklar we taslamalary dolandyrmak müdirligi*** daşky gurşawy goramak babatda halkara taslamalaryň ýerine ýetirilmegini gurnamak boýunça işleri utgaşdyrýar.

***Ýer serişdeleri müdirligi*** ýer serişdelerinden rejeli we netijeli peýdalanylmagyna we goralmagyna döwlet gözegçiligini amala aşyrýar; döwlet ýer kadastryny alyp barýar we ýerleriň monitoringini geçirýär; döwlet ýer gurluşygy boýunça, şeýle hem, topografiýa-geodeziýa, toprak, geobotaniki, kartalaşdyrmak we beýleki barlag we gözegçilik işlerini geçirýär; ýerleriň hususy eýeçilige, peýdalanmaga we kärendesine berilmegi hakynda materiallary resmileşdirýär.

***

***Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komitetiniň garamagyndaky kärhanalar, edaralar we guramalar***

***Welaýat daşky gurşawy goramak müdirlikleri*** degişli welaýatyň çäklerinde tebigaty goramak işlerine gözegçilik we toplumlaýyn dolandyrmak işlerini ýerine ýetirýär, birleşikleriň, kärhanalaryň we edaralaryň pudaklaýyn tabynlygyna we eýeçiliginiň görnüşine garamazdan bu meseleler boýunça olaryň işlerini utgaşdyrýarlar. Welaýatyň çäklerinde özboluşly gaýtalanmajak toplumlary we tebigy ýadygärlikleri, haýwanlaryň we ösümlikleriň seýrek we ýitip barýan görnüşlerini hem-de olaryň genofondyny aýap saklamagy üpjün edýän çäreleri işläp taýýarlaýarlar we ýerine ýetirýärler.

Şeýle hem, daşky gurşawy goramak müdirlikleriniň esasy wezipeleriniň sanawyna ekoulgamlaryň goragyna, topraklaryň önümliliginiň azalmagynyň öňüni almaklyga, ýerleriň, ýerüsti we ýerasty suwlaryň, atmosfera howasynyň, ösümlik (şol sanda tokaýlaryň) we haýwanat dünýäsiniň peýdalanylmagyna we goragyna gözegçilik etmek degişlidir.

***Ekologiýa gözegçiligi gullugy daşky*** gurşawy goramak baradaky kanunçylygyň berjaý edilişine, şol sanda atmosfera howasynyň we ýerüsti suwlaryň hapalanmagynyň öňüni almaklyga, ýer serişdeleriniň rejeli peýdalanmagyna we goralmagyna, bozulan ekoulgamlaryň dikeldilmegine yzygiderli gözegçilik edýär. Şeýle hem, önümçilik (senagat) galyndylarynyň aýlanyşygyna, hojalyk işleriniň ekologiýa taýdan kadalaşdyrylmagyna hem-de uzakmöhletleýin çaklama ulgamynyň döredilmegine we tebigy gurşawyň ýagdaýyny ylmy esasda dolandyrmaga gözegçilik etmek onuň üstüne ýüklenendir.

***«Hazarekogözegçilik» gullugy*** kärhanalar, gämiler we beýleki suwda ýüzýän serişdeler, hazaryň akwatoriýasynda ýerleşýän desgalar, şeýle hem ýuridik we fiziki şahslar tarapyndan Türkmenistanyň tebigaty goramak kanunçylygy we halkara ylalaşyklar esasynda kesgitlenen deňizden peýdalanmagyň gorag tertibini berjaý edişlerine döwlet gözegçiligini ýerine ýetriýär; Türkmenistanyň tebigaty goramak kanunçylygynyň bozulmalaryny, deňiz gurşawynyň, kenaryň 2 kilometrlik zolagynyň, atmosfera howasynyň hapalanmagynyň çeşmelerini we sebäplerini ýüze çykarýar, olara ýol bermezlik çäreleri görýär, şeýle hem howanyň, deňize akdyrylýan hapa suwlaryň düzümini seljermek işlerini geçirýär. Gullugyň wajyp wezipelerine senagat kärhanalarynda, deňiz gämilerinde beýleki suwda ýüzýän serişdelerde we deňizdäki desgalarda suw arassalaýjy desgalaryň, howany arassalaýjy enjamlaryň ýagdaýyna we işiniň netijeliligine, kärhanalaryň suwdan peýdalanmagyň ýörite şertlerini, hapa suwlary deňize akdyrmagyň, Hazar deňziniň hapalanan akwatoriýasyny we kenarýakasyny arassalamagyň, heläkçilik sebäpli nebitiň we daşky gurşawa zyýanly beýleki maddalaryň dökülmeginiň netijelerini ýok etmegiň bellenen tertibini we şertlerini berjaý etmeklerine, şeýle hem zyýanly maddalary dökmek, çäklendirmek we gaýtadan peýdalanmak üçin niýetlenen enjamlaryň ýagdaýyna, Hazar deňziniň kenarýaka akwatoriýasynda deňziň düýbüni çuňlaşdyrma işleriniň geçirilmegine gözegçilik edýär.

***Döwlet tebigy goraghanalar aýratyn goralýan tebigy ýerleriň*** bir görnüşi bolup, olar edara görnüşli tarap hukukly tebigaty goraýyş döwlet edarasydyr. Häzirki wagtda Türkmenistanda 9 sany döwlet tebigy goraghanalary bardyr (“Bereketli Garagum”, Köpetdag, Sünt-Hasardag, Hazar, Gaplaňgyr, Amyderýa, Repetek, Köýtendag we Bathyz).

Döwlet tebigy goraghanalarynyň üstüne aşakdaky meseleler we wezipeler ýüklenýär:

- döwlet tebigy goraghanasynyň tutuş tebigy toplumyny tebigy ýagdaýda saklamak arkaly biologik dürlüligi goramagyň we aýap saklamagyň kadasyny üpjün etmek;
- Tebigat ýazgysyny ýöretmek;
- ylmy barlaglary geçirmek, tebigy baýlyklary goramaklygy we rejeli peýdalanmaklygy kämilleşdirmek boýunça ylmy taýdan esaslandyrylan teklipnamalary taýýarlamak;
- döwlet tebigy goraghanasynyň ekoulgamlaryna zyýanly täsir edip biljek taslamalaryň hem-de hojalyk we beýleki desgalary ýerleşdirmegiň çyzgylaryna döwlet ekologiýa sekjermesini geçirmeklige gatnaşmak;
- tebigaty goramak we goraghana işi babatda ylmy işgärleri we hünärmenleri taýýarlamaklyga ýardam bermek;
- ekologiýa taýdan aň-bilim bermek işlerini alyp barmak.

Türkmenistanyň «Aýratyn goralýan tebigy ýerler hakynda» kanunyna laýyklykda aýratyn goralýan tebigy ýerleriň sanawyna döwlet tebigy goraghanalaryndan başga döwlet biosfera goraghanalary, milli tebigy seýilgähler, döwlet çäkli goraghanalar, döwlet tebigy ýadygärlikler, sagaldyş ähmiýetli tebigy ýerler, döwlet botanika baglary we döwlet haýwanat baglary degişlidir.

Türkmenistanda döwlet tebigy goraghanalardan başga 16 sany döwlet çäkli goraghanalar we 2 sany döwlet tebigy ýadygärlikler bardyr, emma olar özbaşdak tebigaty goramak edaralary däldir we ol ýa-da beýleki döwlet tebigy goraghananyň jogapkärçiliginde ýerleşýärler.

***Welaýat we Aşgabat ş. ýer serişdeleri müdirlikleri*** ýerlerde ýer eýeleriniň we ýerden peýdalanýanlaryň işleri bilen bagly

meselelere garaýarlar, ýerleriň peýdalanyşyna we goralyşyna, ýerlere gözegçilik edilişine (monitoring) döwlet gözegçiligini alyp barýarlar, ýer eýeçiliginiň we ýerden peýdalanmagyň ähli görnüşleri, şol sanda ilatly nokatlaryň we şäherleriň ýerleri boýunça döwlet ýer kadastryny geçirmegi gurnaýarlar. Olaryň iş çygryna döwlet ýer gurluşygy, şeýle hem topografiýa-geodeziýa, toprak, geobotaniki, kartalaşdyrmak we beýleki gözegçilik işlerini alyp barmak hem degişlidir.

***Etraplarda we şäherlerde ýer serişdeleri müdirlikleriniň bölümleri bar.***

***«Türkmenýertaslama» döwlet taslama instituty*** hojalyk içinde we hojalyk arasynda ýer gurluşygyny, ýer gurluşygyny we ýer kadastryny geçirmekligi, ýer serişdelerini peýdalanmak we goramak boýunça sebitleýin we döwlet maksatnamalaryny taýýarlamak, ýer serişdelerini peýdalanmagyň we goramagyň, eroziýa garşy çäreleriň, gorag tokaý zolaklaryny döretmegiň, öri meýdanlaryny gowulandyrmagyň we peýdalanmagyň, ilatly nokatlaryň, hojalyklaryň we kärendeçileriň ýerleriniň çäklerini kesgitlemegiň standartlaryny işläp düzýär. Şeýle hem, Institutyň wezipesine ýerleri, şol sanda öri meýdanlary, tükellemek, topografiýa-geodeziýa, kartalaşdyrmak, toprak, eroziýa garşy geobotaniki we beýleki barlag işlerini alyp barmak hem degişlidir.

***Çöller, ösümlik we haýwanat dünýäsi milli instituty*** daşky gurşawy goramak we tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmak babatda düýpli we amaly ylmy-barlag işleri alyp barýar; ylmy taslamalary ýerine ýetirýär, tokaýlary we öri meýdanlary dikeltmek, ösümlikleri we haýwanlary goramak, çölleşmä garşy göreşmek we daşky gurşawa gözegçilik etmek boýunça teklipleri işläp taýýarlaýar; ösümlikleriň we haýwanlaryň zyýankeşlerini we kesellerini ýüze çykarmak boýunça ylmy-barlaglary gurnaýar we ýerine ýetirýär, olary goramak boýunça häzirkizaman ylmy teklipleri taýýarlaýar; Gyzyl kitaby düzmek boýunça işleri gurnaýar we utgaşdyrýar.

***Tokaý hojalygy müdirligi*** tokaýlaryň daşky gurşawy goramak wezipesini aýap saklamak we olaryň önümliligini ýokarlandyrmak maksady bilen tokaýlary goramak we rejeli peýdalanmak, tokaý dikeltmek we gorag tokaýlaryny ösdürmek boýunça çäreleri amala aşyrýar. Müdirlik tokaý gaznasynyň ýerlerinde tokaýlaryň ýagdaýyna, peýdalanylyşyna, üznüksiz köpeldilişine, goralyp saklanmagyna; tokaý gaznasynyň ýerlerinden peýdalanylyşyna, şol sanda tokaýdan peýdalanmagyň ähli görnüşlerine, ideg etmek üçin çapmak, hoz-miwe önümlerini, derman we tehniki ösümlik çig mallaryny we beýleki tokaý önümlerini taýýarlamaklyga gözegçilik edýär.

Tokaý hojalygy müdirligi öz garamagyndaky edaralarda tokaýlary özbaşdak çapmakdan, ýangynlardan, zyýankeşlerden we kesellerden goramak; tokaý gurnaýyş, tokaý gaznasynyň hasabyny we tokaý kadastryny ýöretmek, tokaý gaznasynyň ýerlerinde tokaý dikeltmek, awtomobil we demir ýollarynyň ugrunda çägeleri berkitmek, gorag tokaý zolaklaryny döretmek; tokaý tohumçylygyny we nahalhana hojalygyny ýöretmek; tokaý gaznasynyň ýerlerinde ýangyna garşy arassaçylyk çärelerini geçirmek işlerini gurnaýar.

Tokaý hojalygy müdirliginiň garamagynda döwlet tokaý hojalygy edaralary (tokaý hojalyklary) bolup, olar tokaý gaznasynyň özlerine berkidilen meýdanlarynda tokaýlary dolandyrmagy göniden-göni alyp barýarlar. Olar tokaý gaznasyny goramak, aýap saklamak we peýdalanmak, üznüksiz tokaý dikeltmek we tokaý döretmek maksatnamalaryny işläp taýýarlamaklyga we ýerine ýetirmeklige gatnaşýarlar, tokaýlary goramak, aýap saklamak we üznüksiz tokaý dikeltmek we tokaý döretmek, hemişelik tokaý tohumçylyk meýdanlaryny tokaý tohumçylyk ekinlerini üpjün etmek, tokaý agaçlarynyň tohumlaryny ýygnamak, işlemek we saklamak boýunça çäreleri geçirýärler, tokaý baýlyklaryndan rejeli peýdalanmaklygy üpjün edýärler, tokaý gaznasynyň hasabyny, döwlet tokaý gözegçiligini ýöretmeklige ýardam edýärler, döwlet tokaý kadastryny ýöretmek boýunça işlere gatnaşýarlar, ýuridik we fiziki şahslara nahal ýetişdirmek we tokaý agaçlarynyň tohumlaryny taýýarlamak, gök zolaklary, gorag we beýleki tokaý zolaklary

döretmek boýunça tölegli hyzmatlary edýärler, agaç taýýarlamak maksady bilen çapmak, agaçlaryň ösmegine päsgel berýän aralykdaky gowşak ösýän agaçlary çapmak, tokaýa ideg üçin we sanitariýa taýdan çapmak, tokaýdan esasy däl görnüşde peýdalanyp, ýygnanan önümleri, şol sanda çapylmaga degişli tokaý gorundan alnan agaç önümlerini satmak işleri ýerine ýetirýärler.

Tokaý hojalyklarynyň esasy gurluş bölümleri tokaýçylyklar bolup, olar tokaý hojalyk meýdanlaryna we aýlanma meýdanlaryna bölünýärler. Tokaý hojalyklarynyň düzümine tokaý nahalhanalary, hyzmat ediş bölümleri, kömekçi önümçilik bölümleri, kömekçi oba hojalyk bölümleri girýärler.

***Tokaý tohumçylyk we tebigy seýilgähleri gorag gullugy*** tokaý hojalygynyň tokaý tohumçylygyny ýöretmek we tebigy seýilgähleri goramak babatda ýörite ygtyýarlandyrylan döwlet dolandyryş edarasydyr.

Gullugyň esasy wezipesi tokaý tohumçylygy, tokaý baýlyklaryny goramak we rejeli peýdalanmak, tebigy seýilgahleri goramak, tokaýlaryň dşky gurşawy goramak wezipesini saklamak maksady bilen tokaý dikeltmek we olaryň önümliligini ýokarlandyrmak boýunça işleri gurnamakdyr.

Gulluk öz esasy wezipesine laýyklykda aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýär:

- tokaý hojalygyna we beýleki kärhanalara, edaralara tokaý agaçlarynyň tohumçylygyny we tokaý-tohumçylyk işini alyp barmaga kömek edýär;
- tokaý agaçlarynyň ekilýän tohumlarynyň we nahallarynyň hil sertifikatyny ýa-da tohumlaryň ýagdaýy baradaky şahadatnama bermek arkaly olaryň hiline gözegçilik edýär;
- halkara kadalaryny hasaba almak bilen tokaý agaçlarynyň tohumlarynyň we nahallarynyň hili boýunça döwlet standartlaryny we kadalaşdyryjy-tehniki resminamalary taýýarlaýar;
- tokaý agaçlarynyň tohumlaryna gözegçilik etmek, olary ýyganamyň usullary, gaýtadan işlemek, arassalamak

boýunça gurallara we enjamlara bildirilýän agrotehnikanyň talaplaryny işläp taýýarlamaklyga gatnaşýar;

- sagdyn agaçlary, tokaý zolaklaryny, hemişelik tokaý-tohumçylyk meýdanlaryny saýlamak we yzyna gaýtarmak işlerine gatnaşýar;
- sagdyn agaçlaryň we tokaýlaryň genetik gorlarynyň saklanýan ýerleriniň, hemişelik tokaý-tohumçylyk meýdanlarynyň döwlet reýestrini (ýazgysyny) ýöredýär;
- kärhanalaryň we edaralaryň talaplary boýunça tokaý agaçlarynyň tohumlarynyň arbitraž we barlag seljermesini geçirýär;
- tokaý agaçlarynyň tohumlarynyň nusgalaryny, saýlama tohumlary ýygnamak we saklamak, olardan öňdebaryjy tehnologiýalar boýunça agaç nahallaryny ýetişduirýär;
- tokaýlaryň haýwanat dünýäsini goraýar, şeýle hem tokaýlarda aw awlamagyň düzgünleriniň berjaý edilişine gözegçiligi amala aşyrýar;
- ýangyn howpsuzlygynyň düzgünleriniň bozulmagynyň öňüni almak, tokaý ýangynlaryny ýüze çykarmak we öz wagtynda söndürmek, tokaýlary zyýankeşlerden we kesellerden goramak boýunça ýangyna garşy we arassaçylyk çäreleriniň geçirilmegini üpjün edýär.

Gullugyň esasy gurluş bölümleri tokaý-tohumçylyk barlaghanasy we önümçilik meýdançalarydyr.

## 3.2. Daşky gurşawy goramak babatda Türkmenistanyň beýleki döwlet dolandyryş edaralary

Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komitetinden başga käbir tebigaty goramak wezipeleri beýleki döwlet dolandyryş edaralarynyň hem üstüne ýüklenendir. Adatça olar daşky gurşawa täsir etmek bilen baglanyşykly, käbir tebigy obýektlere ýa-da işiň görnüşlerine degişli ekologik wezipeleri ýerine ýetirýän pudagara ygtyýarly edaralardyr. Olaryň sanawyna aşakdaky döwlet dolandyryş edaralary goşmak bolar:

- Türkmenistanyň Oba we suw hojalygy ministrligi;
- Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi;
- Türkmenistanyň Jemagat hojalygy ministrligi;
- «Türkmengeologiýa» döwlet korporasiýasy;
- Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Gidrometeorologiýa boýunça milli komiteti;
- Türkmenistanyň Döwlet balyk hojalygy komiteti;
- «Türkmenstandartlary» Baş döwlet gullugy.

***Türkmenistanyň Oba we suw hojalygy ministrligi*** Türkmenistanyň Prezidentiniň 2016-njy ýylyň 6-njy ýanwaryndaky kararyna laýyklykda Türkmenistanyň Oba hojalygy ministri bilen Suw hojalygy ministrlikleriniň birikdirilmegi esasynda döredildi.

Türkmenistanyň Oba we suw hojalygy ministrligi suw serişdelerini goramagy we peýdalanmagy düzgünleşdirmek boýunça döwlet dolandyryş edarasydyr. Onuň ygtyýarlyklarynyň çygryna suw serişdelerini goramagyň we peýdalanmagyň toplumlaýyn beýanyny taýýarlamak we tassyklamak; suw serişdeleriniň goralyşyna we peýdalanylyşyna döwlet gözegçiligini ýerine ýetirmek; suwuň monitoringini gurnamak; suw kadastryny we suw hojalygynyň balansyny alyp barmak; suwuň döwlet hasabyny we peýdalanyşyny alyp barmak; suwuň gözegçiligini we hasabyny metrologik üpjün etmek; suwy goramak we peýdalanmak bilen bagly taslama, gözleg, ylmy-barlag işleri ýerine ýetirmek; suwarymly ýerleri gowulandyrmak boýunça toplumlaýyn çärelerini taýýarlamak; gurluşlary we desgalary gurmak we durkuny täzelemek taslamalarynyň döwlet ekologiýa seljermesini geçirmek; suwdan ýörite peýdalanmaklygy ylalaşmak we ygtyýarlyk bermek.

Mundan başga-da Türkmenistanyň Oba we suw hojalygy ministrliginiň üstüne ykdysadyýetiň ähli pudaklaryny we ýurduň ilatyny suwaryş suwy bilen üpjün etmek, suw hojalygyny ösdürmek; suw serişdelerini dolandyrmak, meýilnamalaşdyrmak, paýlamak we hasabyny ýöretmek; suw serişdelerinden rejeli peýdalanylyşyna gözegçilik etmek; suwdan peýdalanyjylara suwdan peýdalanmaklyga

çäklendirmeleri bellemek we olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek; suw hojalyk ulgamlaryndan peýdalanmaklygy kämilleşdirmek boýunça çäreleri taýýarlamak; daşky gurşawy goramak, silleriň, suw basmalaryň we kenarlaryň, gorag bentleriniň we beýleki desgalaryň bozulmagynyň öňüni almak we ýok etmek boýunça çäreleri taýýarlamak we ýerine ýetirmek wezipeleri hem ýüklenendir.

***Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi*** ýokanç, parazitar keselleriň öňüni almak we ýok etmek boýunça arassaçylyk (sanitariýa-gigiýena) we keselleriň epidemiýasyna garşy çäreleri geçirýär; Türkmenistanyň çäklerini ýokanç, karantin edilen keselleriň getirilmeginden we ýaýradylmagyndan, adamyň saglygyna howply iýmit önümleriniň we ulanylýan zatlaryň getilmeginden sanitariýa taýdan goramak, adamyň saglygy üçin howply bolmagy mümkin bolan önümleri gigiýena taýdan sertifikasiýalaşdyrmak boýunça çäreleri taýýarlaýar we geçirýär; döwlet sanitariýa-epidemiologiki gözegçiligi alyp barýar.

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi atmosfera howasyny goramak babatda ýeke-täk döwlet syýasatyny amala aşyrmaklyga, şeýle hem, atmosfera howasyny goramak babatda döwlet maksatnamasyny taýýarlamaklyga gatnaşýar. Onuň ygtyýarlyklaryna atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňylmagynyň ýol berilýän çäkli kadalaryny ylalaşmak, atmosfera howasynda hapalaýjy maddalaryň ýol berilýän çäkli möçberiniň kadalaryny hem-de ilatly nokatlaryň we köpçülikleýin dynç alyş ýerleriň atmosfera howasynda hapalaýjy maddalaryň täsiriniň çen edilýän howpsuz derejesini tassyklamak, atmosfera howasyna zyňylýan hapalaýjy maddalaryň howplulyk toparyny (klasyny) we hapalaýjy maddalary belli bir howplulyk toparyna goşmagyň tertibini kesgitlemek girýär.

Ministrlik lukmançylyk galyndylarynyň ulanyşy babatda degişli wezipeleri ýerine ýetirýär. Bu ugurda ministrlik galyndylar bilen iş geçirilende sanitariýanyň kadalarynyň we düzgünleriniň berjaý edilişine döwlet sanitariýa-epidemiologik gözegçiligi alyp

barýar, ilatyň saglygyny galyndylaryň zyýanly täsirinden goramak boýunça çäreleri kesgitleýär; galyndylar bilen işlemek obýektleri barada sanitariýa-gigiýena netijenamany berýär; galyndylardan öndürilýän önümler bilen baglanyşykly sanitariýa-gigiýena kadalaryny kesgitleýär; galyndylaryň ilatyň saglygy üçin howplulyk derejesi kesgitlenende usulyýet üpjünçiligini amala aşyrýar, şeýle hem, lukmançylyk galyndylarynyň ulanyşygynyň tertibini düzýär.

Ministrligiň ilatyň sanitariýa-epidemiologik taýdan abadançylygy we döwlet sanitariýa-epidemiologik gözegçiligi alyp barmak wezipelerini onuň düzüminde bolan ***Döwlet sanitariýa-epidemiologiýa gullugy*** ýerine ýetirýär.

Döwlet sanitariýa-epidemiologiýa gullugy we onuň edaralary:

- Türkmenistanyň sanitariýa kanunçylygynyň berjaý edilişine, sanitariýa-gigiýenik, sanitariýa-epidemiologik we radiasiýa garşy çäreleriň ýerine ýetirilişine döwlet sanitariýa gözegçiligini we barlagy alyp barýärlar;
- ilatyň sanitariýa-epidemiologiýa abadançylygyny üpjün etmek meselelerini ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň garamagyna hödürleýärler;
- pudaklaýyn sanitariýa-epidemiologiýa gulluklarynyň işini utgaşdyrýarlar;
- ilatyň sanitariýa-epidemiologiýa abadançylygyny üpjün etmek boýunça beýleki döwlet gözegçilik edaralary bilen özara ylalaşykly hereket edýärler;
- durmuş-gigiýena monitoringini geçirýärler;
- ýokanç we parazitar keselleriň öňüni almak we ýok etmek boýunça çäreleriň geçirilmegini gurnaýarlar;
- iýmit önümleriniň, olar bilen gatnaşykda bolan serişdeleriň we önümleriň hiline we howpsuzlygyna döwlet gözegçiligini amala aşyrýarlar;
- önümleriň aýratyn görnüşlerini, iýmit önümlerini, olar bilen gatnaşykda bolan serişdeleri we önümleri sertifikasiýalaşdyrýarlar.

***Türkmenistanyň Jemagat hojalygy ministrligi*** hodjalyk galyndylarynyň dolanyş çygrynda döwlet maksatnamalaryny uşläp taýýaraýar we tassyklamak üçin Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine hödürleýär; hodjalyk galyndylaryny ýygnamak, daşamak, gaýtadan işlemek we gaýtadan ulanmak işlerini gurnaýar; hodjalyk galyndylaryny ýygnamak, daşamak, gaýtadan işlemek we gaýtadan ulanmak işlerine döwlet gözegçiligini alyp barýar; hodjalyk galyndylarynyň döwlet hasabatyny ýöredýär; ilatly nokatlarda hodjalyk galyndylaryny arassalamaga we ýygnamaga rugsatnama berýär.

***«Türkmengeologiýa» döwlet korporasiýasy*** Türkmenistanyň tutuş çäklerinde ýerasty baýlyklary geologiýa taýdan öwrenmek boýunça rejeli, ylmy taýdan esaslandyrylan işleri, täze nebit, gaz we gidromineral serişdeleriň känlerini ýüze çykarmak we gözleg etmek, senagat ätiýaçlyklaryny taýýarlamak, şeýle hem ministrlikleriň, pudak edaralarynyň, kärhanalaryň we edaralaryň ýüz tutmagy boýunça anyk geologiýa-gözleg işleri ýerine ýetirýär. Onuň esasy wezipelerine geologiýa-gözleg işleri babatda Türkmenistanyň kanunçylyk namalarynyň berjaý edilişine gözegçilik etmek; ýerasty baýlyklary geologiýa taýdan öwrenmek boýunça işleriň döwlet hasabyny we döwlet reýestrini ýöretmegiň tertibini kesgitlemek; geologiýa-gözleg işleri babatda ylmy-barlag işleri geçirmek, täze usulýýetleri, öňdebaryjy tehnologiýalary ornaşdyrmaklygy üpjün etmek; suw gorag zolaklarynyň çäklerinde ýerasty suwlaryň emele gelýän ýerleriniň hapalanmak derejesini öwrenmekligi we gözegçiligi, goragyň we hojalyk işlerini geçirmegiň kadalarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek; ýerasty suwlaryň döwlet hasabyny, döwlet suw kadastryny we suw obýektleriniň döwlet gözegçiligini ýöretmekligi alyp barmak wezipeleri degişlidir.

***Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Gidrometeorologiýa boýunça milli komiteti*** gidrometeorologiýa

babatda döwlet syýasatyny amala aşyrýan hem-de Türkmenistanyň halk hojalygynyň pudaklarynyň we ilatynyň gidrometeorologiýa şertleriniň hakyky we garaşylýan üýtgemeleri we olaryň netijeleri barada maglumatlara zerurlyklaryny kanagatlandyrýan döwlet dolandyryş edarasydyr.

